# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ TARYHYNYŇ ÇEŞMEŞYNASLYGY WE TARYHNAMASY

**Aşgabat – 2010**

**J. Annaorazow. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we taryhnamasy.** Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň taryhy kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **B. Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**©Jumadurdy Annaorazow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

Çeşmeşynaslykda we taryh ylmynda esasy mesele taryhy çeşme hakyndaky düşünjedir. Bu taryhy aň-düşünjäniň özboluşlylygy bilen düşündirilýär. Sebäbi öwrenilýän obýekt (taryhy waka) we öwrenýän subýektiň (taryhçy) arasynda taryhy çeşme durýar.

Şeýlelikde taryhy çeşme taryhy wakalaryň we taryhçynyň özara birleşmesidir. Her bir çeşme subektiwdir, sebäbi ol adam aňynyň, subýektiň önümi bolup durýar. Beýleki bir tarapdan taryhy çeşme obýektiwdir, sebäbi onuň özi taryhy hakykatyň bir bölegi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, çeşmäni döredijiler taryhy hakykaty obýektiw beýan etmäge ukyplydyrlar. Ýöne taryhy çeşme we taryhy hakykat - bularyň ikisi hem bir zat däldir. Şol sebäpli hem taryhy çeşmäni çeşmeşynaslyk taýdan öwrenmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Çeşmeşynaslyk taýdan öwrenmeklik köp zady öz içine alýar, teoretik usullary, metodiki çemeleşmeleri, metodologiki prinsipleri işläp düzmek we taryhy anliziň - derňewiň netijesinde çeşmelerden zerur maglumatlary almaly.

Taryhy çeşmeler-bu adamzat jemgyýetiniň ösüşini görkezýän we oňa akyl ýetirmäge mümkinçilik berýän ähli zatlardyr, ýagny adam zähmetiniň netijesinde döredilen we jemgyýetiň köptaraply durmuşy hakynda maglumat berýän ähli zatlardyr. Çeşmeleriň döremekligiň kanunalaýyklygy we olarda taryhy prossiň şöhlenilişi çeşmeşynaslygyň predmetidir. Şeýlelikde çeşmeşynaslyk taryhy çeşmeler hakyndaky ylymdyr.

Çeşmeşynaslygyň wezipesi onuň teoretika-metodologiki prinsiplerine daýanmak bilen çeşmeleriň taryha hakykata näderejede gabat gelýändigini öwrenmekden, şeýle hem çeşmelerdäki maglumatlary ýüze çykarmagyň metodlaryny işläp düzmekden we olary derňemekden ybaratdyr.

Awtorlar köpçüligi çeşmeleriň ýedi görnüşini agzaýarlar.

1. ýazuw
2. maddy önümler
3. etnologiýa-milli medeniýet bilen baglanşykly önümler

4. dilden-dile geçip gelýän wakalar
5. lingwistik
6. fotokino
7. fonoýazgylar

Ýöne biz dersiň dowamynda diňe ýazuw çeşmelerini öwrenýäris. Ýazuw çeşmeleri hem birnäçe toparlara-görnüşlere bölünýärler.

1. Ýyl ýazgylary (hronikalar)
2. Kanunçylyk aktlary
3. Iş dolandyryş kagyzlary
4. Hususy aktlar
5. Statistik çeşmeler
6. Döwürleýin metbugat
7. Memuarlar, gündelikler, hatlar
8. Edebi ýadygärlikler
9. Publisistika we syýasy eserler
10. Ylmy işler

Çeşmeşynaslygyň iki sany prinsipi bardyr. Obýektiwlik prinsipi her bir çeşmäni öwrenmekligiň gözbaşynda durmalydyr. Ýagny çeşmäniň mazmuny obýektiw wakalary beeýan etmelidir.

Taryhylyk prinsipi her bir çeşmä bütewi we çuňňur çemeleşmegi talap edýär. Kähalatlarda taryhylyk diýip çeşmäniň döremegine getiren wakalary öwrenmeklige syrykdyrylýar.

## Hyataỳyň taryhy boỳunça çeşmeler

Hytaýda gadymy döwürlerden başlap ýurduň taryhyny ýazmak däbe öwrülipdir. Ösen medenýetli we sowatly hytaýlylar öz ýurtlarynyň taryhyndan başga-da, Hytaýyň çar tarapynda oturan goňşy halklaryň taryhyny hem başardyklaryndan ýazmaga çalşypdyrlar. Hytaýlylarda taryh «Şu» diýlip atlandyrylyp, ol «Nesilşalyklaryň taryhy» («Goşu») görnüşinde ýazylypdyr. Sebäbi müňýyllyklaryň dowamynda Hytaýyň ýerinde ençeme döwletler we olary dolandyran nesilşalyklar (dinastiýalar) bolupdyr. Däplere wepaly hytaýlylar şol döwletleri dolandyran

nesilşalyklaryň tas hemmesiniň diýen ýaly taryhyny ýazypdyrlar. Üstesine-de, Hytaýda taryhyň belli bir döwrüniň wakalaryny beýan edän ýyl ýazgylarynyň («Ganmu») hem ençemesi ýazylypdyr.

«Nesilşalyklaryň taryhynda» hytaýly awtorlar diňe bir öz ýurtlary hakynda däl, eýsem Hytaý bilen goňşuçylykda ýaşaýan halklaryň taryhyny hem ýazypdyrlar. Sebäbi hytaýlylaryň nädogry düşünjeleri boýunça Hytaý dünýäniň merkezi bolup, goňşyçylykda ýaşaýan ähli halklary özleriniň ýapjalary ýa-da raýatlary hasap edipdirler. Şol sebäpden hem hytaýlylar özleriniň «keseki raýatlary» hakynda ýazmaklygy «agalyk» borçlary hasaplapdyrlar. Adatça, şol halklar baradaky maglumatlar «Nesilşalyklaryň taryhynyň» ýörite baplarynda ýerleşdirilipdir.

Gadymy ata-babalarymyz hakynda gürrüň berýän iň irki hytaý ýazuw ýadygärligi bu «Taryh kitaby» («Şan-şu») eseridir. Bu eser b.e.ö. VI asyrda ýazylypdyr diýlip hasap edilýär. «Taryh kitabynda» şindi Ýao we Şan döwründe (b.e.ö III müň ýyllyk ) hytaý bilen goňşyçylykda Man, I, Di, Žun, diýlip atlandyrylan halkylarynyň ýaşandygy bellenilýär. Hytaý ýazuw çeşmeleri türki dilde gepleýän halklaryň öz köklerini «Di» diýlip atlandyrylan halkdan alyp gaýdýandyklaryny belleýär.

Han nesilşalygynyň agalyk eden asyrlarynda (b.e.ö. III – b.e. III asyrlar). Hytaý diňe bir öz goňşulary bilen däl, eýsem uzakdaky ülkeler bilen hem gyzgalaňly gatnaşyklara girip ugraýar. Biziň gadymy ata-babalarymyzyň döreden Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti bilen alnyp barylýan uruşlar döwründe hytaý patyşasy köşk adamlarynyň birini – Çžan Sýany Horezme ilçi edip iberýär. Çžan Sýanyň maksady Horezmi hunlara garşy uruşda Hytaýyň tarapyna çekmek bolupdyr. Çžan Sýan b.e.ö. 140-126-njy ýyllar aralygynda Horezmde bolmak bilen Merkezi Aziýanyň halklary barada gummatly maglumatlary galdyrypdyr. Eýäm bellenilip geçilişi ýaly, Hytaýda asyrlaryň dowamynda han nesilşalygynyň döwründen başlap her nesilşalygyň dolandyran ýyllary hakynda taryhy eserler ýazylypdyr. Häzirki döwürde HHR-de 26 sany nesilşalygyň

taryhy saklanylýar. Şol nesilşalyk taryhlarynyň aglaba köpüsinde biziň ata-babalarymyzyň taryhy hakynda möhüm maglumatlar berilýär.

Hytaýyň «nesilşalyk taryhlarynyň» sanawynda meşhur taryhçy Syma Sýanyň (b.e.ö. 145-90) «Taryhy ýazgylar» ( «Şi-szy») eseri birinji orunda durýar. «Taryhy ýazgylaryň» 110-njy baby («Szýuany») dolylygyna biziň gadymy ata-babalarymyz bolan hunlaryň taryhyna bagyşlanýar. «Taryhy ýazgylaryň» gymmatly tarapy ol türkmeniň 5 müň ýyllyk taryhynyň bardygyny tassyk edýän birinji ýazuw çeşmesidir. Merkezi Aziýanyň halklary hakyndaky hytaý çeşmelerini rus diline terjime eden N.Ý. Biçurin bu barada «Hunlar Sýan Çžonyň ýazmagyna görä, patyşa Ýaonyň döwründe (b.e.ö. III müň ýyllyk) «Hunýuý», Çžou nesilşalygynyň döwründe «Hýan-ýun», Sin nesilşalygy döwründe bolsa «Hynnu» diýlip atlandyrylypdyr» diýip ýazmak bilen türkmeniň bäş müň ýyllyk taryhynyň bolandygyny subut edýär. «Taryhy ýazgylarda» Syma Sýan Oguz türkmenleriň Beýik Hun döwletini dolandyran sekiz sany hanyň döwrüniň taryhyny beýan edýär. Awtor hunlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ussatlyk bilen beýän etmegi başardypdyr. Ol ýazypdyr: «Hunlar otuň-suwuň ýagdaýyna görä, mallary bilen göçüp-gonup ýorler, olar gapysy gündogara tarap bakdyrylan tegelek gara, ak öýlerde ýaşaýarlar. Iýmitleri et, içgileri gymyz, egin-eşiklerini dürli reňkli ýüň matadan edýärler. Kim batyr, güýçli we jedelli meseleleri çözmäge ukyply bilsa, ony özlerine han saýlaýarlar» diýip belläpdir. Syma Sýan öz eserinde hunlaryň iň gowy tohum atlary köpeldýändiklerini bellemek bilen «Ýaý atyp bilýanleriň hemmesi atly goşunda gulluk edýärler. Parahatçylyk döwürde olar adatça awçylyk edip, mal yzynda gezýärler, zerur wagty bolsa çozuşlary geçirmek üçin türgenleşýärler. Olaryň dogabitdi häsiýetleri şeýledir. Olaryň uzyn ýaraglary gylyç bilen demir saply naýza, kelte ýaraglary bolsa ok-ýaý. Iş şowuna bolanda öňe okdurulýarlar, şöwsuzlyk bolsa haýal etmän yza çekilärler. Gaçmagy özlerine utanç hasap etmeýärler («Göroglynyň»gaçyşym bar – kowuşyma berimsiz» söweş tilsimi

öz gözbaşyny şol döwürlerden alyp gaýdýan bolmaly)» - diýip hunlaryň örän söweşjeň halk bolandygyny ýazypdyr.

Biziň gadymy ata-babalarymyzyň taryhy barada gymmatly maglumat berýän eserleriň biri-de, belli taryhçy Ban Gu (32-92) tarapyndan ýazylan «Irki han nesilşalygynyň taryhy» («Sýan Han-şu») kitabydyr. Ban Gu öz kitabynda Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletini dolandyran 17 sany hanyň döwrüniň wakalaryny beýan edipdir. Hunlar hakyndaky maglumatlar Ban Gunyň kitabynyň 94 a we 94 b baplarynda beýan edilýär. Bu kitapda aýratyn hem Hun döwletiniň gowşak döwürleri has gowy beýan edilipdir. Şonda Ban Gu Hytaý tarapynyň ýapjalygy kabul etmek baradaky teklibine hanlaryň garaýşyny şeýle beýan edýär: «Bu mümkin däl»- diýip ýaşulylar aýtdylar. -At üstünde oturup söweşmek biziň artykmaçlygymyzdyr. Hut şonuň üçin hem ähli halklar bizden çekinýärler. Bizde entek edermen ýigitler gutaranok. Emma indi iki süýtdeş dogan tagt üstünde dawa edýärler. Bu gün bolmasa ertir tagty ýa kiçisi alar ýa-da bolmasa ulysy alar. Şu ýagdaýda öleniňem gowudyr. Biziň nesillerimiz hemişe-de halklaryň üstünden agalyk edip gezerler. Hytaý näçe güýçli bolaýsyn, ol biziň ähli ýerlerimizi eýeläp bilmez. Han nesilşalygynyň ýapjasy bolmaklyk – dünýäden öten hanlarymyzyň abraýyny dökmeklikdir, goňşy halklara bolsa üstümizden güldürmekdir».

Hunlar hakynda möhüm maglumatlary özünde jemleýän eserleriň biri-de, Fan Ýeniň (398-445) «Giçki han nesilşalygynyň taryhy» («Hou Han-şu») kitabydyr. Ata-babalarymyz hakyndaky maglumatlar eseriň 119-njy babynda ýerleşdirilip, onda biziň eýýamymyzyň 25-215- nji ýyllary aralygynda Günorta Hun imperiýasyny dolandyran 20 sany hanyň döwri hakynda gürrüň edilýär. Elbetde, Fan Ýe-niň eseri göwrümi we mazmuny boýunça-da Syma Sýanyň we Ban Gu-nyň eserinden soňda durýar. Ýöne, muňa garamazdan, «Giçki han nesilşalygynyň taryhy» eseri hem hunlar hakyndaky düşünjelerimizi artdyrýar we aýratyn hem olaryň taryhynyň giçki döwrüni çuňňur beýan etmäge mümkinçilik berýär

Türkmen taryhynyň möhüm döwürleriniň biri-de, Göktürkmenleriň döwletiniň ýaşan asyrlarydyr (552-745). Bu döwürler barada-da gymmatly hytaý çeşmeleri bardyr. Göktürkmenleriň döwleti hakynda maglumatlar, esasan Weý-şou (VI asyrda ýaşan) tarapyndan ýazylan «Weý nesilşalygynyň taryhy» («Weý-şu»), Li Ýan-şou (VII asyrda ýaşan) tarapyndan ýazylan «Demirgazyk nesilşalyklarynyň taryhy» («Beý-şi»), Weý Çženiň (VII asyrda ýaşan) «Suý nesilşalygynyň taryhy» («Suý-şu»), Ouýan Sýu-nyň (XI asyrda ýaşan) «Tan nesilşalygynyň taryhy» («Tan-şu») we käbir beýleki «nesilşalyk taryhlarynda» jemlenendir.

Hytaý çeşmeşynaslygynda «Tan nesilşalygynyň taryhynyň» iki sany görnüşi bardyr. Olaryň birinjisi «Tan nesilşalygynyň köne taryhy» («Szýu Tan-şu») bolup, ol 941-945-nji ýyllarda Lýu Heý tarapyndan ýazylypdyr, ikinjisi «Tan nesilşalygynyň täze taryhy» («Sin Tan-şu») bolup, ony Ouýan Sýu 1045-1060-njy ýyllarda ýazypdyr. Ýöne, ylymda bu iki eser bir meselä bagyşlanandyklary üçin «Tan nesilşalygynyň taryhy» ady bilen bellidir. Ady agzalan eserleriň içinde iň abraýlysy we ylmy taýdan ähmiýetlisi «Tan nesilşalygynyň täze taryhydyr». Adyndan mälim bolşy ýaly, eser Hytaýyň taryhynda uly yz galdyran Tan nesilşalygynyň (618-907) taryhyna bagyşlanandyr.

Göktürkmenleriň taryhy bilen baglanyşykly maglumatlar eseriň 215 a we 215b baplarynda ýerleşdirilipdir. «Tan nesilşalygynyň taryhy» eserinde Göktürkmenleriň döwleti hakyndaky maglumatlar iki bölege bölünip berilär. Onuň birinji bölüminde Gündogar Göktürkmenler döwletini (552-745) dolandyran 21 sany hanyň döwri beýan edilýär, ikinji bölüminde bolsa Günbatar Göktürkmen döwletini (600-766) dolandyran 28 sany hanyň döwri hakynda gürrüň berilýär.

Göktürkmenleriň taryhy boýunça möhüm çeşme bolmak bilen, eser göktürkmen halkynyň döreýşi, bu halkyň urp-adatlary, dini ynançlary, durmuş taýdan bölünişi, döwlet gurluşy, hojalygy, şeýle hem döwletiň daşary we içeri syýasaty barada örän gymmatly maglumatlary berýär..

Göktürkmenleriň döwründe möjek milletiň oňony bolupdyr. Şonuň üçin hem göktürkmenleriň baýdagyny möjegiň altyndan edilen kellesiniň şekili bezäpdir ýa-da bolmasa, göktürkmen hanlarynyň «janpenalary» hem «börüler» (möjek) diýlip atlandyrylypdyr. Bu maglumatlary bize diňe hytaý çeşmeleri berip bilýär. Hytaý çeşmeleriniň ata-babalarymyzyň mertligi we gaýratlylygy barada berýän maglumatlary aýratyn ynandyryjy we buýsandyryjy. «Tan nesilşalygynyň taryhy» eseriniň awtory göktürkmenleriň tebigy häsiýeti barada «Olar uruşda ölmegi şöhrat, keselden ölmegi bolsa masgaraçylyk hasap edýärler» - diýip ýazypdyr.

Indi hytaý çeşmeleriniň dili hakynda.

Hytaý gadym döwürlerden bäri taryhy ösüşlerde özünden yza galan halklar bilen goňşyçylykda ýerleşipdir. Şol sebäpden hem «ösen» hytaýlylar «ýabany» goňşularynyň ýer-ýurt we adam atlaryna öz dillerinde ýaňsy bilen aýdypdyrlar, ýazanlarynda-da ýaňsyny aňladýan belgileri ulanypdyrlar. Şol sebäpden hem çeşmelerde getirilän gadymy ata-babalarymyzyň atlary hakyky bolmalysyndan düýpli tapawut edýär. Üstesinede, hytaý dilinde «r» harpynyň örän seýrek ulanylýandygyny bellesek, bu has düşnükli bolar. Mysal üçin, göktürkmen hany Ýetdi hanyň (581-587ýý) tagt ady Yşbara han bolupdyr. «Yşbara» ady hytaý hatyna geçirilende «Şabolo» görnüşinde ýazylmaly. Emma ata-baba öz göwnüne ýaramaýan adamlara ýaramaz at dakmak endiklerine wepaly hytaýlylar «şabolo» sözüniň soňundaky «lo» goşulmasyny «lio» goşulmasy bilen çalşyrypdyrlar. Netijede, bu merdana göktürkmen hany hytaý taryhy eserlerinde «şabolio» - «talaňçy» ady bilen görkezilýär. Şeýlelikde, göktürkmenleriň taryhyna degişli XIX-XX asyrlaryň ähli ylmy işlerinde ady «güýçli», «gujurly» manylary berýän Yşbara han «Şabolio» ady bilen atlandyrylýar.

XVIII asyryň ahyrlarynda Pekinde dürli milletleriň wekillerniň (hytaý, mançžur, mongol, uýgur we tibet) alymlaryndan ybarat ýörite edara döredilipdir. Edaranyň wezipesi gadymy hytaý taryhy kitaplaryndaky atlary degişli halkyň öz

dilinde aýdylyş ýagdaýyna getirmeklik bolupdyr. Edaranyň alymlary Sun, Liao we Ýuan «nesilşalyklaryň taryhyndaky» (916-1368) atlara düzediş beripdirler. Nebsimiz agyrsada, irki döwürleriň «nesilşalyk taryhlaryndaky» atlar bolsa, düzedilmän galypdyr. Şol sebäpden hem hunlaryň we göktürkmenleriň döwrüniň köp adam atlary henize bu güne çenli duşnüksiz bolup galýar. Belli rus alymy N.Ýa.Biçurin (1777-1853) hytaý «nesilşalyk taryhlaryndaky» oguz türkmen adalgalarynyň käbirlerini türkmen dilindäki aýdylyş derejesine getirmegi başarypdyr. Muňa mysal edip kehan-kagan, katun-hatyn, dele-tegin, şehu-ýabgu, şa-şat, tutun-tutuk, dagan-tarhan, be-beg, mohe-baga, mohedu-bahadyr, gudulu-gutlug, bigýa-bilge, dynli-taňry we başgalary görkezmek bolar.

Indi hytaý çeşmeleriň ähmiýeti hakynda.

Bu çeşmeleriň belli bahasy ýokdyr. Türkmenistyanyň taryhyndan belli bolşy ýaly, halkymyzyň gadymy taryhy baradaky ýazuw çeşmeleri b.e.ö. VI – b.e. VI – VIII asyrlaryna degişli bolup, olar örän az maglumatlar berýärler. Üstesine-de, olar yzygiderli däl. Bu çeşmeleriň hatarynda ahemeniler döwrüniň şine şekilli ýazgylary, antiki awtorlar Gerodotyň, Strabonyň, Ptolomeýiň we başgalaryň işlerini görkezmek bolar. Aleksandr Makedonskiniň döwriniň çeşmelerindäki maglumatlar birneme köpelýär (Kwint Kursiý, Arrian). Giçkiräk döwrüň ýazgylarynyň hatarynda wizantiýaly we ermeni awtorlaryň işlerini (Menandr Protektor, Prokopiý, Feofilakt Simmokat), siriýaly hristian awtorlarynyň (Ýeşu Stilit, Zahariý we başgalar) işlerini, käbir sasany ýazgylaryny (Paýkulynyň we Şapuryň ýazgylary) we olar bilen baglanyşykly pehweli dilinde ýazylan edebiýaty (Awesta, Bundahşin), gadymy oguz-orhon ýazgylaryny (Költegin, Toňýukuk baradaky ýazgylar) görkezmek bolar.

Halkymyzyň gadymy taryhy barada möhüm maglumatlary Sogdy arhiwiniň (Güregiň şahsy arhiwi), gadymy Horezim arhiwi, aýry-aýry gadymy türki dilli ýazgylary, köp sanly epigrafiki ýazgylar berýärler. Taryhy taýdan uly ylmy ähmiýeti bolan çeşmeler arap we pars dilli edebiýatda, şeýle hem sak, tohar

we tibet ýazgylarynda-da saklanýar. Emma olarda VII-VIII asyra çenli bolup geçen wakalar barada maglumatlar örän az berilýär. Üstesine-de, şol maglumatlar beýan edilýän wakalardan has giçki döwürleriň ýazgylarynda beýan edilýär. Bu birinji nobatda arap-pars edebiýatyna degişlidir. Ýokarda ady tutulan çeşmelerden tapawutlylykda, hytaý çeşmeleri gadymy ata-babalarymyzyň taryhyny doly we sene yzygiderliliginde berýär. Olarda beýan edilýän adam, ýer-ýurt we tire-taýpa atlary, halkyň hojalygy, medenýeti, dini ynanjy, aýry-aýry wakalar biziň gadymy taryhymyza bezeg berär. Üstesine-de, hytaý çeşmeleri anyk ýazuw çeşmelerine esaslanýarlar. Türkmenistan baradaky irki ýazuw çeşmesi Han döwrüniň ilçisi Çžan Sýanyň b.e.ö. 140-126-njy ýyllarda Horezime saparynyň esasynda dörän ýazgylardyr. Çžan Sýanyň şol ýazgylaryny Syma Sýan özüniň «Taryhy ýazgylarynda» peýdalanypdyr.

Biziň gadymy ata-babalarymyz hakyndaky goşmaça ýazuw çeşmelerini «Han nesilşalygynyň taryhy «eseriniň awtory Ban Gu hem ulanypdyr. Syma Sýanyň biziň ata-babalarymyz hakyndaky ýazgylaryny sözme-söz göçürmek bilen Ban-Gu goşmaça maglumatlary getirýär. Meselem, Beýik Hun patyşasy Mete hanyň Han imperator aýaly Gaohouň adyna ýazan hatyny görkezmek bolar. Goşmaça maglumatlar «Giçki han nesilşalygynyň taryhy» eserinde hem getirilýär. Türkmenleriň ýurdy hakyndaky maglumatlar serkerde Ban Çaonyň 94-96 –njy ýyllardaky ýörüşleriniň esasynda toplanylypdyr. Şu ýörüşiň döwründe tä Sinhaýa - Hazar deňzine çenli hytaý jansyzy Gan In iberilipdir. Onuň ýazgylary hem «Giçki han nesilşalygynyň taryhynda» öz ornuny tapypdyr. Şeýle hem, bu işde Merkezi Aziýa bilen goňşulykdaky Hytaý welaýatlarynyň häkimleriniň maglumatlary hem giňişleýin ulanylypdyr.

«Weý nesilşalygynyň taryhy» üçin möhüm maglumatlar bolup V asyryň oprtalarynda Merkezi Aziýanyň köp ýerlerini aýlanan hytaýly ilçiler Tun Ýuanyň we Gao Miniň ýazgylary hyzmat edipdir. Aslyýetinde, bu işde biziň ata-babalarymyz hakynda berilýän maglumatlar has düşnükli we anyk bolandygy üçin

ondaky maglumatlar giçki döwrüň ensiklopediýalaryna (meselem, XIV asyryň awtory Ma Duan-liniň taryhy entiklopediýasy) girizilipdir.

Suý we Tan nesilşalyklarynyň taryhy hem esasan ýazuw çeşmelerine esaslanýar. Şunda aýratyn hem hytaýly budda zyýaratçylarynyň ýazgylary gyzyklydyr. Şeýle maglumatlaryň arasynda Merkezi Aziýanyň üstünden geçip giden hytaýly budda zyýaratçylaryndan Fa Sýanyň (400), Sun Ýunyň (518-522), Weý Szonyň (605-616), Sýuan Szanyň (629-648), I Sziniň (673-695), Hoý-Çaonyň (723-729), U Kunyň (751-790) ýazgylaryny görkezmek bolar. Aýratyn hem Sýuan Szanyň ýazgylary ähmiýetlidir.

«Nesilşalyklaryň taryhyndan» başga-da, biziň gadymy ata-babalarymyz hakynda dürli görnüşdäki ensiklopediýalar, ýygyndylar, taryhy-geografiki ýazgylar hem köp maglumatlar berärler. Olardan «Hekaýatlar ummany» («Şohaý»), «Hytaýyň demirgazyk araçäginiň doly beýany» («Şofanbeýçen») ýygyndylary, şeýle hem ensiklopediýa bolan «Umumy teswir» («Tunçži»), «Imperator kitaphanasyndaky uly pyşdyl» («Sefuýunguý»), «Jemleýji maglumat» («Wensiýantunkao»), «Kämil derejede ýazylan düýpsiz aýna kimin ensiklopediýa» («Ýuan Sziýanleýhan»), «Dasin imperiýasy barada jemleýji maglumat» («Dasinitunçži»), «Köne we täze döwürleriň kitaplarynyň we suratlarynyň doly ýygyndysy» («Tuşusziçen»), «Günbatar göktürkmenleriň taryhy boýunça maglumatlar» («Si-týukýue-şilýao») we başga eserleri görkezmek bolar.

Biziň gadymy ata-babalarymyz hakyndaky hytaý çeşmelerini ylmy esasda öwrenip başlanlar fransuz alymlarydyr. Olar XVIII asyrda Hytaýda iş alyp baran fransuz missiýonerleridir – din ýaýradyjylarydyr. Biz bu gün Ž.Dýugaldyň, Ž.Deginiň, Wisdelunyň, M.Malýanyň, Erbelonyň, Žerbilýonyň, Gobiliň, de Maýýanyň we başgalaryň atlaryny hormat bilen tutýarys. Bu alymlar hytaý we mançžur dillerini suwara bilmek bilen biziň gadymy ata-babalarymyz bolan hunlar, göktürkmenler we olar bilen goňşyçylykda ýaşan köp sanly halklaryň taryhyna degişli

maglumatlary fransuz diline geçirmek bilen bütin Ýewropany Merkezi Aziýanyň taryhy bilen içgin tanyşdyrdylar. Bu awtorlaryň arasyndan Ž.Deginiň (soňra Sarbonna uniwersitetiniň professory) 1756-njy ýylda neşir edilen «Gunlaryň, türkleriň we beýleki tatarlaryň umumy taryhy», Erbelonyň 1777-nji ýylda neşir edilen «Gündogar kitaphanasy», M.Malýanyň «Hytaýyň öz arhiwleriniň esasyndaky umumy taryhy» (11 tomlyk), de Maýýanyň «Hytaýyň umumy taryhy» eserleri aýratyn bellemäge mynasypdyr.

Öwrenilýän mesele bilen XIX asyryň birinji ýarymynda fransuz alymlary A.Remýuza we Ý.Klaprot uly işleri amala aşyrypdyrlar. 1820-nji ýylda Parižde A.Remýuzanyň «Tartarlaryň (oguzlaryň) dili boýunça barlaglar», 1825-nji ýylda bolsa Ý.Kloprodyň «Aziýanyň taryhynyň hranologiýasy» kitaplary neşir edildi. Bularyň ikisiniň hem işleri anyk taryhy çeşmelerine esaslanyp, olarda gadymy ata-babalarymyzyň taryhy aýdyň beýan edilýär.

Gadymy ata-babalarymyzyň taryhyna degişli hytaý çeşmelerini öwrenmekde uly işleri bitiren alymlaryň biride, meşhur rus sinology Nikita Ýakowlewiç Biçurindir (1777-1853). N.Ý. Biçurin ençeme kitaplaryň awtorydyr. Ýöne oňa aýratyn şöhrat getiren iş onuň «Gadymy döwürlerde Orta Aziýada ýaşan halklar hakynda maglumatlar ýygyndysy» (1851) eseridir. Bu eser N.Ýa.Biçuriniň uzak ýyllaryň dowamynda terjime eden hytaý taryhy çeşmeleriniň esasynda döredilipdir. Bu işe rus ylmy jemgiýetçiligem, Ýewropa ylmy jemgiýetçiligi hem ýokary baha beripdir.

Biziň ata-babalarymyzyň taryhyna degişli Hytaý çeşmelerini nemis we iňlis dillerine tarjime etmekde Plat, Pfismaýýer, Waýli we Parker tapawutlanypdyrlar. Plat we Pfismaýýer 1863-1874-nji ýýllarda Wenada we Münhende ýörite işleri neşir etdirdiler. Waýliniň «Hunlaryň Hytaý bilen gatnaşyklary», Parkeriň «Türk – skif taýpalary» we «Tartarlaryň (oguzlaryň ) müň ýyllygy» atly işleri aýratyn gyzyklydyr. Bu işler XIX asyryň ahyrlarynda Hytaýda iňlis dilinde neşir edilipdir.

Umuman alanyňda, hytaý çeşmeleri halkymyzyň Oguz han we Gorkut ata döwürleriniň taryhyny öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly ýazuw mirasymyzdyr. Hytaý çeşmeleri taryhymyzyň gadymy döwrüni gürrüňsiz baýlaşdyrýar we oňa aýratyn bezeg berýär.

## Göktürkmenleriň taryhy boýunça çeşmeler

Oguz-orhon ýazuwynda beýan edilýän goktürkmenleriň taryhyna degişli maglumatlaryň üstünde köp alymlar işlediler. Bu barada XX asyrda ep-esli mukdardaky işler neşirem edildi. Ýöne, şol işleriň köpüsinde çykarylan netijeler, edilen jemlemeler bilen ylalaşmak juda kyn. Türki we mongol dilli halklaryň taryhy boýunça belli taryhçy L.N. Gumilew köp eserleri döreden meşhur alym. Emma hunlaryň we göktürkmenleriň taryhyna degişli işlerinde ol bu halklaryň taryhynyň tükmen halkynyň köp asyrlyk taryhynyň bir döwürleridigini bir ýerde-de agzamaýar. Ol özüniň göktürkmenlere bagyşlap 1967-nji ýylda neşir edilen «Gadymy türkler» diýen işinde: «V-VII asyrlarda hiç haçan beýik kaganatyň düzümine girmedik köp halklar hem soň «türk» boldular. … meselem, türkmenler…» – diýip, hiç bir esassyz netije çykarypdyr. Dünýä belli alymyň şu setirlerini okap, «wah, bu döwleti döreden türkmenler ahyry!» diýesiň gelýär. Eger-de göktürkmenleriň (öňler «Türk kaganaty» diýilýärdi) döwletini türkmenler döretmedik bolsa, onda Il han, Gara han, Ýegen han, Arslan han, Ýetdi han, Gapagan han, Çölli han, Hally han, Ýolly han... bular haýsy milletiň wekillerike?!

Göktürkmenleriň döwleti döwründe şöhratly ata-babalarymyz tarapyndan döredilen tükeniksiz genji-hazyna bolan oguz-orhon ýazuwy barada, onuň ýaýran ýerleri hakynda ilkinji gezek XVII asyryň ahyrlaryna degişli maglumatlarda aýdylýar. Ýöne, bu ýazuwy öwrenmäge ilkinji synanşyk XVIII asyryň 20-30-njy ýyllarynda ruslara ýesir düşüp, Sibirde ýaşan şwed serkerdesi F.I. Stralenberg tarapyndan edilipdir. Özüniň 1730-njy ýylda

Stokgolmda neşir edilen kitabynda ol oguz-orhon ýazuwyna degişli hatlary görkezipdir. Ýöne, Stralenberge bu haty okamak, onuň haýsy halkyň mirasydygyny anyklamak başartmandyr.

XIX asyryň dowamynda oguz-orhon ýazuwynyň ýaýran ýerleri, onuň esasy ýadygärlikleri kesgitlenilipdir we ony okamaklyga ençeme gezek netijesiz synanşyklar edilipdir. Oguz-orhon ýazuwyndan fin milletiniň taryhyny gözlän finlýandiýaly alym J. Aspeliň birnäçe ýyllaryň dowamynda bu ýazuwa degişli harplary öwrenmek bilen, onuň 38-40 sany harpdan-nyşandan durýandygyny anyklapdyr.

Oguz-orhon ýazuwynyň türki dilli milletleriň diline degişli bolaýmagynyň mümkinligi hakyndaky çaklamalary öňe süren rus alymy N.M. Ýadrinsew bolupdyr. 1889-njy ýylda Russiýanyň Geografiýa jemgyýetiniň Gündogar-Sibir bölümi tarapyndan N.M. Ýadrinsewiň baştutanlygynda oguz-orhon ýazuwyny öwrenmek maksady bilen ýörite ylmy ekspedisiýa guralýar. N.M. Ýadrinsew Tola we Orhon derýalarynyň boýlarynda şu ýazuwa degişli ençeme ýadygärlikleri, şol sanda soňra dünýä belli ýadygärliklere öwrülen Kolteginiň we Bilge hanyň hatyrasyna daşyň ýüzüne ýazylan ýazuw ýadygärliklerini açypdyr. N.M. Ýadrinsew tarapyndan ýüze çykarylan bu ýazgylar ýerleşen ýerleriniň ady boýunça soňra «Orhon-Ýeniseý ýazuwy» diýen ada eýe bolupdyr. N.M. Ýadrinsew aýratyn hem Költeginiň ýadygärligine uly üns beripdir. Sebäbi Költegine degişli daşyň arka ýüzünde hytaýça ýazgylar hem bar eken. Soňra şol hytaýça ýazgynyň okalmagy we terjime edilmegi oguz-orhon ýazuwynyň diliniň türkmençedigini, türki dilde geplýän bir halka degişlidigini kesgitlemäge mümkinçilik beripdir.

Netijede, ençeme ýyllaryň dowamynda Ýeneseý, Orhon, Selenga, Tola derýalarynyň boýlaryndy ýüze çykarylan oguz-orhon ýazuwyna degişli ýadygärlikler dilçiler we soňra bolsa taryhçylar tarapyndan uly gyzyklynma bilen öwrenilip başlanýar. Oguz-orhon ýazuwyny öwrenmäge belli türkşynas W.W. Radlow we zehinli dilçi we taryhçy, daniýaly alym W. Tomsen girişipdirler. 1893-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Daniýanyň

Patyşalyk Ylymlar akademiýasynyň ýygnagynda W. Tomsen oguz-orhon ýazuwynyň elipbiýi we ony okamagyň usullary dogrusynda çykyş edýär. W. Tomsen bilen bir wagtda oguz-orhon ýazuwyny okamaklyga W.W. Radlow hem girişipdir. Ol W. Tomseniň elipbiýini peýdalanmak bilen Koltegine degişli ýazgyny okapdyr we 1894-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Russiýa YA-nyň ýygnagynda bu barada çykyş edipdir. Şeýlelikde, bizin ata-babalarymyzyň gadymy geçmişi barada uly taryhy açyşlar edilipdir.

Üstünden 1300 ýyl töweregi wagt geçen şol ýazuw ýadygärlikleri okanyňda, şunça asyrlaryň dowamynda dilimiziň sähelçe özgerendigini, köp-köp sözleriň şol gadymyýetdeki ýaly görnüşde şu güne çenli dilimizde saklanyp gelendigine göz ýetirýäris. Türkmen halkynyň taryhy geçmişi barada möhüm çeşme bolan oguz-orhon ýazuwy esasan meşhur göktürkmen hanlarynyň ruhuna bagyşlanyp dikeldilen mazar daşlarynyň ýüzünde saklanyp, biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Diýmek, oguz-orhon ýazuwynyň halkymyz üçin onuň diňe bir daşyň ýüzüne ýazylandygy bilen däl, eýsem bu ýazuwyň halkymyzyň taryhynda öçmejek yz galdyran meşhur hanlarymyzyň ruhuna bagyşlanyp, olaryň guburynyň üstüne galdyrylan daşlaryň ýüzüne ýazylandygy üçin hem aýratyn mukaddesdir.

Göktürkmenleriň döwletiniň taryhy boýunça möhüm çeşmelere öwrülen bu ýazuw ýadygärlikleriň iň ähmiýetlileri Költeginiň, Bilge hanyň, Gutlug Ilteriş hanyň, Tonýukugyň we başgalaryň hatyrasyna dikeldilen daşlaryň ýüzüne ýazylan ýazgylardyr. Bu ýazgylarda oguzlaryň şöhratly geçmişiniň uly bir döwri beýan edilýär. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri-de, bu ýazgylardaky wakalary, seneleri we adam atlaryny şol döwrüň we giçki döwürleriň jikme-jik beýan edilen hytaý taryhy maglumatlary hem doly tassyk edýär. Bu bolsa oguz-orhon ýazgylarynyň ähmiýetini has hem artdyrýar. Ýazgylaryň şeýle çeşmeşynaslyk ähmiýetiniň bolmagy olary Göktürkmenleriň döwletiniň taryhyna degişli birinji derejeli maglumatlaryň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär. Alymlaryň

tassyklamagyna görä, oguz-orhon ýazuwyna degişli ýazgylaryň içinde aýratyn gymmatlylary Költegin bilen Bilge hanyň hatyrasyna ýazylan ýazgylardyr. Bu ýazgylarda ady tutulan hanlaryň döwründe oguzlaryň galkynyşy, bu galkynyşlarda bu iki meşhur türkmen hanlarynyň hyzmaty hakynda gysgadan düşnükli gürrüň berilýär.

Daşa ýazylan şol mukaddes taryhy ýazgylar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Arslan (Tabak) hanyň (572-581),
2. Gutlug (Ilteriş) hanyň (682-693),
3. Gutlug hanyň, Gapagan hanyň (693-716) we Bilge hanyň maslahatçysy bolan Toňýukugyn (647-726),
4. Şöhratly ýagyçy (serkerde) Költeginiň (685-731),
5. Bilge hanyň (716-734) we başgalaryň guburlarynyň üstüne galdyrylan mukaddes daşlaryň ýüzündäki ýazgylardyr.

Daşa ýazylyn taryhymyzyň iň irki ýazuw ýadygärligi Arslan hanyň mazaryndaky ýazgylardyr. Ýüzüne göktürkmenleriň taryhy ýazylan Arslan hanyň başujundaky daş taryh ylmynda «Bugut daşy» ady bilen bellidir. Arslan han tagt ady bolup, onuň çyn ady Tabak handyr. Bu hanyň ady dürli taryhy edebiýatda Tobo, Taspar görnüşlerinde-de kän duşýar. Arslan han Göktürkmenleriň döwletini döreden Bumyň hanyň (552) Gara handan (552-553) we Mugan handan (553-572) soňky üçünji ogly bolupdyr. Bu hanyň döwründe Göktürkmenleriň döwleti kuwwatly imperiýa öwrülip, dünýäde onuň bilen besleşip biljek bir döwletem bolmandyr. «Bugut daşynyň» ýüzünde göktürkmenleriň döreýşi bilen baglanşykly rowaýat, Bumyň handan gelýän göktürkmenleriň syýasy taryhy we onda Arslan hanyň bitiren beýik işleri görkezilipdir. Guwandyrýan zatlaryň biri-de, «Bugut daşanyň» ýokarsynda türkmen ruhunyň ikinji eýýýamynyň onany bolan möjegiň buýsançly şekiliniň ýerleşdirilmegidir.

Göktürkmenleriň taryhyna degişli ýazuw ýadygärlikleriniň biri-de Gutlug Ilteriş hanyň hatyrasyna onuň inisi Gapagan han tarapyndan galdyrylan mazar daşydyr. Taryh ylmynda bu ýadygärlik ýerleşýän ýeriniň adyna görä «Ongin ýadygärligi»

diýlip hem atlandyrylýar. Ýadygärligiň ýüzündäki ýazgylara görä, Gutlug han «ýylan ýylynda» aradan çykypdyr. Bu bolsa, W.W. Radlowyň hasaplamalaryna görä, 693-nji ýyla gabat gelýär. Eýýäm bellenilip geçilişi ýaly «Ongin ýadygärligi» göktürkmenleriň taryhynda öçmejek yz galdyran doganlar Bilge han bilen Költeginiň ata-enesi Gutlug Ilteriş han bilen Ilbilge hatynyň hatyrasyna dikeldilipdir.

Bu ýadygärlikdäki ýazgylar iň köne oguz-orhon ýazgylaryna degişli bolsa-da, ol alymlar tarapyndan gowşyk öwrenilipdir. Onuň hem esasy sebäbi ýazgylar daşyň ýüzüne ýazylanam bolsa, asyrlaryň dowamynda ýazgylar zaýalanypdyr. W.W. Radlow ýadygärligiň ýüzündäki ýazgy setirleriniň içinde ýekeje-de doly sözlemiň galmandygyny, bu bolsa ýadygärlikdäki taryhy teksti dikeltmekde uly pesgelçilik döredýändigini ýazypdyr. Ýöne, geçirilen ýüzleý ylmy barlaglar Gapagan hanyň öz agasy Gutlug hanyň doly terjimehalyny we göktürkmenleriň gysgaça taryhyny beýan edýändigini takyklapdyrlar.

Toňýukugyň hatyrasyna dikeldilen mazar daşy Demirgazyk Mongoliýany aýlanýan döwründe Ý. Klemens tarapyndan 1897-nji ýylda ýüze çykarylypdyr. Bu açyş barada W.W. Radlow 1898-nji ýylda Russiýanyň «Ylymlar Akademiýasynyň habarlary» žurnalynda habar bilen çykyş edipdir. Ýadygärligiň ýüzündäki ýazgylary W.W. Radlow terjime edipdir we 1899-njy ýylda neşir edipdir. Toňýukugyň ýazgylaryny nemes alymy F.Hirt hem öwrenipdir we terjime edipdir. F. Hirt Toňýukuk baradaky hytaý çeşmelerini öwrenmek bilen onuň doly terjimehalyny dikeldipdir. Toňýukugyň ýazgylaryny W. Tomsen hem terjime edipdir.

Toňýukugyn ýadygärligi Tola derýasynyň sag kenarynda Nalaýha demir ýol menziliniň töwereginde ýerleşýär. Ýadygärligiň ýüzündäki ýazgylar ýöne bir mazar ýazgylary bolman, ol bir halkyň uly geçmişi hakynda gürrün berýän özboluşly taryhy eserdir. Ýazgylaryň gymmatly tarapy, ol kimdir biriniň adyndan däl-de, hut Toňýukugyn öz dilinden beýan edilipdir, ýagny göktürkmenleriň taryhy we onda öz bitiren işleri barada Toňýukugyň özi gürrüň beripdir. Bu bolsa, bu ýazgylaryň

şindi Toňýukuk dirikä, onuň özi tarapyndan ýazylyp, ölenden soň, mazar daşynyň ýüzüne geçirilipdir diýip, netije çykarmaga esas berýär. Ýadygärligi kimin dikeldendigi görkezilmeýär. Ýöne, üç sany göktürkmen hanynyň weziri (Boýla-baga-tarhan) bolan, ady «Beýik hüwi» («hüwi» guşy göktürkmenlerde parasatlylygyň sinonimi bolupdyr) manysyny berýän Toňýukugyn («Toň» – beýik, «ýukuk» - hüwi) ýadygärligini halk diken bolmaly. Sebäbi, Göktürkmen döwletiniň wezirleriniň hiç biri hem halk içinde Toňýukugyňky ýaly uly abraýa eýe bolup bilmändir.

Toňýukugyň ýazgylarynda özi barada maglumatlardan başga-da, göktürkmenleriň hytaý ýapjalygyna öwrülişi, taýpa serdarlarynyň ikiýüzliligi, Gutlug hanyň we özüniň taýpalary bir ýere jemlemek ugrunda alyp baran işleri, göktürkmenleriň Gutlug hanyň baştutanlygynda 682-nji ýylda Hytaýa ýapjalygyň ýok edilişi we garaşsyzlygyň gazanylyşy barada gürrüň berilýär. Toňýukugyň ýazgylarynyň arasynda göktürkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş şertleri barada-da köp maglumatlar getirilýär. Şunda ol garaşsyzlygyň millete abadançylyk, bolelin durmuş berendigini ýazýar. Göktürkmenleriň aga-ýana ýaşan ýerleri barada ýazmak bilen Toňýukuk olaryň Çugaý-Oguzda we Garagumda ýaşandyklaryny belleýär.

Toňýukugyň ýazgylarynyň gymmatly tarapy, onda göktürkmenleriň goňşy döwletler we halklar bilen gatnaşyklary, olaryň erkinlik hem-de döwlet garaşsyzlygyny dikeltmek ugrunda alyp baran söweşleri, türkmeni türkmen eden men-men ärler barada belli bahasy bolmadyk maglumatlary berýär. Bu ýazgylarda aýratyn hem göktürkmenleriň alyp baran uruşlary gowy beýan edilipdir. Toňýukuk Ilteriş hanyň göktürkmenlere garaşsyzlyk alyp bermek we öz döwletini güýçli bir imperiýa öwürmek üçin 29 gezek ýöriş gurandygyny belleýär. 710-njy ýylyň gyşynda Gapagan han tarapyndan gyrgyzlara garşy alnyp barlan urşuň ýeňiş bilen tamamlanandygyny Toňýukugyň «kyrgyzy ukyda basdymyz» diýen sözleri tassyk edýär. Şol ýyl turgeşlere garşy alnyp barlan söweşiň hem üstünlikli bolandygyny Tonýukuk şeýle beýan edýär: «kaganyny tutdumyz, ýabgusyn,

şadyn anda ölürtik». Göktürkmenleriň döwrüne degişli ýazuw ýadygärlikleriniňiň ajaýyby, ylmy taýdan ähmiýetlisi meşhur ýagyçy (göktürkmenleriň döwründe «serkerde» sözi «ýagyçy» diýlip atlandyrylypdyr) Költeginiň hatyrasyna bina edilen ýadygärlikler toplumydyr. Bu ýadygärligi 1889-njy ýylda N.M. Ýadrinsew ýüze çykaryp, ondaky ýazgylar 1891-nji ýylda W.W. Radlow tarapyndan öwrenmäge girişilipdir. Költeginiň ýadygärligine köp syýahatçylar tarapyndan barlyp görlüpdir we 1958-nji ýylda çeh arheology L. Ýisl tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän alymlar topary tarapyndan jikme-jik öwrenilipdir.

Ýadygärlik toplumynyň umumy meýdany 80X40 metre barabar bolup, ol gündogardan günbatarlygyna uzalyp gidýär. Toplumyň daşyna garym gazylypdyr we suwalyp agardylan pagsa diwar bilen aýlaw edilipdir. Pagsa diwaryň üsti çerepisa bilen örtülip, toplumyň diwary, garym edil ýadygärlige girilýän derwezäniň agzynda tamamlanýar. Derwezäniň sag we çep tarapynda biri-birine bakdyrylyp goýulan, mermerden edilen iki sany goçuň heýkeli ýerleşdirilipdir. Pagsadan edilen howlynyň içinde mermerden edilen pyşdylyň üstünde (pyşdyl hytaýlylarda bakylygyň simwoly hasaplanylypdyr) Költeginiň hatyrasyna galdyrylan ýüzi ýazgyly şol meşhur daş goýlupdyr. Gynançly ýeri, Költeginiň ýadygärlikler toplumy asyrlaryň dowymynda harabalyga öwrülipdir. Ýöne, ýadygärlikler toplumynyň galyndylary L. Ýisle onuň mysaly taslamasyny dikeltmäge mümkinçilik beripdir. Çeh alymynyň pikirine görä, ýüzi ýazgyly daş çerepisa bilen örtülen powilýonyň içinde ýerleşip, powilýonyň diwary suwalypdyr we agardylypdyr. Powilýondan aňyrlygyna ýol gidip, ol ybadathana barypdyr. Ýoluň iki gapdalynda bolsa, edil hormat garawulyndaky ýaly, Költeginiň egindeşleriniň we hyzmatkärleniň hakyky ölçegdäki orboýuna duran heýkelleri ýerleşdirilipdir. Ybadathana dortgyraň görnüşde bolup, onuň meýdany 10,25X10,25 metre barabar bolupdyr. Onuň agardylan diwarlarynda Költeginiň gatnaşan söweşlerinden suratlar ýerleşdirilipdir. Ybadathananyň üsti hem çerepisa bilen örtülipdir. Onuň içinde bolsa Költeginiň we onuň aýalynyň

heýkelleri oturdylypdyr. Ýadygärlikler toplumynyň töwereginden L. Ýisl Költeginiň we onuň aýalynyň heýkeliniň kelle böleklerini tapmak başardypdyr. Költeginiň kellesine üstünde bürgüde meňzeş guşun şekiljigi oturdylan agaç pudagyň (wenok) halkasy geýdirilipdir.

Ýadygärlikler toplumyň töwereginde 169 sany adam boýurak daş gazyklar (balbal) uzyn hatar bolup ýerleşipdir. Balballar Költeginiň söweşlerde öldüren ýagylarynyň umumy sanyny görkezipdir. Şu ýerde häzirki döwürde ginişleýin ulanylýan «duşman» sözüniň ýerine «ýagy» sözüni ýöne ýere getirmedik. Çünki daşyň ýüzüne ýazylan taryhymyzda «duşman», «serkerde» sözleri dine «ýagy» we «ýagyçy» görnüşlerinde berilýär.

Käbir balballarda gödek çekilen adam sypatlaryny, guşagyň we eliň şekillerini görmek bolýar. L.Ýislin pikirine görä, balballaryň sany has köp bolupdyr, ýöne wagtyň geçmegi bilen olaryň ep-esli bölegi zaýalanyp, ýok bolupdyr. Költeginiň ýadygärligi Orhon derýasynyň boýunda hytaý imperatory Sýuan Szun tarapyndan iberilen hytaýly ussalar tarapyndan ýörite gurlupdyr. Bu ýadygärlikden 1 km töweregi aradaşlykda bolsa Bilge hanyň ýadygärligi ýerleşipdir. Ýöne, Bilge hanyň ýadygärligindäki ýazgylar gowy saklanmandyr.

Költeginiňem, Bilge hanyňam ýadygärliklerine ýazgy eden Ýolly han (734-739) bolupdyr. Költeginiň ýadygärliginiň gurlan wagty barada şeýle ýazgy bar: «bijiň ýyly, ýedinji aý, ýeti ýigrimi gün (ýigrimi ýedinji gün)». Bu sene ýadygärligiň 732-nji ýylda gurlandygyndan habar berýär. Bu senäni ýadygärlikdäki hytaý dilli ýazgylar hem tassyk edýär.

Költeginiň ýadygärligindäki ýazgylar göktürkmenleriň 550-718-nji ýyllar aralygyndaky taryhy barada yzygiderli maglumatlar berýär. Bu ýazgylar goşgy görnüşinde ýazylypdyr. Ýazgylary eden Ýolly han bolsa-da, Költegin baradaky gürrüňler Bilge hanyň dilinden beýan edilipdir. Şonuň üçin hem ýazgy setirleriniň arasynda Bilge hanyň «inim Költegin» diýen sözleri häli-şindi gabat gelýär. Költegin baradaky ýazgylary okanyňda türkmeniň ata bolan söýgüsiniň gadymdan gelýändigine göz ýetirýärsiň.

Ýolly han Költeginiň söweşlerde münen atlarynyň atlaryny birin-birin agzapdyr: Baýyrgalaryň ak aty, Başgy, Şalçy, Azman, Ogsuz…

Költeginiň ýazgylarynda Göktürkmenleriň döwletiniň pese düşüşi, onuň sebäpleri we 50 ýyldan gowrak wagt dowam eden baknalyk barada ynandyryjy gürrüň berilýär. Göktürkmenleriň 630-682-nji ýyllarda Hytaýa garaşly bolanlygy hakynda Költeginiň hatyrasyna ýazylan ýazgyda:

«Tabgaç budunyna (hytaý halkyňa) beglik ugry ogluň gul boldy

Silik (päkize) gyz ogluň güň (gyrnak) boldy»

Ýa-da: «Ellig ýyl işig – güýjük bermiş» - diýip hytaý imperatory üçin 50 ýyllap iş we güýç sarp edendikleri beýan edilýär.

Költeginiň hatyrasyna ýazylan ýazgylar göktürkmenleriň taryhynyň 50 ýyllyk baknalyk döwrüniň taryhy barada başga-da kop maglumatlary berýärler. Bu ýazgylarda şol döwrüň türkmen jemgyýetiniň durmuş toparlary, Hytaý bilen alnyp barlan söwda gatnaşyklary, göktürkmenleriň uruş hereketlerini alyp baran beýleki ýurtlary hakynda hem köp maglumatlar berilýär. Mysal üçin, göktürkmenleriň raýaty bolan baýyrgalaryň duşmançylykly hereketi Költegin tarapyndan «Ulug Erkin ýagy boldy» diýlip hesiýetlendirilýär. Ýa-da bolmasa, «Ediz buduny anda öldi», «Izgil buduny ýok boldy» - diýip göktürkmenleriň edizlere we izgillere garşy alyp baran uruşlarynyň nähili netijeleri berendigini anyk beýan edipdir.

Bilge hanyň hatyrasyna bina edilen ybadathanany hem hytaý imperatory Sýuan Szunyň buýrugy boýunça hytaýly ussalar gurupdyr we onuň diwarynda Bilge hanyň ömri we eden işleri barada hytaý dilinde ýazgylar edilipdir. Bilge hanyň mirasdüşeri Ýolly han eýýem belläp geçişimiz ýaly, kakasynyň ruhuna bagyşlap daş dikipdir we onuň ýüzünde edil hytaýlylaryň edişi ýaly göktürkmen halkynyň döreýşi we onuň adamzat taryhyndaky orny, Bilge hanyň ömri we bitiren bimöçber işleri barada gymmatly maglumatlary ýerleşdirmegi başarypdyr. Bu

ýazgylarda 700-nji ýyllarda 16-17 ýaşlaryndaky Bilge hanyň (ol döwürler Mogilýan şat diýlip atlandyrylypdyr) tangutlara garşy guralan ýörişe we 709-njy ýylda çikleri boýun egdirmäge gatnaşyşy, 714-nji ýylda Bäşbalykdan yzy çekilişleri, 715-nji ýylda dokuztatarlar bilen bolan söweşe, 716-njy ýylda uýgurlary boýun egdirmäge gatnaşyşy, onuň 717-nji ýylda tatablaryň we garlyklaryň üstünden gazanylan ýeňişdäki we 720-nji ýylda Lýançžouyň eteginde hytaý goşunlaryny derbi-dagyn etmekdäki hyzmatyny, 721-722-nji we 733-nji ýyllarda kidanlara we tatablara garşy täze guralan ýörişlerde we söweşlerde tapawutlanyşy barada gyzykly gürrüňler berilýär. Bilge han hakyndaky ýazgylar bu meşhur hanyň ömrüniň ahyrky günlerine çenli bolan wakalary öz içine alypdyr.

Oguz-orhon ýazgylary syýasy wakalardan başga-da, göktürkmen jemgyýetiniň dürli ugurlaryna degişli başga-da örän köp maglumatlary berýär. Olarda dürli durmuş toparlarynyň atlary, adam atlary, döwlet derejeleri, garyndaşlyk gatnaşyklary we başgalar barada kösanly maglumatlary görmek bolýar. Oguz-orhon ýazgylarynda ogul, gyz, ini, gelin, aba, apa (apa-aýal dogan manysynda), öge[1] (ene) ýaly sözler häli-şindi duşýar. Bu atlar henize bu güne çenli türkmen dilinde giňden ulanylyp gelinýär. Ýa-da bolmasa «güni» düşünjesi ýaňy-ýakynlara çenli türkmen durmuşynda ýaşap geldi. Ýagy, gul, kişi, är, garyndaş, atdaş, arkadaş, baý, urug ýaly sözler şol wagtlar hem bar eken.

Oguz-orhon ýazgylary ata-babalarymyzyň yslamdan öňki dini duşunjeleri hakynda-da maglumatlary berýär. Göktürkmenleriň zamanasynda-da biziň ata-babalarymyz birhudaýlyga uýupdyrlar, ýagny olar Taňra sygynypdyrlar. Gürrüňi edilýän ýazgylarda şol hudaý biziň şu günki atlandyryşymyz ýaly «Taňry» diýlip atlandyrylypdyr. Şeýle hem göktürkmenleriň döwründe ata-babalarymyzyň «suw-ýer» hudaýyna we aýal-gyzlaryň we çagalaryň howandary Umaý öge – Umaý enä çokunandyklary barada hem maglumatlar berilýär.

[1] Ögeý - öweý ene ady şondan gelip çykan bolsa gerek.

Gadymy mirasymyz bolan oguz-orhon ýazgylary göktürkmenleriň döwlet gurluşy barada-da gymmatly çeşme bolup durýar. Ýazgylaryň şaýatlyk etmegine görä, göktürkmenlerde «döwlet» sözi «il», döwlet baştutany bolsa «Il han» ýa-da «han» diýlip atlandyrylypdyr. Gulluk basganҫaklarynda döwlet baştutanyndan soňra han tarapyndan bellenilýän ýabgu we şat durupdyr. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň döwründe bolşy ýaly, göktürkmenleriň döwleti hem çep we sag gola bölünipdir. Şol gollara bolsa hanyň neslinden bolan teginler – şazadalar dolandyryjy edilip bellenilipdir.

Göktürkmenleriň döwletinde «tarhan», «buýruk», «tutuk» diýip atlandyrylan wezipeler bolup, bu wezipeleri köşk adamlary ýerine ýetiripdirler. Olar hanyn ýerlerdäki dolandyryjylary bolupdyrlar. Şu ýerde biziň üçin dünuksizrägi «tutuk» bolup durýar. Ýone, bu sözüň aslynda türkmeniň «tutmak» sözüniň durandygyny göz öňüne tutsak, onda bu söz hem düşnükli mana eýe bolýar, ýagny tutuklar kiçeňräk tire-taýpalaryň baştutanlarydyr.

Göktürkmenleriň döwletinde köp ýaýran dereje – wezipeleriň biri-de «begler» bolup durýar. Begler Göktürkmenleriň döwletiniň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Ady agzalan wezipeler we derejeler «budun» diýlip atlandyrylan göktürkmen halkyny dolandyrypdyrlar.

Oguz-orhon ýazuwy türkmen halkynyň gadamy ýyl hasaby barada hem gymmatly maglumatlary berýär. Muňa şol ýazgylarda häli-şindi duşýan seneler şaýatlyk edýär. Gyzykly ýeri, halkyň içinde häli-häzire çenli ulanylyp gelinýän towşan ýyly, balyk ýyly we ş.m. ýyl atlary şol döwürler hem ulanylypdyr. Aýdanlarymyzy Költeginiň ýazgylarynda agzalan «bijin ýyly, dokuzynjy aý…» diýen maglumat hem tassyk edýär. Oguz-orhon ýazgylaryny okanyňda gownejaý, oýlanyşykly düzülen sözlemler we söz düzümleri köp duş gelýär we olar häzirki zaman türkmen söz düzümlerinden känbir tapawut hem etmeýär: «Özi ýaňyldy (ýeňildi), hany ölti, buduny güň – gul boldy» . «Baý bir ärtim.

Agylym on, ýylkym sansyz erdi». «Inim ýedi, oglum üç, gyzym üç erdi». «Gyzymy kylyňsyz (galyňsyz) birdim» we başgalar.

Umuman alanynda, oguz-orhon ýazuwy türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşine uzalyp gidýän taryhy barada gymmatly çeşmedir. Daşa ýazylan taryhymyzyň ägirt uly terbiýeçilik ähmiýeti hem bardyr. Sebäbi Oguz hanyň nesli bolan göktürkmen hanlary mazarlaryna daş dikdirip, ýüzüne taryhymyzy ýazdyryp, gelejekki nesillerine – bize we bizden soňkylara miras goýup gidipdirler.

## Eýranyň taryhy boýunça çeşmeler.

Sefewi türkmenleriniň döwletinde medeniýetiň ösen ugurlarynyň biri bolan ylym – aýratyn hem taryh ylmy pajarlap ösüpdir. Türkmen taryhçylarynyň hyzmaty bilen ençeme taryhy eserler döredilipdir. Şeýle eserleriň döremeginde türkmen soltanlarynyň hyzmaty hem az bolmandyr. Olaryň buýurmasy we gönüden – göni dahylly bolmaklary bilen taryh ylmynyň ösüşine uly goşant goşulypdyr. Sefewi türkmenleriniň döwletini esaslandyran şa Ysmaýyl Hataýynyň (1487 – 1524) özi hem ençeme ajaýyp şygyrlary döredipdir.

Bu edenli hökümdaryň bitiren işleri onuň nesilleri üçin hem nusga bolupdyr. Elbetde, sefewilerde ylma, medeniýete, sungata söýgi we sarpa tarpdan döremändir. Ol türkmenleriň Seljukly, Osmanly, Garagoýunly we Akgoýunly döwletlerinden gelýän görelde. Bir söz bilen aýdanyňda ol gadymdan gelýän görelde. Bu görelde Sefewi türkmenleri tarapyndan kabul edilipdir we has kämilleşdirilipdir. Türkmen taryhçylarynyň esasy köpçüligi öz gelip çykan taýpa atlaryny familiýa hökmünde ulanypdyrlar. Olaryň arasynda «Türkmen» ady bilen belli taryhçylaryň bolmagy has hem gyzykly.

### Mürze Barhurdar Türkmen

Sefewiler döwründe halkymyzyň geçmiş taryhy barada kitap ýazan ilkinji taryhçylaryň biri Mürze Barhurdar Türkmen bolupdyr. Ol 1530-njy ýylda «Ahsan as – siýar» («Syýahatlaryň naýbaşşysy») eserini ýazyp gutarypdyr. Gynançly ýeri, bu türkmen taryhçysynyň eseri dolylygyna biziň günlerimize gelip ýetmändir. Onuň dört tomlyk işinden diňe bir tomy – 4-nji tomy saklanyp galypdyr. Mürze Barhurdar Türkmeniň terjimehaly barada-da maglumat ýok. Onuň haçan we nirede dogulandygy, näwagt aradan çykanlygy belli däl. Ýazaryň eserinde şa Ysmaýylyň dolandyran ýyllarynyň taryhy barada gyzykly gürrüňler berilýär. Bu kitap iňlis alymy, Hindistanyň Aligarh uniwersitetiniň professory L.F.Raşbruk Wilýams tarapyndan ýüze çykarylypdyr we ondaky maglumatlary ol özüniň 1918-nji ýylda Londanda neşir edilen kitabynda giňişleýin peýdalanypdyr. Onuň ýazmagyna görä Mürze Barhurdar Türkmeniň kitaby Rampuryň (Hindistan) nawaby (hökümdary) Abdysalam hanyň kitaphanasynda saklanypdyr.

## Şa Tahmasp

Sefewiler döwrüniň taryhçylary hakynda gürrüň edilende öňi bilen şa Ysmaýylyň Hanybeg hanymdan bolan ogly Tahmasp şanyň (1524-1576) adyny bellemeli. Öz kakasynyň içgin aladalary we döwrüniň meşhur sungat we ylym adamlarynyň hyzmaty bilen XVI asyryň zehinli adamlarynyň hataryna goşulupdyr. Ol ylym – bilime we sungata sarpa goýýan, hatdatlykdan we nakgaşlykdan baş çykarýan meşhur hökümdar bolup ýetişipdir.

Sefewi türkmenleriniň döwletini 52 ýyllap dolandyran şa Tahmasp ylymda taryhçy hökmünde hem tanalýar. Ol taryhy çeşmeşynaslyk ylmynda «Tezkireý-i şah Takmasp» («Şa Tahmaspyň ýatlamalary») atly işi bilen giňden tanalýar. Günbataryň belli gündogarşynaslary F.Teýfelin, P.Hornyň, D.Filliotyň, H.Bewerijiň, Э.Brounyň, W.Hinsin we beýlekilleriň tassyklamaklaryna görä bu eser hakykatdan hem şa Tahmasp tarapyndan ýazylypdyr.

Bu eseriň dürli ýurtlarda saklanýan beýleki nusgalary biziň eýýäm beläp geçişimiz ýaly «Şa Tahmaspyň ýatlamalary» diýilip atlandyrylýar. Eseriň atlarynda tapawudyň barlygyna garamazdan, onda şa Tahmasp öz dolandyran ýyllary barada gürrüň berýär. Eser «hekaýat» diýlip atlandyrylan bölümden ybarat bolup, olar «Ulama beg Tekeli barada», «Gazy han Tekeli barada», «Algas mürze [Tahmaspyň inisi] barada», «Isgender paşa [Osmanly türkmen serkerdesi] barada» we soltan «Baýazet [Osmanly türkmen soltany 1481-1512] barada» diýilip atlandyrylýar.

«Tezkiräniň» ýadygärlik ýazgylar we ýatlamalar mazmuny bardyr. Şol sebäpden hem eserde beýan edilýän wakalaryň senelerinde yzygiderlik häli-şindi bozulýar. Eserde gürrüň edilýän wakalaryň ählisi şa Tahmaspyň dilinden berilýär. Şa Tahmaspyň türkmen taýpalary, sefewi-osmanly gatnaşyklary, Şirwanyň Sefewi döwletine birikdirilişi baradaky berilýän maglumatlary gyzyklydyr. Şeýle hem eserde Sefewi türkmen döwletiniň gurluşy we dolandyrylyşy, welaýatlara häkimleriň belenilişi, mülkler we mülkdarlar baradaky gürrüňleri täsirlidir.

## Pudak Kazwinli

Biziň gürrügini edýän döwrümiziň belli taryhçylarynyň biri-de «münşi» («kätip», «sekretar») lakamly Pudak Kazwinlidir (1510-1580 ýý). Ol Sefewi türkmen döwletiniň taryhy barada «Jawahir al-ahbar» («Göwher [ýaly gymmat] habarlar») eserini ýazypdyr.

Pudak münşi 1510-nji ýylda Kazwinde dogulýar. Ol ondört ýaşynda «depderhana» diýlip atlandyrylan patyşa diwanyna işe durupdyr. Bir ýyldan soň Pudak üç tümen aýlyk bilen hazynanyň mürzesi wezipesine bellenilýär. Dört ýyl geçenden soň Pudagyň hat ýazyşy hazynadaryň göwnüne ýarapdyr we bäş tümen aýlyk belläp, ony öz ýanyna işe alypdyr. Diwan işiniň altynjy ýylynda sefewileriň «Döwlethana» köşgünde ýurt boýunça girdejileri we çykdajylary hasaba alýan edara açylyp, sekiz tümen aýlyk belläp, Pudagy bu ýere işe geçirýärler.

1530-nji ýylda şa Tahmasp sefewiler köşgüniň meşhur begzadasy Muhammet han Tekelini osmanly türkmenleriň elinden täzelikde alnan Bagdada emir edip belleýär. Muhammet hanyň «wekili» Emir beg Pudagyň kakasynyň inisi bolupdyr. Emir beg öz inisi Pudagy ýany bilen Bagdada alyp gidýär we ony Muhammet han Tekeliniň diwanyna mürze edip işe ýerleşdirýär. Üç ýyldan soň Muhammet han ussat hatdat Pudak münşä «leşgernewis» (goşun hat gatnadyjysy) wezipesini hem berýär we onuň aýlygy 20 tümenden 30 tümene çenli artdyrylýar.

Pudak münşiniň «Göwher habarlar» kitaby ählumumy taryh bolup, ondaky maglumatlar gadymy döwürlerden tä Ysmaýyl II (1576-1578) tagta çykaýan döwrüne çenli wakalary öz içine alýar. Iş «kysym» diýlip atlandyrylýan dört bölümden durýar we onuň soňky «kysmy» Garagoýunly, Akgoýunly türkmen patyşalaryna we sefewi türkmenleriniň ilkinji patyşalary bolan Ysmaýylyň we Tahmaspyň dolandyran ýyllaryna bagyşlanypdyr. Alymlaryň pikirine görä, Pudak münşiniň kitaby aýratyn hem şa Tahmaspyň dolandyran ýyllary barada birinji derejeli çeşme hasap edilýär. Sebäbi işiň ýazary köplenç halatda gürrüňi edilýän wakalaryň gözli şaýady bolupdyr ýa-da olara gös-göni gatnaşypdyr. Pudak münşiniň işinde ylym üçin has ähmiýetli bolan Akgoýunly we Sefewi türkmen döwletleriniň durmuş – ykdysady ösüşi bilen baglanyşykly maglumatlar hem duş gelýär.

Maglumatlardan görnüşi yaly sefewi türkmen döwletinde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleri Akgoýunly türkmen döwletindäkiden ep-esli tapawut edýändigi görünýär. «Göwher habarlaryň» şa Tahmaspyň dolandyran ýyllarynda ýazylandygy üçin onda bu türkmen patyşasynyň terjimehaly we eden işleri barada köp maglumatlar getirilýär. 1576-njy ýylda şa Tahmasp aradan çykýar. Onuň köp sanly aýallaryndan dokuz sany ogly, sekiz sany gyzy galypdyr. Ogullary: Muhammet, Ysmaýyl, Haýdar, Süleýman, Mustapa, Mahmyt, Ymamguly, Aly we Ahmet. Gyzlary: Göwher, Perihan, Hatyja,

Zeýnep, Merýem, Patma, Şähribanu we Hanyş. «Göwher habarlar» şa Tahmaspyň türkmen aýalyndan – Isa beg Mosully Türkmeniň gyzy Soltanym hanymdan bolan iki oglunyň kiçisi Ysmaýylyň tagta çykmagy bilen baglanyşykly wakalar we täze patyşa ak ýol arzuw etmek bilen tamamlanýar.

## Hasan beg Rumly

Türkmen halkynyň taryhy barada 10 tomlyk eser ýazan meşhur taryhçylaryň biri-de sefewi türkmenleriniň rumly taýpasyndan bolan Hasan beg Rumlydyr. Ol sefewi türkmenleriniň taryhy barada, aýratyn hem şa Tahmaspyň dolandyran ýyllarynyň taryhyny jikme-jik beýan edýän «Ahsan at – tawarih» («Taryhlaryň naýbaşysy») eserini döredipdir. Hasan beg 1530-nji ýylda Kumda doglupdyr. Onuň haçan we nirede aradan çykanlygy belli däl.

Hasan beg Kazwiniň mirasdüşer emiri Soltan beg Rumlynyň agtygy bolupdyr. Ýaşlykda hatdatlyk we hasapçylyk ugrundan bilim alypdyr. Abraýly maşgaladan bolandygy üçin kiçiliginden şanyň ýakyn adamlarynyň arasynda bolupdyr. 1541-nji ýylda şa Tahmaspyň Dizfula, 1546-njy ýylda Gürjüstana we 1550-nji ýylda Ardalan kürtlerine garşy ýörişlerine gatnaşypdyr. Hasan begiň ýazmagyna görä ol ýaşlykdan «kurçi» (Şanyň şahsy goragçylary) bolmaklygy arzuw edýär eken. Ýöne döwlet işi onuň bu arzuwunyň hasyl bolamagyna päsgel beripdir.

Hasan beg Rumlynyň «Taryhlaryň naýbaşysy» eseriniň diňe 9-10-njy tomlry saklanyp galypdyr. Eserde öz döwrüniň meşhur türkmen begzadalarynyň, din we döredijilik işgärleriniň, alymlaryň terjimehallary barada gymmatly maglumatlar getirilýär.

## Sadyk beg Awşar

Sadyk beg Awşaryň ady görnükli türkmen taryhçylarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýär. Sebäbi giň dünýägaraýşlary şahsyýet bolmak bilen ol şahyr, suratkeş, taryhçy hökmünde öz döwründe giňden tanalypdyr. Sadyk beg Awşar 1533-nji ýylda Töwrüzde dogulupdyr we öz döwrüniň

meşhur adamlaryndan sapak alypdyr. Ýetginjeklik we ýaşlyk ýyllary garyplykda geçipdir. Muňa garamazdan belli suratkeş Muzapbar Alynyň elinde okap, çeperçilik sungatynyň inçe syrlaryny öwrenipdir. Ýaş wagtlary terkidünýälige baş urupdyr we Töwrüziň häkimi Emir han Mosully Türkmene duşýança birnäçe ýyllap derwüşlik edipdir. Emir han oňa howandarlyk edipdir we ony öz ýanynda saklapdyr. Sadyk beg Awşar şa Ysmaýyl II döwründe «Kyrk sütün» köşgüniň ýanyndaky kitaphananyň çeperçilik ussahanasynda, Hudaýbendäniň (1578-1587) döwründe kitaphana müdiri, Abbas I (1587-1528) döwründe bolsa «kitapdar» bolup işläpdir.

Sadyk beg örän zehinli şahsyýet bolupdyr. Şa Abbasyň ýörişleriniň taryhyna bagyşlap ýazan «Jeňnama» eserinde Sadyk beg özüniň ençeme şygyrlaryny ýerleşdiripdir. Sefewiler döwrüniň taryhçylary öz eserlerini esasan pars dilinde ýazypdyrlar. Emma Sadyk beg Awşar babatynda beýle däl. Onuň ötgür galamyndan türkmen dilinde «tezkire» – «ýatlama» žanyrynda ýazylan «Majma–ul-hawas» («Duýgularyň jemi») eseri dünýä inipdir. Onda sefewi türkmenleriniň döwründe Türkmenistanda, Eýranda, Häzirbegjanda, Osman türkmenleriniň döwletinde bolup geçen syýasy wakalar, şeýle hem türkmen we pars edebiýaty barada giňişleýin gürrüň berilýär. Taryhçy A.A. Rahmany eýranly alymlaryň işlerine salgylanyp, Sadyk begiň dürli meselelere bagyşlanan 10 sany eseriniň bolandygyny belleýär.

Sadyk beg Awşar suratkeş hökmünde onlarça miniatýura eserlarini döredipdir we onuň çeken ajaýyp suratlary sungata sarpa goýýan şalara, şazadalara we begzadalara niýetlenilip döredilen ençeme golýazmalara ajaýyp bezeg beripdirler. Sadyk beg Awşaryň «Kanun as-suwar» («Suratkeşlik barada traktat») eseri sungatyň inçe ugurlarynyň biri bolan suratkeşlige bagyşlanypdyr.

## Isgender beg Türkmen

Türkmen halkynyň geçmiş taryhynyň şu döwri barada kitap ýazan meşhur ýazarlaryň biri-de Isgender beg Türkmen bolupdyr. Ol özüniň şa Abbasyň dolandyran ýyllaryna bagyşlanyp ýazylan «Tarih-i alamaraý-i Abbas-i» («Älemiň bezegi Abbasyň taryhy») atly eseri bilen meşhurlyk gazanypdyr. Isgender beg 1560-njy ýylda Töwrüzde dünýä inipdir. Şindi ýaşajykka sowat öwrenip başlapdyr. Ýöne okuwyny taşlap «siýak» (buhgalteriýa) ylmy bilen meşgullanyp ugrapdyr. Bu hünäri kämil derejede öwrenip döwlet işgärleriniň ýanynda işläpdir. Birnäçe wagtdan soň Isgender beg bu işi hem taşlapdyr we döwriniň sowatly adamlarynyň täsiri bilen ýazarlyk sungatyny öwrenmäge uly höwes bilen girişipdir. Tiz wagtdan ýazarlygyň ähli usullaryny öwrenipdir. Bu bolsa oňa şa Abbasyň «döwlet diwanynyň hormatly gullugyna durmaga» mümkinçilik beripdir. 1592-nji ýylda ol şanyň kätiplariniň («münşi») hataryna kabul edilipdir we döwletiň maliýe meseleleri bilen meşgullanyp başlapdyr. Isgender beg Türkmeniň şa Abbasyň «beýik münşileriniň» hataryna kabul edilmeginde beýik wezir Hatam begiň uly hyzmaty bolupdyr. Çünki Isgender begiň ýazmagyna görä, ol Hatam beg bilen dostlukly gatnaşyklarda bolupdyr.

Isgender beg diňe bir taryhçy hökmünde däl eýsem şygyrýetden baş çykarýan söz ussady hökmünde hem tanalýar. Ol özüniň eserini Gündogaryň meşhur şahyrlarynyň döredijiliginden alnan bentler, köplenç halatda bolsa öz şygyrlaryndan alnan setirler bilen «bezäpdir». Şeýle hem Isgender beg zehinli hatdat hökmünde sungatyň bu ugrunyň dürli usullaryndan we tilsimlerinden gowy baş çykarypdyr. Bu barada orta asyr ýazary Kazy Ahmet «Isgender münşi talikde, nastalikde, şikestede örän gowy ýazýardy» diýip belläpdir. Meşhur taryhçy, hatdat we şahyr Isgender beg Türkmen 1634-nji ýylda Töwrüzde aradan çykypdyr.

Isgender begiň eseri «mukaddeme» diýlip atlandyrylan girişden we «sahypa» diýlip atlandyrylan iki sany tomdan ybaratdyr. Onda Türkmenistanyň ,Eýranyň, Häzirbegjanyň,

Türkiýanyň, Arap ýurtlarynyň, Özbekistanyň, Owganystanyň we Hindistanyň taryhy boýunça gymmatly maglumatlar berilýär. 1938-nji ýylda neşir edilen Türkmenistanyň taryhy boýunça möhüm çeşme hasap edilýän «Türkmenleriň we Türkmenistanyň taryhy boýunça maglumatlar» (MITT) kitabynda hem Isgender begiň bu işinden parçalar getirilýär. Şol ýazgylarda türkmenleriň okly taýpasyndan bolan Aba serdaryň sefewilere garşy gozgalaňy barada gürrüň berilýär. Işiň girişinde Isgender beg sefewileriň nesil şalygy we olaryň şejeresi barada dürli çeşmelerden alnan maglumatlary giňden peýdalanypdyr. Eseriň şu bölümini ýazmak üçin dürli taryhy işleri, aýratyn hem «Tarih-i-ahwali salatin-i Turkman» («Türkmen soltanlarynyň taryhy») we «Tarih-i Turukmaniýýa» («Türkmenleriň taryhy») kitaplaryndan giňişleýin peýdalanypdyr. Isgender begiň eseriniň birinji tomy şa Abbasyň 42 ýyllap dowam eden hökümdarlygynyň 30 ýyllyk döwrüne (1587-1617ýý) bagyşlanyp, onda Sefewi türkmenleriniň döwletinde we sebitde bolup gerçen wakalar beýan edilýär. Işiň ikinji tomy şa Abbasyň ýurdy dolandyran soňky 12 ýyl döwrüne bagyşlanan (1617-1628 ýý). Onda şa Abbasyň içeri we daşary syýasaty barada jikme-jik gürrüň berilýär.

## Weliguly beg Dawutguly beg ogly Şamly

XVII asyryň meşhur türkmen taryhçylarynyň biri-de Weliguly beg Şamly bolupdyr. Weliguly beg kyssaçy hökmünde türkmen taryhy barada «Kysas – al – Hakani» («Hanlar barada kyssalar») eserini ýazypdyr. Bu eseri Weliguly beg 38 ýaşynda ýazmaga başlapdyr. Eseri onuň haçan ýazyp gutarandygy belli däl, ýöne 1674-1675-nji ýyllarda-da ol bu kitaby ýazmagyny dowam etdiripdir. Eserde Sefewi türkmenleriniň döwletiniň dörän wagtyndan tä şa Abbas II hökümdarlygynyň ahyryna çenli döwür (1666 ý) barada gürrüň berilýär. Onda Sefewi soltanlary, welaýatlaryň meşhur emirleridir hanlary, serkerderler we wezirler barada

baý maglumatlar getirilýär. Weliguly begiň döwlet wezipeleri barada berýän maglumatlary has hem gyzykly.

### Haýdar beg Abulkasym beg ogly Ýywa-oglan

Haýdar beg Ýow-oglanyň haçan dogulandygy anyk däl. Ol Günorta Häzirbegjanyň Günorta-Günbatarynda «Ýywa-oglan» diýen obada eneden bolýar. Haýdar beg ýaşlygyndan Yspyhanda şa köşgünde «gapy guly» bolup işleýär. 1636-njy ýylda kakasy Abulkasym beg ölenden soň şa Sefi I ony köşkde «işikagasybaşy» (köşkde dabaralary geçirýän emeldar) wezipesine belleýär. Öň bu wezipede Haýdar begiň kakasy işläpdir. 1664-njy ýylda Haýdar beg Ýywa-oglan sefewileriň taryhynda ýaramaz yz galdyran Abbas II (1642-1666 ýý) gazabyna duçar bolýar we jezalandyrylyp öldürilýär.

Haýdar beg Ýywa-oglan «Majma al-inşa» («Hatlaryň ýygyndysy») eserini döredipdir. Bu eser şa Sefi I bagyşlanypdyr. Adyndan belli bolşy ýaly bu kitapda türkmenleriň geçmiş taryhy bilen baglanyşykly iş dolandyryş resminamalary, permanlar, ýarlyklar we nusgalyk hatlar ýerleşdirilipdir. Bu esere seljuk türkmen hökümdary Alp-Arslandan (1063-1072) tä Abbas II (1642-1666) döwrüne çenli aralykda toplanan resminamalar girizilipdir. Haýdar begiň işiniň taryhy we çeşmeşynaslyk ähmiýeti ulydyr.

### Merkezi Aziỳanyň taryhy boỳunça çeşmeler

Gadymy we Orta asyrlarda kitap ýazmak we ony sowgat hökmünde hökümdarlara peşgeş bermek aýratyn üýtgeşik hormat hasaplanypdyr. Şonuň üçin hem alymlaryň arasynda üýtgeşik sowgat hökmünde dünýäniň kartasyny çekip, ony hökümdara bagyş edenleri hem bolupdyr.

Döwründe dünýä kartasyny döreden meşhur alymlaryň biri-de biziň ildeşimiz Muhammet ibn Nejip Bekran bolupdyr. Gynançly ýeri, meşhur älemşynas, geografiýaçy alym bolsa-da, Bekranyň ömri we döredijiligi barada kän maglumatlar saklanyp galmandyr.

Hatda onuň haçan we nirede doglandygy, haýsy ýylda aradan çykandygy-da doly belli däl. Onuň terjimehaly bilen baglanyşykly ýeke-täk sene belli, ol hem bolsa alymyň dünýä kartasyny 1208-nji ýylda düzüp gutarandygy bilen baglanyşykly senedir. Bu senäni ol özüniň dünýä kartasyna düşündiriş hökmünde ýazan «Jahannama» eserinde getirýär.

Bekranyň ylmy mirasyny öwrenen gündogarşynas alymlar bir agyzdan onuň aslynyň horasanlydygyny belleýärler. Käbir alymlar onuň Horasanyň Tus şäherinde doglan bolmagynyň mümkindigini belleseler-de, olar hem bu meseläni aýdyňlaşdyryp bilmändirler. Emma onuň diňe bir tusly däl eýsem merwli, sarahsly, balhly, hyratly ýa-da nişapurly bolmagy hem gaty ähtimaldyr, sebäbi alym öz işinde bu sebitleri örän gowy suratlandyrypdyr. Aýratyn hem alym Merwi, Sarahsy we Tusy özüniň bäş barmagy bilýändigini belläp geçýär. Bekran Horasanyň ady agzalan etraplary hakynda gürrüň bermek bilen bu ýerleriň ilatynyň gylyk-häsiýetlerine çenli beýan edipdir. Bu zatlary bolsa şu toprakda dogup-dörän, belet adamlar edip bilýärler.

Bekranyň «Jahannamada» aýdyşy ýaly, onda «Beýleki alymlar bilen deňleşmek, hökümdaryň mübärek elinden sowgat almak arzuwy Horezmşah Ala-ed-Din Muhammet bin Tekeş üçin dünýäniň kartasyny çyzmak islegi» döräpdir. Bu möhüm hem-de jogapkärli işi amala aşyrmak üçin Bekran birnäçe wagtlap irginsiz zähmet çekipdir. Ýazaryň «Jahannama» eserinden mälim bolşy ýaly, 1208-nji ýylda ol dünýä kartasyny düzmek işini tamamlapdyr we alymlaryň çaklamalaryna görä, bu karta Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Alaýeddin Muhammet II (1200-1220) sowgat berlipdir. Alymlaryň bu pikirini tassyklaýan käbir maglumatlar «Jahannamada» hem saklanyp galypdyr. Bekran eserinde Horasan bilen Horezmiň arasynda «Horezm çöli ýaýylyp ýatyr» (Garagum çöli bolmaly – J. A.) diýip ýazypdyr we Köneürgenje barmak üçin ondan özüniň geçip görendigini belläpdir.

Alymyň ýaşap geçen XII asyryň ikinji ýarymy – XIII asyryň başlary türkmen topragynda ylym-bilimiň we medeniýetiň ösen döwrüdi. Edil Beýik şeljuk türkmen döwletiniň döwründe bolşy ýaly, bu döwürde-de ylmyň ähli ugurlary boýunça uly miras toplanypdy. Älemşynaslyk hem-de geografiýa ylymlary has-da ösüpdi.

Muhammet ibn Nejip Bekran dünýä kartasyny özünden öňki meşhur alymlaryň, birinji nobatda türkmen topragyndan çykan ussatlaryň işlerine daýanyp düzüpdir. Amal etmesi kyn bolan bu işi döretmekde ol Muhammet ibn Musa al Horezminiň (787- 863) «Ýeriň surat kitaby» («Kitab surat al-ardi») eserinden we Abu Reýhan Muhammet ibn al-Birunynyň (973-1051) kösanly işlerinden giňişleýin peýdalanypdyr.

Geografiýa ylmynyň ösüşine uly goşant goşan alymlaryň biri-de Abu Reýhan Muhammet ibn al-Birunidir. Biruni öz döwründen ep-esli öňe gitmegi başaran beýik alym bolupdyr. Ol öz eserlerinde Gündogar ýurtlary, bu sebitiň ýerasty we ýerüsti baýlyklary barada örän köp zatlary ýazypdyr. Galyberse-de, onuň eserlerinde Günorta-Gündogar Aziýa, Malaýziýa we hatda Ýuwaş ummanyndaky Gawaý adalary baradaky maglumatlara-da duş gelmek bolýar. Amerika yklymy we Ýewropa barada ilkinji bolup söz açan hem Birunydyr. Biruny Demirgazyk Aziýa we Demirgazyk Ýewropa ýurtlary hakynda-da köp maglumat toplapdyr.

Biruny geografiýa baradaky maglumatlary örän giň we köp möçberde bilýär eken. Biruny ilkinji bolup globusy ýasan alymdyr. Onuň eserlerinde 600 gowrak ilatly ýerleriň geografiki ýerleşişi beýan edilendir. Dünýäniň kartasyny düzmek üçin Ýer üstüniň gurluşy, ony öwrenmekde geografiýa ylmynyň ýeten derejesi baradaky şu gymmatly ylmy miras Muhammet ibn Nejip Bekran tarapyndan jikme-jikme öwrenilipdir. Biruniniň «al-Kanun al-Masudi», «Asar al-mukaddimin» («Köneleriň eserleri»), «Kitab at-tafhim» («Düşündiriş kitaby») we «Tahdid nihaýat al-amakin li tashih masafat al-masakin» («Mesgenleriň we mekanlaryň serhetlerini kesgitlemek») eserleri Bekran

tarapyndan çyzylan dünýä kartasynyň hem-de şu kartanyň sözme-söz beýany bolan «Jahannama» eseri üçin esasy çeşme bolup hyzmat edipdir. Şeýle hem alym öz öňünde goýan maksadyna ýetmek, bu işleri doly hem-de dürs ýerine ýetirmek üçin Abulkasym ibn Hordadbehiň (IX a.) hem-de al-Istahrynyň (X a.) adybir «Kitab al-mesalik we al-memalik» («Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby»), ar-Ruhiniň (888-962) «Aşkal al-akalim» («Yklymlaryň şekilleri») Nasyr Hysrowyň (XI a.) «Safarnama» («Syýahat kitaby») eserlerinden hem peýdalanypdyr.

Muhammet ibn Nejip Bekran ibn-Hordadbehiň işinden ýurtlar we ýollar hakynda maglumat alan bolsa, Birunydan diňe bir maglumatlary almak bilen çäklenmän, onuň dünýäniň gurluşy hakyndaky nazary taglymlaryny hem giňişleýin peýdalanypdyr we olary öz işiniň esasy edip alandygyny belläpdir.

Bekran kartany düzmek we onuň düşündirişini ýazmak üçin ulanan çeşmeleriniň arasynda ymam Şerefeddin Tusynyň ýazgylary barada hem agzap geçýär. Bu barada ýazmak bilen alym «soňra men Rumdan dolanyp gelen ymam Şerefeddin Tusynyň golýazmalarynyň arasyndan, onuň öz eli bilen ýazan we aralyk ölçegi parsaňlarda görkezilen şäherleriň, deňiz kenarlarynyň ýerleşýän uzaklyklary we giňişlikleri bellenilen ýazgylarynyň bir bölegini tapdym. Bu ýazgylary ymam Tusy Konstantinopolda bolan wagty şäher kitaphanasyndan hile bilen ele salypdyr. Bu ýazgylary Rumuň patyşasy Konstantin köp sanly alymlaryň kömegi bilen döreden eken» diýip belläpdir.

Indi Muhammet ibn Nejip Bekranyň çyzan kartasy hakynda. Gynançly ýeri, alymyň kartasy mangol basybalyşlary döwründe ýitipdir. Öz döwründe Muhammet şanyň köşgüne ajaýyp bezeg beren bu meşhur eser ählumumy betbagtçylyklar döwründe beýleki köp sanly gymmatlyklar bilen ýanyp küle öwrülipdir. Emma kartanyň beýany bolan «Jahannama» ýitmändir. Şonuň üçin hem «Jahannamanyň» kömegi bilen Bekranyň düzen dünýä kartasynyň mysaly şekilini göz öňüne getirip bilýäris. Üstesine-de, eser öz döredilen topragyndan uzaklara gitmändir we asyrlar boýy Watanynda saklanyp galypdyr. «Jahannamanyň» Seýit Aly

Gürgeni tarapyndan 1265-nji ýylda göçürilen bir nusgasy Merkezi Aziýada, ýene bir nusgasy bolsa Gürgende saklanylypdyr. «Jahannamanyň» Muhammet ibn Muhtar al-Kafi tarapyndan 1430-njy ýylda göçürilen Gürgendäki nusgasy soňra Eýranyň ýerlerine, giçki döwürlerde bolsa Ýewropa ýurtlaryna düşüp, häzir Parižiň Milli kitaphanasynda saklanýar.

Bekranyň düzen kartasy edil häzirki zaman kartalaryna golaý kämil eser bolupdyr. Häzirki döwürde ylmy jemgyýetçilige gradusly çyzyklar bilen torlanan iki sany musulman kartasy mälim. Olaryň biri Hamdallah Kazwininiň (XIV a.) we Hafizi Abrunyň (XV a.) kartalarydyr. Emma Bekranyň gradusly çyzyklar bilen torlanan dünýä kartasy Hamdallah Kazwininiň kartasyndan 130 ýyl, Hafizi Abrunyňkydan bolsa 212 ýyl öň düzülipdir. Üstesine-de, alymlaryň ikisiniň hem kartasy «Jahannamadaky» beýandan mälim bolşy ýaly, Bekranyň torly kartasyny dolulygyna diýen ýaly gaýtalaýar.

Alym öz kartasyny uly göwrümli, «jäme» diýlip atlandyrylan galyň matanyň ýüzüne tegelek görnüşde çekipdir. Onuň ýüzünde şäherleriň, obalaryň, daglaryň, derýalaryň, deňizleriň, adalaryň, ýollaryň, ýurtlaryň, welaýatlaryň – mahlasy örän köp sanly geografiki atlar berlipdir. Ýöne, kartanyň gelip ýetmändigi zerarly onuň ýüzünde ýer-ýurt atlarynyň ňäçesiniň şekillendirilendigini biz bilemizok. «Jahannamada» bolsa olaryň diňe 600-den gowragynyň atlary getirilýär.

Kartanyň ölçeginiň uly bolandygy we onuň iňňän sünnälenip çyzylandygy düşnüklidir. Çünki ol şol döwrüň iň meşhur hökümdary bolan Muhammet II niýetlenip düzülipdi. Muhammet ibn Nejip Bekran kartanyň ýüzüni edil häzirki döwrüň kartalarynda edilişi ýaly, meridiýanlar we paralleller bilen torlapdyr, onuň ýüzünde ýer üstüniň gurluşy has anyk we düşnükli bolar ýaly, dürli reňkleri we syýalary ulanypdyr.

Bekranyň düzen kartasyna has gowy düşünmek üçin onuň «Jahannamada» beýan edilýän degişli bölümine ýüzlenmeli bolýarys. Onda hususan-da şeýle diýilýär:

«Üçünji bap. Dünýä kartasynyň ýüzündäki çyzyklaryň we ulanylan reňkleriň beýany.

Düşündirýäris, ýagny dünýäniň kartasynyň ýüzüne çekilen kiçijik tegelekler – bular şäherleriň ýerleşýän ýerleridir. Şol tegelejikleriň ýanynda, has düşnükli bolar ýaly hem-de her bir şäheriň nirede ýerleşýändigini biler ýaly, şäherleriň ady ýazylandyr. Käbir şäherleriň üstünden geçirilen we gara reňkde berlen tolkun şekilli çyzyklar – bular welaýatlary we etraplary (nihaýat) biri-birinden bölýän belgilerdir. Her bir welaýatyň hem-de etrabyň ady şol çyzyklaryň orta arasynda gyzyl syýa bilen ýazylandyr.

Ýaşyl reňk bilen deňizler görkezilendir, olaryň atlary bolsa deňizleriň içinde gyzyl syýa bilen ýazylandyr. Dury gök reňk bilen – uly akabalar (jeýhun) ýa-da derýalar (rud) görkezilendir, uly akabalaryň ýa-da derýalaryň atlary bolsa, olaryň üstünde gyzyl syýa bilen bellenilendir. Goňras-gyzyl reňk bilen daglar we olaryň her biriniň ýerleşýän ýerleri görkezilendir, daglaryň atlary bolsa olaryň depesinde görkezilendir.

Dünýä kartasyndaky sary reňk bilen berlen ýerler – çöllüklerdir, olaryň käbirleri akyp duran çägeli, käbirleri bolsa daşly-çägeli çöllüklerdir. Ak reňkler bilen görkezilen yerler çet demirgazykda ýerleşýär we ol ýerleriň gary hiç haçan eremeýär.

Gündogardan günbatara tarap çekilen uzyn ulgamlar – bular ýedi yklymy (klimaty – J.A.) biri-birinden bölýän serhetlerdir. Şol ulgamlaryň iki tarapyndan gara hat bilen her yklymyň ady ýazylandyr, ýagny her şäheriň haýsy yklymda ýerleşýändigine düşünmek üçin birinji, ikinji, üçünji we şuňa meňzeş tertipde ýerleşdirilendir.

Dünýä kartasyndaky köp sanly gyzyl çyzyklar, olardan käbirleri gündogardan günbatara, käbirleri bolsa demirgazykdan günorta tarap uzalyp gidýändir – bular uzaklyk we giňişlik çyzyklarydyr we karta seredýänler üçin olaryň ähmiýeti örän ulydyr. Sebäbi ol çyzyklar uzaklyklaryň we giňişlikleriň kömegi bilen her bir şäheriň nirede ýerleşýändigini takyk kesgitlemek

üçin hem-de karta seredilýän wagty hemme zat düşnükli bolar ýaly geçirildi».

Gürrüni edilen beýanda Bekranyň düzen kartasynda gradusly toruň bardygy özüne aýratyn ünsi çekýär. Geň galdyrýan hadysalaryň biri-de, Bekranyň kartasynda ýurtlaryň arasyndaky serhetler hem görkezilýär. Bu bolsa orta asyr kartalary babatynda seýrek duşýan hadysadyr.

Bekranyň kartasynda Ýer togalagynyň dört tarapynyň, seýle hem köp sanly adalaryň atlary-da ýazgy bilen şekillendirilendir. Şeýlelikde Muhammet ibn Nejip Bekranyň döreden kartasy dünýäde bize mälim bolan gradusly çyzyklar bilen torlanan orta asyr kartalarynyň iň gadymkysydyr. Ýeri gelende bellesek, Ýewropada ilkinji gradusly dünýä kartasy 1427-nji ýylda ýa-da bolmasa Bekranyň kartasyndan 219 ýyldan soň döredilipdir.

Gündogar ýurtlarynda kartografiýanyň ösüşine Ptolomeýiň täsiri uly bolupdyr. Emma IX asyrdan başlap bu täsir gowşaýar. Sebäbi bu sebitde aýratyn hem türkmen topragynda soňky asyrlarda geografiýa ylmynyň ösmegi bilen rimli alymlaryň könelen garaýyşlary täze ylmy açyşlar bilen doldurylýar. Bekranyň kartasy hem Ptolomeýiň garaýyşlaryna belli bir derejede eýerse-de, ol eýýäm kartografiýa ylmynda öňe ädilen möhüm adimdi. Bekranyň kartasy Ptolomeýiň kartalaryndan düýpli tapawutlanypdyr. Ýarym tôwerek şeklindäki kartalar hakynda gürrüň bermek bilen Bekran öňi bilen Ptolomeýiň ýarym töwerek şekilli kartasyny göz öňünde tutupdyr. Emma Bekranyň döreden kartasy häzirki döwürdäki ýaly üç ýüz altmyş gradusly doly tegelek görnüşinde çekilipdir. Bu bolsa şol döwrüň kartografiýa ylmy üçin möhüm açyşdy. Sebäbi häzirki zaman kartalary hem hut şu ülňi esasynda döredilýär.

Ptolomeýiň dünýäniň gurluşy hakyndaky garaýyşlarynyň ösdürilmeginde Gündogar alymlarynyň, birinji nobatda Birunynyň hyzmaty hem örän uly bolupdyr. Birunynyň gadymy ýunan ylmyndan ugur alýan, emma şunuň bilen bir hatarda ony täze açyşlar bilen dolduryan açyşlary Bekranyň kämil nusgadaky kartasynyň döremegine aýgytly täsir edipdir. Ýer togalagynda

deňizleri ýerleşdirmek usuly hem Bekran tarapyndan doly derejede Birunydan alnypdyr. Munuň üçin ol Birunynyň «Kitab at-tahfim» («Düşündiriş kitaby») eseindäki deňizleriň tegelek kartasyny giňişleýin ulanan bolmaly. Şeýle hem Bekran Birunynyň işlerinde berilýän giňişlikleriň we uzaklyklaryň astronomiki hasaplamalaryny, şeýle hem şäherleriň yklymlar boýunça ýerleşdirilişini peýdalanypdyr.

Bekran öz işinde köp sanly ýer-ýurt atlaryna hem gowy düşündiriş berýär. Onuň Amederýanyň ady baradaky düşündirişi gyzyklydyr. Bekran köplenç ýagdaýlarda ähli derýalary ýa-da uly akabalary «jeýhun» ady bilen beýan edipdir. Munuň sebäbini «ýönekeý adamlaryň uly derýalary «jeýhun» diýip atlandyrýandyklary» bilen düşündiripdir. Emma alym öz eserinde «ýöne araplar «Jeýhun» diýip Termeziň gapdalyndan akyp geçýän şol uly derýany atlandyrýarlar» diýip takyklaýar.

Indi alymyň düzen kartasynyň beýany bolan «Jahannama» eseri hakynda. Muhammet ibn Nejip Bekranyň «Jahannamasy» XIX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykarylypdyr. Ýewropada bu eser barada 1862-nji ýylda ýazypdyrlar. 1876-njy ýylda bolsa akademik B. Dorn Seýit Aly Gürgeniniň «Mesalik al-memalik» («Ýollar we ýurtlar») eserini terjime edýär. Emma soň görlüp oturylsa, Gürgeni eseriň ýönekeý göçürijisi bolup, hakykat ýüzünde urt er Bekranyň «Jahannamasy» eken.

Bu eseriň ýene-de bir golýazmasy Buharada ýüze çykarylypdyr. Golýazmany 1893-nji ýylda ýylda rus alymy A.G. Tumanskä sowgat beripdirler. Häzirki döwürde bu golýazma Sankt-Peterburgyň Saltykow-Şedrin adyndaky jemagat kitaphanasynda saklanylýar. A.G. Tumanskiý golýzmany düýpli öwrenip, Muhammet ibn Nejip Bekranyň Könergençli türkmen hökümdaryna sowgat bermek maksady bilen uly göwrümli matanyň ýüzüne dünýäniň kartasyny çekendigini we gürrüňi edilýän golýazmanyň hem (ýagny «Jahannamanyň») şol kartanyň sözme-söz beýany bolup hyzmat edendigini belläpdir.

Muhammet ibn Nejip Bekran bu eser hakynda işiň girişinde aýdypdyr we «ony dünýä kartasyna goşmaça, beýan hökmünde

ýazdym» diýip belläpdir. «Jahannama» eseri alymyň dünýä kartasyny hem-de bu eseri urt maksat bilen ýazmaga özüne itergi berendigini düşündirýän girişden we ýigrimi sany bapdan ybaratdyr.

Birinji bapda alym kartany hem-de «Jahannamany» döretmek üçin amal eden taýýarlyk işlerini, ulanan ähli çeşmelerini sanap geçýär, özüniň ýer togalagy hakyndaky garaýyşlaryny beýan edýär, geografiki giňişlik we uzaklyk hakyndaky düşünjelere düşündiriş beripdir.

Ikinji bap ýer togalagynyň adam ýaşaýan bölegini we onuň çäklerini beýan etmeklige bagyşlanypdyr. Üçünji babyň terjimesini biz ýokarda Bekranyň dünýä kartasy hakynda gürrüň edenimizde dolulugyna getirdik.

«Jahannamanyň» dördünji we bäşinji baplarynda kartadan nähili peýdalanylmalydygy öwredilýär, onuň ölçegi, ýerleriň arasyndaky uzaklyklar düşündirilýär.

Ýer ýüzuňiň umumy beýany eseriň deňizlere bagyşlanan altynjy babyndan başlaýar we ýedinji-onbirinji baplarda degişlilikde köller, batgalyklar, adalar, derýalar, daglar we çöller hakynda giňişleýin maglumatlar berilýär.

«Jahannamanyň» onikinji-ýigriminji baplarynda aýry-aýry ýerleriň beýany, olaryň howa şertlari, araplaryň we oguzlaryň, maňňyşlaklylaryň, ýazyrlaryň we halaçlaryň täze ýerlere göçmekleri bilen baglanyşykly wakalar, Hytaý hakyndaky maglumatlar, käbir ülkeleriň haýwanat dünýäsi, köp duşýan keseller, belli şäherleriň we ülkeleriň halklary, olaryň häsiýetleri, dünýäniň täsinlikleri we ajaýyp zatlary, gymmat bahaly daşlaryň gazylyp alynýan ýurtlary, käbir ýurtlardan äkidilýän harytlar we alysdaky Ispaniya hakynda maglumatlar berilýär.

Bekranyň «Jahannamamasynda» türkmenler hakynda ýa-da bolmasa alymyň öz ýazyşy ýaly «oguzlar, maňňyşlaklylar, ýazyrlar, halaçlar» barada-da ep-esli maglumatlar berilýär.

Görnüşi ýaly Muhammet ibn Nejip Bekranyň kartasynda hem-de onuň beýany bolan «Jahannamada» Uzak Gündogardan («Maşryk») tä Günbatar ýurtlaryna («Magrib») çenli aralykda

ýerleşýän ülkeler, sebitler hakynda baý maglumatlar berilýär. «Jahannama» eseri göwrüminiň gysgalygyna garamazdan (golýazmasy 52 sahypadan ybarat), mazmunynyň baýlygy, ony ýazan ajaýyp alymyň ylmy taýdan kämilligi hem-de akýürekliligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Öz ulanýan maglumatlary müňkürlik döretse, alym ony hökman işinde belläpdir. Bekran ulanan taryhy we geografiki çeşmeleriniň, älemşynaslyk jedwelleriniň ählisine tankydy taýdan çemeleşipdir. Şol sebäpden hem alymyň getirýän atlary, sanlary, mysallary we delilleri ygtybarly.

## Arap ỳurtlarynyň taryhy boỳunça çeşmeler

Türkmenleriň baý taryhy barada arap edebiýatynda ummasyz köp maglumatlar saklanyp galypdyr. Türkmenler hakyndaky maglumatlar VIII asyryň ortalaryndan başlap has hem köpelip ugrapdyr. Çünki Orta Gündogar ýurtlary we Merkezi Aziýa eýelenýän döwründe araplar türkmenler bilen ençeme ýola ýüzbe-ýüz bolupdyrlar. Özlerine ýiti garşylyk görkezen halk hökmünde, şeýle hem VIII asyryň başlaryndan arap döwletiniň syýasy we harby durmuşynda uly orun eýelläp başlandyklary üçin araplarda türkmenlere, olaryň däp-dessurlaryna, tebigy häsiýetlerine bolan gyzyklanmalar artypdyr. Şonuň üçin hem arap edebiýatynda şu ugurdan ýazylan köp sanly eserler peýda bolupdyr. Gündogarşynas alymlarynyň biragyzdan bellemeklerine görä, türkmenler hakynda ýazylan we olaryň dogabitdi häsiýetlerini açyp görkezýän esasy eserleriň biri XI asyrda Ibn Hassul tarapyndan ýazylan «Kitab tafdil el-Etrak» kitabydyr. Bu kitap öz döwründe elden-ele, ýurtdan-ýurda geçip giň meşhurlyga eýe bolan hem bolsa, ol soňky asyrlarda ýatdan çykarylypdyr we ylmy jemgyýetçilige nämälim bolup galypdyr. Eseri XX asyryň 30-njy ýyllarynda yrakly aklawjy Abbas al-Azzawy bagdatly kitapdar al-Karmawynyň hususy kitaphanasynda tötänleýin ýüze çykarypdyr we ony 1940-njy ýylda Yrakda neşir etdiripdir.

Ibn Hassulyň eseri barada diňe osmanly türkmen taryhçysy Hajy Halypanyň (XVII a.) «Keşf uz-zunun» («Nätakyklyklaryň

aýdyňlaşdyrylmagy») işinde agzalyp geçilýär, ýöne onda bu kitabyň mazmuny barada hiç zat agzalmaýar.

Eseri ýazan Ibn Hassulyň özi baradaky has doly maglumatlary biz as-Salibiniň ýazarlar we olaryň eserleri hakyndaky ensiklopediýa görnüşdäki «Tatimmat el-Ýetima» atly eserinden alyp bilýäris. As-Salibiniň berýän maglumatlaryna görä, Ibn Hassul X asyryň ahyrlarynda dünýä inip, 1058-nji ýylda bolsa aradan çykypdyr. Ýazaryň doly ady Abu al-Ala Muhammet ibn Aly ibn al-Hassuldyr. Onuň kakasy Abu al-Kasym öz döwründe sowatlylygy hem-de dilewarlygy bilen aýratyn tapawutlanypdyr. Ibn Hassulyň asly Hemedan şäherinden bolup, olaryň maşgalasy ol şindi çagaka Reýe göçüp gelipdirler. Ibn Hassul Reýde sowat öwrenipdir we soltan Mahmyt Gaznaly şäheri almazynyň öňisyrasy döwlet edarasynyň emeldary wezipesinde işleýär eken.

Sowatly hem-de ezber emeldar Ibn Hassul soltan Mahmydyň gözüne ilipdir we ony öz ýanyna alyp Gazna äkidipdir. Soltan Mahmydyň köşgünde Ibn Hassul uly hormatdan peýdalanypdyr, ýöne birnäçe ýyldan soň ol ýene-de Reýe dolanyp gelip, şol öňki hatdatlyk diwanynyň müdiri wezipesini ýerine ýetirmegini dowam etdirýär. Ibn Hassulyň öz eserinden mälim bolşy ýaly, türkmen soltany Togrul beg Reýi eýeländen soň, ol seljukly hökümdary we onuň ilkinji weziri al-Kundury tarapyndan hökümet işine çekilýär.

Ibn Hassulyň «Kitab tafdil el-Etrak» atly eseri türkmenleriň XI asyr taryhyna bagyşlanyp ýazylan ajaýyp eserleriň biridir. Aslyýetinde bu eseriň arap dilinde uzyn ady bolup, ol türkmen diline «Türkmenleriň beýleki halklaryň esgerlerinden artykmaçlygy we soltan (Togrul begiň) hökmirowanlygynyň (goý, Alla onuň baky beýikligini we onuň döwletini gorasyn) belent mertebesi hakynda kitap» görnüşinde terjime edilýär. Häzirki döwürde bu kitabyň arapça ady birneme gysgaldylyp, ony «Türkmenleriň beýleki halklaryň esgerlerinden artykmaçlygy hakynda kitap» («Kitab tafdil el-Etrak») görnüşinde beýan edilýär.

Ibn Hassulyň kitabynyň esasy mazmuny, ol Ybraýym as-Sabynyň Buýitleriň taryhyna bagyşlanan «at-Täç» eserini ýiti tankytlaýar we türkmenlere hem-de seljukly nesilşalygyna gysgaça häsiýetnama berýär. Munuň üçin ýazar öz öňünde iki sany wezipe goýupdyr: birinjiden ägirt uly musulman döwleti bolan Abbasy halyflygyny abraýdan düşüren buýitleriň taryhyny yzarlamalyi, ikinjiden bolsa seljukly nesliniň halyflygy gaýtadan dikeltmek ugrunda alyp baran asylly işlerini açyp görkezmeli bolupdyr. Ibn Hassulyň eserini ylmy taýdan öwrenen alymlar ýazaryň beýle etmeginiň maksada laýyk bolandygyny biragyzdan belleýärler. Sebäbi Abbasy halyflygynda dünýewi häkimýeti öz eline alan, gelip çykyşy boýunça Hazar deňziniň günortasynda ýerleşýän Gilýan welaýatynyň Deýlem etrabyndan bolan buýitler (olary buweýhitler we deýlemliler diýip hem atladyrýarlar) ägirt uly musulman döwletiniň güýçden gaçmagyna, welaýatlaryň özbaşdaklyga eýe bolmagyna, eden-etdilikleriň güýjäp, döwletiň dargamagyna sebäp bolupdyrlar.

Buýitler 945-nji ýyldan tä 1055-nji ýyla çenli abbasylaryň köşgünde halyflary hasap etmän hoaýynçylyk edipdirler, döwletiň dünýewi häkimýetini öz ellerine alypdyrlar. Olaryň döwründe halyflar erksiz hökümdarlara öwrülipdirler. Buýitler abbasylaryň köşgünde we goşunynda VIII asyryň ahyrlaryndan bäri gulluk edip gelýän türkmen serkerdeleri bilen hem oňuşmandyrlar, olar her edip, hesip edip türkmenleri häkimýetden çetleşdirmäge çalyşýardylar. Bu oňşuksyzlyklar kähalatlarda türkmenler bilen buýitleriň arasynda ýowuz çaknyşyklaryň bolmagyna-da getirýärdi. Bu barada ibn Hassulyň eserinde şeýle maglumatlar getirilýär: «Ýesirlikden dynansoň, türkmen tä baş serkerde ýa-da hajyp, ýa bolmasa uly goşun bölüminiň serkerdesi ýa-da iň bolmanda goşunda täsirli serkerde bolýança kanagat etmez. Emma bu Horasan üçin häsiýetli däldir, ýogsam bu welaýat olaryň ýurdy bilen araçäkde ýerleşýär, emma şeýle ýagdaý olaryň ýurdundan örän uzakda ýerşýändigine hem-de dillerinde tapawut bardygyna garamazdan Müsürde bardyr. Eger isleseňiz, dürli milletleriň esgerleri: deýlemliler (buýitler), araplar, kürtler

ýaşaýan Müsüri mysal getireýin. Ol ýerde öňden bäri türkmenlerden ar almak islegi bilen ýaşaýan we olara duşmançylyk gözi bilen garaýan deýlemliler (buýitler) hököm sürýärler. Ýüzýyllyklaryň dowamynda halyflar we deýlemli hökümdarlar (buýitler) olar bilen güýçlerini synamaly, olaryň hüjümlerini gaýtarmaly, öz döwletlerini saklamaly we beýleki halklaryň üstünden agalyk etmekde olar bilen göreşmeli bolupdyrlar. Emma bu halky boýun egdirmäge, onuň üstünden ýeňiş gazanmaga, oňa hötde gelmäge we ondan ökde çykmaga olaryň güýçleri ýetmändir. Olaryň hökmirowan, beýik, buýsançly hem-de egsilmez güýçli halkdygyna güwä geçýän Allanyň nazar salan Resulynyň «Olar size degmeýän bolsalar, sizem türk[men]leri bimaza etmäň» diýen sözlerini ýatlamak ýeterlikdir. Bu sözleri Allanyň nazar salan Resulynyň «Men garalaryň hem, gyzyllaryň hem Pygamberidirin» diýen sözleri bilen deňeşdiriň, ýagny bu - araplar hem arap däller diýildigidir. Şonuň üçin hem türkmenlere beýleki halklara yslama uýmagyň mukaddes sözlerini aýtdyrmak we olary bitewi bir dine jemlemek üçin söweşmek buýrulypdyr.» Diňe 1055-nji ýylda Togrul beg Bagdady alandan soň buýitler abbasylaryň köşgünden kowlupdyr we halyflar ýene-de öz kanuny häkimýetine eýe bolupdyrlar.

Ibn Hassulyň eseri 1252-nji ýylda dilçi hem-de hadysçy alym Hasan ibn Muhammet as-Sagany tarapyndan (1252-nji ýylda aradan çykan) göçürilen nusgasy görnüşinde biziň günlerimize gelip ýetipdir.Yrakly aklawjynyň Bagdatda ýüze çykaran golýazmasy hem şoldur.

Biziň ata-babalarymyz hakyndaky gymmatly maglumatlar XI asyryň ýazary Ibn al-Fakih al-Hemedanynyň «Ahbar al-Buldan» («Ýurtlar hakynda maglumatlar») eseriniň «Türkmenler hakynda» («el-Etrak») diýlip atlandyrylan bölüminde-de giňişleýin berilýär. Şeýle hem tebip we ýazyjy Aly ibn Muhammet al-Hijazy al-Kaýýini (1151-nji ýylda aradan çykan) seljukly hökümdary soltan Sanjara bagyşlap «Kitab mafahir el-Etrak» («Türkmenleriň mertebeliligi hakynda kitap») eserini ýazypdyr. Emma, gynançly ýeri, bu kitap biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Alymlaryň bellemegine görä, Ibn Hassulyň işi orta asyrlaryň ýene-de bir arap ýazary, IX asyrda ýaşap geçen belli kyssaçy Abu Osman al-Jahiziň «Türkmenleriň ähli halyf goşunlaryndan artykmaçlyklary hakynda Fath ibn Hakana iberilen nama» eseri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Sebäbi bu eserde berilýän maglumatlar bilen Ibn Hassulyň eserindäki maglumatlarda meňzeşlik köp. Ibn Hassul seljukly nesli hakynda gürrüň edende, bu nesilşalygyň gözbaşyny Seljukdan alyp gaýdýar, al-Jahiz bolsa bu nesilşalygyň taryhyny Seljukdan hem aňyrdan alyp gaýdypdyr. Ibn Hassul bilen al-Jahiziň eserleriniň arasyndaky ýene-de bir tapawut, ol hem bolsa al-Jahiz horasanlylaryň türkmenler bilen ýakynlygyny görkezmäge, hatda olaryň nesil şejeresini hem birleşdirmäge çalşypdyr, emma Ibn Hassul tersine olaryň arasynda tapawut goýýar.

Al-Jahiziň «Türkmenleriň ähli halyf goşunlaryndan artykmaçlyklary hakynda Fath ibn Hakana iberilen nama» işinde getirilýän maglumatlaryň, Ibn Hassulyň işindäki maglumatlaryň mazmuny bilen köp babatda gabat gelýändigini, onuň türkmenleriň tebigy häsiýeti barada ýazan şu setirleri hem belli bir derejede subut edýär: «Türkmenler öç almagy, ýalan sözlemegi, ikiýüzlüligi, şugulçylygy, hilegärligi, töhmet atmagy, ýakynlarynyň öňünde gopbamsylyk etmegi, ýoldaşlaryna yrsaramagy, dinine dönüklik etmegi, hile bilen kesekiniň emlägine eýe bolmagy bilmeýärler. Olaryň kemçiligi hem-de ezýet çekmekleriniň esasy sebäbi şulardyr: olaryň watanlaryny ýatlap gamlanmaklary, gezendelige hem-de ýörişlere gitmek islegleri, olja almaga ýykgyn etmekleri we öz ata-baba däp-dessurlaryna bagly bolup galmaklarydyr. Bir ýerde uzak wagtlap saklanmaklyk, öz edip biljek zatlary barada töweregindäkileriň bilmezligi, olaryň başarnyklaryna üns berilmezligi hem-de şol başarnyklaryň ulanylmagyna mümkinçilikleriň bardygyna garamazdan, oňa ähmiýet berilmezligi olarda ýigrenç döredýär we olary gaçmaga hem-de yzlaryna dolanmaga mejbur edýär. Haçan-da olary keseki esgerler bilen bir hatarda goýsalar, olar yzky hatarlarda durmagy halamaýarlar, ýönekeý esgerleriň

hatarynda durmagy, olar bilen goşulyşyp-garyşyp durmagy islemeýärler, olar muny özlerine mynasyp däl diýip hasap edýärler. Olar ýanalmaga we özleriniň ýatdan çykarylmagyna çydam edip gezmeýärler, özlerini kanuny hukuklaryndan mahrum etjek bolýanlary sylamaýarlar. Haçan-da olaryň başynda adamlaryň ykballary hakynda aladalanýan, ýaramaz hereketlere garşy durýan, ähli meselede hakykatdan ugur alýan, ahlaksyz hereketlere ýol bermeýän, mesele çözende adalatly çemeleşýän, wezipesini ýokary ussatlyk bilen ýerine ýetirýän, dolandyryşda diňe hakykatdan ugur alýan parasatly hökümdar goýsalar, ol hökümdar näme iş etse-de, onuň hyzmatynda türkmenleriň öz kysmatyna kaýyllary, pähim-parasada gulluk edýänleri, ýaramaz endiklerinden gaça durýanlary, hakyň ýoluny saýlap alanlary, ata Watanlaryndan umydyny üzenleri, zuluma däl-de, Allatala sygynýanlary, akylly-başlylary galar.»

Elbetde, al-Jahiziň hem-de Ibn Hassulyň eserleri dürli döwürlerde ýazylypdyr. Al-Jahiziň ýaşan döwründe Abbasy halyflygy dünýäniň iň kuwwatly döwletidi, türkmen esgerleri ýurduň paýtagty Bagdatda, şeýle hem döwletiň dürli sebitlerinde batyrlyk bilen gulluk edýärdiler. Türkmenler abbasylaryň köşgünde halyf Harun ar-Reşidiň (787-810) döwründe peýda bolup ugrapdyrlar. Horasanda, Horezmde, Sogdakda, Balhda, Gurda, Seýistanda, Amyderýanyň we Syrderýanyň boýlarynda ýaşaýan türkmenlere garşy uruşlarda beýleki arap hökümdarlary ýaly, Harun ar-Reşit hem olaryň gözsüz batyrlygy, mertligi, söweşjeňligi we ugurtapyjylygy bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr. Şonuň uçin hem bu ülkeler halyflygyň düzümine gutarnykly goşulandan soň, ol türkmen ýigitlerini goşun we köşk gullugyna alypdyr.

Halyflar uruşlarda ýesir düşen ýa-da gul söwdagärlerinden satyn alnan türkmenleri hem göwünjeňlik bilen goşunçylyga alýardylar. Arap söwdagärleri Oguz hem-de Gypjak sähralary bilen serhetleşýän ülkelere gelip, ýesir alnan türkmen gullaryny satyn alyp, olary Bagdada we halyflygyň dürli ülkelerine äkidýärdiler. Gul bazarynda gullary iňňän eserdeňlik bilen barlap satyn alýardylar. Taryhy ýazgylarda bu barada şeýle maglumat

saklanyp galypdyr: «Gul satyn almazdan öň, ony gapdallygyna ýatyrda, onuň böwürlerini mazaly barlaşdyr, bir ýerleri agyrýan bolaýmasyn» diýip atasy ogluna öwredýär. Gullaryň diňe köpelip biljeklerini satyn al. Türkmenleriň arassalyk hem-de gedemlik häsiýetleri bardyr. Cakganlykda olar iň gowy gullardyr. Alanlar – edermen, grekler – edepli, hojalykçy, gowy häsiýetli, dillerine eýe gullardyr. Emma ermeniler hojaýynyna biwepa bolýarlar, özi hem olar gaçmaga golaý»

Ibn Hassulyň döwründe türkmenler diňe bir Abbasy halyflaryna gulluk etmek bilen çäklenmän, eýsem olar eýýäm Müsürde Tulunylar (868-905), Ihşitler (935-969), Horasanda Gaznalylar (977-1186) we Merkezi Aziýada bolsa Garahanlylar (992-1211) döwletlerini hem döredip ýetişipdiler. Olardan Tulunylar bilen Ihşitler döwletleri bolsa eýýäm taryhyň sahypalaryna hem öwrülipdi. Ýeri gelende aýtsak tulunylar, ihşitler we gaznalylar nesilşalygyny hem söweşlerde ýesir düşen türkmen gullarynyň nesilleri esaslandyrypdylar.

## Seljuklaryň döwri barada çeşmeler

Türkmeniň il öňüne düşýän adamlaryna aýratyn hem döwlet işgerlerine nusga hökmünde döredilen «Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» atly ajaýyp taryhy eseri 1150-nji ýylda ýazylypdyr we ol Soltan Sanjaryň döwlet diwanynda saklanylypdyr. 1040-njy ýylda seljuklar Mahmyt Gaznalydan üstün çykanlaryndan soň Seljuk türkmenleriniň döwleti dünýäniň iň kuwwatly imperiýasyna öwrülýär. Aziýanyň ägirt uly ginişliklerinde ýerleşen bu döwlet Togrul begiň (1038-1063), Alp Arslan (1063-1072) we Mälik şanyň (1072-1092) dolandyran ýyllarynda has hem kuwwatlanypdyr. Bu döwletiň şeýle derejä ýetmegi hökümdarlaryň geçiren uly özgertmeleriniň we ýöreden adyl içeri we daşary syýasatlarynyň netijesinde bolupdyr. Bu hökümdarlar aýratyn hem döwletiň welaýatlaryna, emirleri we

häkimleri bellänlerinde Oguz handan gelýän nusgalyk ýol-ýörelgelerine eýeripdirler.

Döwleti ata-baba ýol-ýörelgeleri esasynda dolandyrmak, döwlet işlerini synagdan geçen halalhon adamlara ynanmak meşhur türkmen hökümdary Soltan Sanjaryň döwründe-de dowam edipdir. Soltan Sanjaryň türkmeniň döwlet dolandyryş taryhynda uly hyzmatlarynyň biri-de, ol Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň taryhynda ilkinji gezek ähli nusgalyk permanlary we hökümdaryň adyndan emirlere, häkimlere we döwletiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda uly yz galdyran ulamalaryň, alymlaryň we şahyrlaryň adyna ýazylan hatlary bir ýere jemledipdir. Bu ýygyndydaky permanlary we hatlary bir ýere ýygnamak işi 1150-nji ýylda tamamlanypdyr we ol «Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» («Atabat al-kataba») diýen şertli at bilen atlandyrylypdyr. Bu kitap köp ýyllaryň dowamynda Soltan Sanjaryn döwlet edarasynda («Diwany inşa») saklanyp, döwlet edarasynyň kätiplerini, mürzelerini kämilleşdirmekde gymmatly gollanma öwrülipdir. Bu kitap Soltan Sanjar ölup, döwletiň ýerleri Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň düzümine girenden soň hem öz ähmiýetini ýitirmändir. XIII asyrda türkmen ýerlerini Çingiz han basyp alandan soň emele gelen Hulagular döwletiniň (XIII-XIV) döwründe hem mongol emeldary üçin bahasyna ýetip bolmajak gollanma bolup hyzmat edipdir. Şonuň üçin hem bu kitap giçkirek döwür Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň we mongollaryň hökümdarlygy döwründe toplanylan permanlary we hatlary hem öz içine alyp «Seljuklaryň, Horezm şalaryň we mongollaryň irki döwürlerinden maglumatlar ýygyndysy» («Majmuaýy munşati ähdi seljukiýýan wa horezmşahiýýan wa ewaili ähti mogol») diýlip atlandyrylypdyr. Häzirki döwürde Turkmenistanyň taryhy boýunça möhüm çeşme bolan bu ýygyndy Russiýa YA-nyň Gündogary öwreniş institutynyň Sankt-Peterburg bölüminiň golýazmalar gaznasynda saklanylýar.

«Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» kitabynyň üçünji bir nusgasy şu at bilen häzir Müsüriň Kair kitaphanasynda

saklanylýar. Bu kitabyň nusgasynyň Müsüre düşmekligi ýöne ýerden däl. Sebäbi, bu mysal, döwründe Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň serhetleriniň Günbatarda has uzaklara ýetendigine şaýatlyk edýär. Muny «Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» atly eserde ýerleşdirilen permanlaryň birinde («Gürgene we onuň töwereklerine hekim bellenilmegi») Soltan Sanjaryň adyndan aýdylan «…Türkistanyň has uzakdaky (welaýatlarynyň) we Hindistanyň şäherleriniň soltanlaryndan we häkimlerinden başlap, Rumuň we Magrybyň ýurtlarynyň serhetlerine çenli ähli ýurtlaryň soltanlary we häkimleri biziň terbiýelänlerimizdir, bellänlerimizdir we bize paç töleýänlerdir. Olardan her biriniň boýnunda bize tabynlygyň boýuntyrygy bardyr» diýen sözler tassyk edýär.

«Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» ýygyndysy Soltan Sanjaryň meşhur kätibi al-Juweýni tarapyndan düzülipdir. al-Juweýni taryhçy, şahyr we ukyply döwlet işgäri bolupdyr. Gynançly ýeri, bu belli şahsyň terjimehaly barada maglumatlar köp däl. Al-Juweýniniň haçan doglup, haçan aradan çykanlygy belli däl. Oňa degişli az sanly maglumatlar Muhammet Aufynyň, Döwletşa Samarkandynyň we Çingiz han barada «Dünýäni basyp alanyň taryhy» («Taryhy Jahanguşaý») eseriniň awtory Ata Mälik Juweýniniň (1226-1283) işlerinde berilýer. Ýeri gelende aýtsak, Ata Mälik Juweýni al-Juweýniniň agasynyň çowlugy bolupdyr.

Al-Juweýniniň ady we unwanlary şeýledir: Aly ibn Muaýýit ad-Döwlet Muntajabeddin Muhlis al-Yslam wal-Muslimin Bady al-Kätib atabek al-Juweýni. Taryhy çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, al-Juweýniniň ata-babalaram, Ata Mälik Juweýniniň mysalyndan görnüşi ýaly, onuň nesillerem sowatly adamlar bolupdyrlar.

Taryhy çeşmelerde al-Juweýniniň nirede dogulany görkezilmeýär, ýöne onuň familiýasy onuň Horasan welaýatynyň «Juweýn» etrabynda doglan bolmagynyň mümkindigini çaklamaga esas berýer. Al-Juweýni «Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklary» atly ýygynda ýazan giriş makalasynda özi barada berýän maglumatlarynda 1122-nji ýylda Beýik Seljuk

türkmenleriniň döwletiniň paýtagty Merwe kätibiň işini öwrenmäge gelendigini, şonda 25-26 ýaşlaryndaky ýigit bolandygyny belleýär.

Al-Juweýni öz hojaýyny we halypasy Beýhakydan köp zatlary öwrenipdir. Şeýle hem ýaş kätip edenli serkerde bolan Bilge begiň yzyna düşüp, Seljuk imperiýasynyň köp ýerlerine aýlanypdyr. Şol döwürler ol «Galamyň [doredýän] gözelligi» («Rukýat al-Kalam») we «Nişapura hormat» («Tafzili Nişapur») atly goşgular kitaplaryny hem ýazypdyr. Nebsimiz agyrsa-da, olar biziň günlerimize gelip ýetmändir. Tiz wagtdan kämillige ýeten zehinli kätibe ykbal gülüp bakypdyr. Oňa şol döwrüň meşhur kätipleriniň geýýän lybasyny geýdiripdirler. Şerefeddin Beýhakynyň beren gowy hesiýetnamasynyň esasynda bolsa al-Juweýnini Soltan Sanjaryň döwlet diwanyna işe geçirýärler we ol Beýik hökümdaryň täsirli adamlarynyň birine öwrülipdir. Zehinli türkmen taryhçysy Ö. Gundogdyýew al-Juweýniniň Soltan Sanjaryň köşgünde öz döwrüniň belli şahslary bolan Hasan Gaznaly, Abdal Wasy, Emir Muýezzi, Enweri dagylar bilen bir hatarda uly hormatdan peýdalanandygyny belleýär.

Al-Juweýni Soltan Sanjaryň 10 weziriniň soňky üçüsiniň elinde işläpdir, wezirleriň uly hormatyna we sylagyna mynasyp bolupdyr. Soltan Sanjaram özüniň meşhur kätibine uly hormat goýupdyr, sylag-serpaýlar edipdir. Al-Juweýniniň Soltan Sanjaryň ýanynda uly abraýynyň we hormatynyň bolandygyny Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň taryhynda bolup geçen şeýle bir waka hem tassyk edýer.

XII asyryň 40-njy ýyllarynyň ortalarynda Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Alaýeddin ibn Atsyz Soltan Sanjara boýun egmän başlaýar we Horasanyň köp ýerlerine çozuşlar geçirýär. Alaýeddin ibn Atsyzyň bu hereketleriniň sebäbi Soltan Sanjar 1141-nji ýylda Katawanyň eteginde garahytaýlylardan ýeňlipdir. Alaýeddin mundan peýdalanypdyr we Köneürgenji seljuklaryň döwletinden bölüp aýyrmagyň kül-külüne düşýär.

1147-nji ýylda Soltan Sanjar kakabaş ýapjasyna garşy Köneürgenje ýöriş geçirýär we Hazarasp galasyny gabaýar. Gabalan galada Alaýeddiniň köşk şahyry we edil al-Juweýniniň Soltan Sanjaryň baş kätibi bolşy ýaly, onuň baş kätibi Reşideddin Watwat bar eken. Şonda akly çaşan, garry şahyr Watwat Soltan Sanjara bagyşlap ýaňsyly goşgy goşupdyr. Sanjar Hazaraspy eýeläpdir we Watwaty jezalandyrmagy buýrupdyr. Uly günä iş edenine puşman eden Watwat Soltan Sanjaryn atly emilerine, döwlet işgärlerine günäsiniň geçilmegini Sanjardan sorap bermeklerini haýyş edipdir. Emma hiç kimiň bu ýumşy bitirmäge bogny ysmandyr. Ahyrsoňunda Watwat öz kärdeşi al-Juweýnä ýüz tutupdyr. Soltan Sanjar al-Juweýniniň haýyşyny bitiripdir we Watwat aman galypdyr.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, al-Juweýniniň özem zehinli şahyr bolupdyr. «Kätipleri kämilleşdirmegiň basganҫaklary» beýik hökümdaryň döwlet diwanynda Soltan Sanjaryň iň soňky onunjy weziri, Nyzam al-Mülküň agtygy Nasreddin Nyzam al-Mülküň (1133-1153) ýolbaşçylygynda baş kätip al-Juweýni tarapyndan düzülipdir. Asyrlaryň dowamynda bu ajaýyp eserden ýüzlerçe kätipler, murzeler, munşiler döwlet işini ýöretmegiň tilsimlerini, permanlardyr, hatlaryň ýazylyşyny öwrenipdirler. Bu kitap XX asyryň başlarynda Eýranda alym Muhammet Kazwini tarapyndan ýüze çykarylyp, düýpli öwrenilipdir.

Ýygyndynyň Kair kitaphanasyndaky nusgasyny ýüze çykaran hem M. Kazwini bolupdyr. Bu ýygyndynyň ähmiýeti barada M.Kazwini şeýle ýazypdyr: «Seljuklaryň döwlet edaralarynyň hijriniň V1 asyrynyň başlarynyň we ortalarynyň (XII a.), şeýle hem Soltan Sanjaryň döwrüniň köp sanly emirleriniň, häkimleriniň, döwlet we din işgärleriniň alyp baran işlerine degişli baý taryhy maglumatlary özünde jemleýän kitapdyr». 1950-nji ýylda bu ýygyndyny taryhçy Abbas Ykbal Tähranda neşir edipdir. Ýygyndydaky permanlary we hatlary ol özüniň «Beýik seljuklar döwründe wezirlik» diýen saldamly kitabynda hem giňişleýin peýdalanypdyr. Ýygyndynyň Tähran, Kair we Sankt-Peterburg nusgalyklarynyň üstünde türk alymy M.A.

Köýmen hem işläpdir we 1951-nji ýylda Beýik Seljuk türkmenleriniň taryhy çeşmeleri hakynda ýazan kibynda ondaky maglumatlary giňden ulanypdyr.

Bu gymmatly kitabyň Sankt-Peterburg nusgasynyň üstünde bolsa meşhur gündogarşynas W.W. Bartold işläpdir. Ol özüniň «Türküstan mongol basybalyşlary döwründe» atly kitabynda hatlaryň we permanlaryň 30-a golaýyny çeşme hökmünde getirýär.

Bu ýygyndydan bäş sany perman Türkmenistanyň taryhy boýunça möhüm çeşme bolan «Türkmenistan we türkmenler barada maglumatlar» (MITT) kitabynda ýerleşdirilipdir. XX asyrda «Kätipleri kämilleşdirmegiň basgançaklarynyň» üstünde dürli ýurtlaryň alymlary E. K. S. Lembton, H. Horst, G.R. Romer, S.G. Agajanow, O.G. Bolşakow, G.G. Beradze, G.M. Kurpalidis we başgalar işläpdirler. Bu ýygyndyny Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň taryhy boýunça belli alymlaryň biri G.M. Kurpalidis rus diline terjime edipdir we ony 1985-nji ýylda neşir edipdir. Ol bu işi amala aşyrmanda nusga hökmünde Abbas Ykbalyň 1950-nji ýylda çap eden Tähran neşirini ulanypdyr.

Ýygyndynyň gürrüňsiz çeşmeşynaslyk ähmiýeti bilen bir hatarda, onuň uly sapak berijilik, terbiýe berijilik ähmiýeti-de bardyr. Çünki onda öz döwrüniň iňňän möhüm we derwaýys döwlet meseleleri gozgalýar. Ol meseleler bolsa hemişe bolşy ýaly, biziň döwrümiz – Garaşsyz hem baky Bitarap döwletimiziň gulläp ösýän döwri üçin hem möhüm meseleler bolup durýar. Üstesine-de, olar patyşanyň adyndan berlen permanlar. Çünki patyşanyň permany diňe ýolbaşçynyň haýsydyr bir wezipäni eýelemäge kanuny hukugy bolman, eýsem-de bolsa, ol açgöz, eli egri messepsiz, biwepa we iş başarmaýan döwlet işgärine hökümli duýduryşdyr. «Gürgene we onuň töwereklerine häkim bellenilmegi» atly permanda ýokarda häsiýetlendirilen kysmy ýolbaşçylara niýetlenen we wehimli duýduryş äheňde bir jümle bar. Ol jumle şeýledir: «… patyşalyk etmegiň beýikligi, jeza bermek hakyndaky permanyň tassyklanmagyndan ybaratdyr».

«Sarahsyň başlygy wezipesine bellenilmegi» atly permanda möhüm welaýatlara we jogapkärli döwlet wezipelerine bellenilýän adamlaryň şahsy sypatlary barada şeýle diýilýär: «… ýolbaşçy boljak adamyň gadymy kökleriniň bolmagy, onuň tejribesiniň, çydamlylygynyň beýlekilerden bir gez ýokary bolmagy zerurdyr. Ol durmuşyň ajysyny, suýjüsini gören, ýaşlykda taplanan bolmalydyr».

«Gürgene we onuň töwereklerine höküm bellenilmegi» permany hem sünňı-durky bılen many-mazmuna, pähim-paýhasa ýugrulan çeşme. Onda bu welaýata bellenilen häkimden edilýän talaplar, oňa bildirilýän uly ynym, şol ynamy ödemek üçin täze bellenilýän häkimiň amal etmeli işleri birin-birin görkezilýär. Şol amal edilmeli işler üstünden köp asyrlar geçen hem bolsa, biziň döwrümiziň ýolbaşçylary, harby we beýleki gulluklaryň ýolbaşçylary üçin hem uly nusga, uly görelde, uly ynam. Permandaky ýolbaşçylardan edilýän talaplar şulardyr: «Goý, ol galada we berkitmede wepaly, tejribeli, huşgär, harby häkimleri bellesin we bu meselede seresaplylygy hem-de işleri ýola goýmagy gözden salmasyn». Öz tabynlygyndaky işgärleriň we raýatlaryň aladasy baradaky talaplar permanlaryň öňe sürýän esasy pikiri. Sebäbi döwleti edara etmegiň baş wezipesi ýurduň we halkyň abadançylygydyr, raýatlaryň asuda durmuşydyr. Bu barada «Goý, ol welaýaty dolandyrmakda we ähli işleri ýola goýmakda rahatlygy hem-de ýürekleriň hoşamaýlygyny gazanmagy in esasy şert hasaplasyn» .

## Hindistanyň taryhy boýunça çeşmeler

Beýik şahyr Emir Hysrowyň ölmez-ýitmez eserleri Hindistanyň, Päkistanyň, Merkezi Aziýanyň, Orta we Ýakyn Gündogaryň türkmen, türki, urdu, hindi, arap we pars edebiýatlarynyň soňraky ösüşine ägirt uly täsir etdi. Onuň ady Orta asyrlaryň Rudaky, Enweri, Nyzamy, Sädi, Hafyz, Rumy, Nowaýy ýaly beýik söz ussatlarynyň hatarynda tutulýar. Emir Hysrow özüniň ölmez-ýitmez eserleri bilen bütin musulman edebiýatyny öz döredijiliginde birleşdirdi we onuň ösüşine

aýgytly itergi berdi. Şahyryň hakyky ady Ýamineddin bolup, oňa Abul Hasan lakamy hem tirkelipdir. Şahyra bu at, onuň Hasan atly oglunyň bolandygy («Abul Hasan» – «Hasanyň kakasy») üçin berlipdir. Türkmenlerde häli-häzirem aýal maşgalalar, käwagtlar çagaly-çugaly erkek adamlaryň atlaryny «pylanyň kakasy» diýip tutýarlar. Şahyryň doly ady - Ýamineddin Abul Hasan Emir Hysrow ad-Dehlewidir. Ýöne, bitiren beýik işlerini göz öňünde tutup, şahyry öz gazanan «Emir Hysrow Dehlewi» ady bilen tanaýarlar. Ol «hindi tawusy», «hindi totusy» tahalluslary bilen hem meşhurdyr.

Emir Hysrow 1253-nji ýylda Demirgazyk Hindistanyň häzirki Uttar-Pradeş ştatynyň gadymy Patyýala şäherinde tanymal türkmen serkerdesiniň maşgalasynda eneden dogulýar. Onuň kakasy Emir Seýfeddin Mahmyt han gelip çykyşy boýunça merkezi aziýaly oguzlaryň - türkmenleriň Laçynlar kowmundan bolupdyr. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, Emir Hysrowyň ata-babalary oguzlaryň bozuklaryndan ýa-da Oguz hanyň nowbahar ogly Gün hanyň nesillerinden bolupdyr. Taryhy maglumatlardan mälim bolşy ýaly, Gün hanyň ogullary Gaýanyň, Baýatyň, Agöýliniň we Garaöýliniň guşy laçyndyr. Beýik şahyr laçyn guşy özüne oňan edip alan Gün hanyň kowmundandyr.

Şahyryň kakasy Mahmyt han, Beýik Seljuk türkmen döwletiniň, soňra bolsa Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň möhüm bölekleriniň biri bolan Samarkant welaýatynyň Keş şäherinde doglupdyr. Ol mongol çozuşlary döwründe soltan Jelaleddin Meňburnuň goranyş söweşlerine gatnaşyp, türkmenleriň ýurt tutunan gadymy ülkesi Balha göçüp gelipdir we ol ýerden hem Hindistana gidipdir. Batyr serkerde Delidäki türkmen soltanlarynyň gullugynda durupdyr. Bu döwürler Delidäki türkmen soltanlygy howsalaly günleri başdan geçirýärdi. Sebäbi XIII asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap, döwletiň üstüne mongol basybalyjylary yzygider çozup durupdyrlar. 1222-nji ýylda başlan bu talaňçylykly çozuşlar tas ýüz ýyla golaý dowam edýär. Ýöne, mongol basybalyşlaryna sezewar edilen dünýäniň beýleki sebitlerinden tapawutlylykda, türkmen soltanlary

mongollaryň Hindistana tarap geçiren ähli ýörişlerini yzyna serpikdirmegi başarypdyrlar. Iltutmuş han (1210-1236), Kyýaseddin Balban han (1265-1287) we Alaýeddin han Halaç (1296-1316) mongollaryň 10-dan gowrak uly çozuşlaryny yzyna serpikdirip, gözel ýurdy weýrançylykdan halas edipdirler.

Bu söweşlerde Hysrowyň kakasy Mahmyt han aýratyn tapawutlanypdyr. Şonuň üçin hem soltan Iltutmuş, Deli soltanlygyny esaslandyran «kyrk türkmenler» diýlip atlandyrylan serkerdeleriň neslinden bolmasa-da, oňa batyrlygy üçin «Seýfeddin» – «Din gylyjy» adyny hem-de «Emir» derejesini beripdir. Batyr serkerdä Iltutmuşuň baş weziri Ymadylmülkiň göwni ýetipdir we oňa öz gyzyny beripdir. Weziriň gyzy Döwletnäz Begim Emir Hysrowyň ejesidir.

1260-njy ýylda Hysrow sekiz ýaşynyň içindekä, kakasy Mahmyt han mongollara garşy agyr söweşleriniň birinde wepat bolýar. Serkerdäniň ýetim galan çagalaryny onuň gaýyn atasy Ymadylmülk öz howandarlygyna alypdyr we agtyklaryna ýaşlykdan öz döwrüniň örän gowy bilmini hem-de edep-terbiýesini beripdir.

Ejesi Döwletnäz Begim şahyryň durmuşynda, onuň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde we ruhy taýdan kämilleşmeginde uly yz galdyrypdyr. Özüniň ölmez-ýitmez eserlerinde Emir Hysrow ejesine perzentlik söýgüsi we wepadarlygy bilen ýüzlenýär. Şahyr 1289-njy ýylda ýazan «Kyran as-sedaýyn» («Bagtly ýyldyzlaryň birleşmegi») eserinde Delide ýaşaýan ejesinden hat alandygyny belleýär. Şonda Hysrow iki ýyldan bäri Ganga deýasynyň boýundaky Awut ülkesinde, bu ýerlere ýörişe gelen soltan Keýkubadyň ýanynda eken. Döwletnäz Begim hatynda ogluny göresiniň gelýändigini ýazypdyr. Hysrow haýal etmän Soltandan rugsat alypdyr we ejesini görmek üçin Delä gelipdir.

Şahyryň Gutlug han, Zahyd han, Alaýeddin Aly şa atly doganlary, Hasan beg, Husameddin beg, Rukneddin beg, Aýneddin Hydyr beg atly ogullary, Afife Begim, Mastura Begim atly gyzlary bolupdyr.

Emir Hysrowda şygyrýete bolan çäksiz söýgi hem-de ukyp-başarnyk juda ir döräpdir. Ol sekiz ýaşynda gazal düzüp başlapdyr. Bu barada Emir Hysrow özüniň ýaşlyk ýyllarynyň döredijiligi bolan «Tohfat as-siýar» («Ýaşlyk sowgady») eserinde: «Adatça, çagalaryň dişi düşýän döwri, men gazal ýazýardym. Şonda meniň dahanymdan merjen däneleri dökülýärdi» diýip ýatlapdyr. Ol döwürler dil bilmeklik sowatlylygyň esasy görkezijileriniň biri hasap edilýärdi. Hysrow eýýäm 12 ýaşynda ene dilinden başga-da, urdu, arap we pars dillerini hem suwara bilýär eken.Ýaşlyk ýatlamalarynda aýdylyşy ýaly, Emir Hysrowy 20 ýaşynda köşk şahyrlarynyň hataryna kabul edýärler. Ol edebiýatdan, ylahyýet ylymlaryndan, musulman kanunçylygyndan, taryhdan, älemşynaslykdan, tebipçilikden örän gowy baş çykarypdyr. Hysrow diňe bir ajaýyp şahyr bolmak bilen çäklenmän, ol meşhur sazanda hem bolupdyr. Häzirki döwürde-de hindileriň söýüp diňleýän köp sanly aýdym-sazlarynyň Hysrow tarapyndan döredilendigini alymlar belleýärler. Meşhur sazanda Emir Hysrow hindileriň iň söýgüli saz guraly hasaplanýan sitarany döredijidir. Ol edebiýatyň hem-de dil bilimleriniň nazaryýetini, saz-sungatyny, Hindistanyň halk döredijiligini we ýerli halklaryň dillerini düýpli öwrenipdir

Emir Hysrow tä ömrüniň ahyryna çenli türkmen soltanlarynyň ägirt uly sylag hormatyna we çyn söýgüsine mynasyp bolupdyr. Delidäki tagtda türkmen soltanlarynyň haýsysynyň oturandygyna garamazdan, onuň köşkdäki abraýy hiç haçan beýgelmese peselmändir. Ol ýedi sany türkmen soltanynyň döwründe köşk şahyrynyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Emir Hysrow Kyýaseddin Balbandan (1265-1287) başlap, onuň ogly Mugyzeddin Keýkubadyň (1287-1290), Jelaleddin Firuz şa Halajyň (1290-1296), şahyra «emir» adyny dakan Alaýeddin Muhammet şa Halajyň (1296-1316), Hysrowyň esasy howandary Kutubeddin Mübärek şa Halajyň (1316-1320), Togalak soltanyň (1320-1325) we onuň ogly Muhammet han Togalagyň (1325-1351) dolandyran ýyllarynyň sözüň doly manysynda hakyky bezegine öwrülipdir.

Ýaşlyk ýyllarynda Emir Hysrow «Soltany» tahallusy bilen döredipdir. Onuň şahyrçylyk durmuşy Deli soltanlygynyň ikinji paýtagty ýa-da şol döwürde aýdylyşy ýaly «kiçi paýtagt» Multanda (häzir Päkistanyň iň uly şäherleriniň biri) başlaýar. Delidäki türkmen hökümdarlarynyň içinde Hysrowyň ilkinji howandary, onuň iň eý görýän dosty, tagtyň mirasdüşeri, soltan Kyýaseddin Balbanyň (1265-1287) uly ogly şazada Muhammet han bolupdyr. Emma döwletiň meşhur serkerdeleriniň biri, ilgünüň guwanjy, diniň diregi Muhammet han 1283-nji ýylda mongollara garşy gandöküşikli söweşleriň birinde wepat bolupdyr. Şazada şehit bolanda, Hysrow onuň ýanynda eken. Gandöküşikli söweşiň gidýän wagty şazada wepat bolupdyr, Hysrow bolsa ýesir düşýär. Ýöne, oňa ýesirlikden sypmak başardypdyr. Gäwürlere garşy mukaddes uruşda wepat bolan Muhammet hanyň ady, Delidäki türkmen soltanlygynyň taryhynda «Han şehit» ady bilen hemişelik galypdyr.

1283-nji ýylda Emir Hysrow Multandan Patiýala – ejesiniňkä gelipdir we şol ýerden hem Delä göçüp barypdyr. Ol döwürler Deli ägirt uly şähere öwrülipdir we taryhçy Zyýaeddin Baranynyň ýazyşy ýaly, ol Bagdadyň bäsdeşine, ikinji Kaire we täze Konstantinopola (Stambul) öwrülipdir. Şahyryň indiki howandary, täzelikde soltanlyga göterilen, Balbanyň agtygy Mugyzeddin Keýkubat bolupdyr. Emma özünden maslahat soralman, oglunyň tagta çykarylmagyndan Keýkubadyň kakasy, Bengaliýanyň emiri Bugra han nägile bolupdyr. Keýkubat kakasynyň garşysyna Bengaliýa tarap goşun sürýär. Bugra han hem goşunlary bilen oglunyň garşysyna çykypdyr. Emma 1288-nji ýylda Emir Hysrow ýaly abraýly köşk begzadalarynyň araçy bolmagynda, ataly-ogluň arasynda ýaraşyk baglaşmak başardypdyr. Bu waka şahyryň «Bagtly ýyldyzlaryň birleşmegi» («Kyran as-sadeýin») atly dessanynyň döremegine sebäp bolupdyr.

Bu wakadan köp wagt geçmänkä, Deli soltanlygynda häkimiýet başyna türkmenleriň täze nesilşalygy – Halaçlar gelýär. Nesilşalygyň birinji soltany Jelaleddin Firuz şa, belent hormatyň

alamaty hökmünde Hysrowa «emir» derejesini berýär. Şahyr «Hysrow» («Patyşa») tahallusyna-da şu ýerde mynasyp bolupdyr. Şonuň üçin hem köşkde oňa hemmeler «Emir Hysrow» diýip ýüzlenýärdiler.

Firuz şa ölenden soň, şa aýal kiçi ogly Ybraýym hany tagta çykarmaga synanyşypdyr. Şanyň uly ogly Arkaly han bolsa, Multanda eken. Emma nesilşalygyň ýaşulysy hökmünde häkimiýete Firuz şanyň inisi Alaýeddin Muhammet şa Halaç (1296-1316) gelýär. Alaýeddin Halaç Hindistandaky türkmen hökümdarlygynyň taryhynda «Ikinji Isgender», «Ikinji Jemşid» hem-de «Beýik Soltan» atlary bilen meşhurdyr. Ol ýygrimi ýylyň dowamynda ýeňişli ýörişleri yzygider alyp barypdyr we Hindistanyň ähli ýerlerini öz içine alýan ägirt uly türkmen hökümdarlygyny döredipdir. Alaýeddin soltan örän dyzmaç häsiýetli edermen esger, şöhratly serkerde hem-de beýik hökümdar hökmünde tanalypdyr. Ol Emir Hysrowyň hakyky howandaryna öwrülýär. Şahyra «Hysrow» adyny beren hem şoldur. Alaýeddin türkmen soltanlarynyň içinde Emir Hysrowyň iň köp wagtlap hyzmat eden patyşasydyr, şahyryň eserleriniň köpüsi Alaýeddin soltanyň döwründe ýazylyp, onuň ady bilen baglanşyklydyr.

Şol döwürler soltan Alaýeddin Halajyň köşgünde hebeşi (gara) gullardan gelip çykan begzadalar hem bar eken. Şolaryň biri dönük Gäwür öz hökümdary Alaýeddini zäherleýär we häkimiýeti bikanun eýeleýär. Gäwüriň bikanunçylygy uzaga çekmändir, ony türkmen serkerdeleriniň goldamagynda, tagtyň mirasdüşeri Mübärek şa ýok edýär. Emma Mübärek şa hem keseki asylly weziriň syýasy pirimleriniň pidasy bolýar. Ahyrsoňy Alaýeddin soltanyň serkerdeleriniň biri Togalak han dönükleri ýeňmegi başarýar we 1320-nji ýylda Togalaklar nesilşalygyny esaslandyrýar. Emir Hysrow soltan Togalagyň, 1325-nji ýylda ol ölenden soň bolsa, onuň az wagtlyk hökümdarlyk eden uly ogly Ulug hanyň köşgünde gulluk edipdir. Beýik şahyr Togalak hanyň kiçi ogly Muhammet hanyň hökümdarlygynyň birinji ýylynda aradan çykypdyr. Döwlet şanyň ýazyşy ýaly, «Emir Hysrow 725-

nji ýylda islegler bedewini ýaşaýşyň dar jülgesinden çykaryp, ony bakyýetiň ümmülmez giňişligine tarap ýüzün salyp çapdyryp gitdi we ruhunuň totusyny daşky duýgularyň kapasasyndan azat eýläp, bakyýetiň gandu-şeker ýurduna eltdi».

Emir Hysrowyň aradan çykan ýyly barada beýik türkmen şahyry Nowaýy hem ýazypdyr. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, şahyr 72 ýaşynda aradan çykypdyr. Emma Nowaýy onuň 74 ýaşandygyny belleýär. «Ol ýedi ýüz ýigrimi bäşinji ýylda, juma gijesi dünýäden ötüpdir we onuň ömri ýetmiş dörde ýetipdir. Hysrowy piri Nyzameddin şyhyň ýanynda depin kylypdyrlar» diýip, Nowaýy belleýär.

Emir Hysrow Dehlewi diňe bir türkmen edebiýatynyň taryhynda däl, eýsem dünýä edebiýatynyň taryhynda hem, köpsanly şygyr we kyssa eserlerini döreden ajaýyp şahyr hasap edilýär. Ol 5 sany poema, 22 sany dessan, ýüzlerçe kasydalary, rubagylary, gazallary döredipdir. Bar bolan maglumatlara görä, Emir Hysrow 400-500 müňe barabar bentleri döredipdir! Beýik şahyr dünýäden ötenden soň geçen asyrlaryň içinde, çeper sözüň çyn muşdaklary onuň ähli eserlerini ýygnamaga we neşir etmäge çalşypdyrlar. Döwlet şanyň ýazmagyna görä, «Alymlar Emir Hysrowyň diwanyny doly toplap bilmändirler. Soltan Seýit Baýsuňkar han Emir Hysrowyň gazallaryny ýygnamak üçin köp güýç sarp edipdir we şunuň netijesinde, oňa şahyryň 120 müň ikilemelerini toplamak başardypdyr. Soňra ol Emir Hysrowyň ýene-de 2 müň sany ikilemelerini ýüze çykarypdyr. Sebäbi olar şahyryň diwanynda ýok eken. Soltan Seýit Baýsuňkar şahyryň ähli şygyrlaryny ýygnamagyň mümkin däl işdigine, amala aşyryp bolmajak arzuwdygyna göz ýetiripdir».

Emir Hysrowyň ömri we döredijiligi barada şahyryň watany Hindistan bilen Päkistandan başga-da, daşary ýurtlarda hem köp işler edilipdir. Aýratyn hem Özbegistanda, Täjigistanda we Azerbaýjanda edilen işler kän. 1975-nji ýylda Özbegistanda, 1976-njy ýylda bolsa, ÝUNESKO-nyň karary bilen Hindistanda, Päkistanda we Täjigistanda beýik şahyryň doglan gününiň 700 ýyllygy uly dabara bilen bellenilip geçilipdir. Emir Hysrow

Dehlewiniň ady biziň ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiligine-de bellidi. A. Meredow, A. Mülkamanow, N. Gullaýew, K. Ataýew, T. Nepesow, S. Durdyýew, A. Bekmyradow ýaly görnükli türkmen edebiýatçy alymlarynyň işlerinde onuň ady agzalyp geçilýär.

Emir Hysrowyň ömri we döredijiligi musulmançylygyň sünni sopuçylyk ýol-ýörelgeleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Beýik şahyra goýlan bimöçber sarpa, belent hormat hem, belkäm şonuň üçindir. Sebäbi türkmenlerde pähimdar hem-de takwa adamlar şöhratly taryhymyzyň ähli döwürlerinde uly sylag-hormatdan peýdalanypdyrlar.

Emir Hysrow Dehlewi sopuçylyk akymynyň meşhur wekilleriniň biri bolupdyr. «Sopyçylyk» («sufizm») adalgasynyň araplaryň «suf» - «ýüň» sözünden gelip çykýandygyny, ýagny sopularyň egnine geýýän ýüň dony bolan «hyrka» bilen baglanşdyrýarlar. Bu sözi başgaça araplaryň «saf», türkmenleriň «sap», «arassa» sözleri bilen hem baglanşdyrýarlar. Käbir alymlaryň bu düşünjäni, ýunanlaryň «sofiýa» – «paýhas» ady bilen baglanşdyrýanlary-da bar.

Sopyçylyk taglymatyna görä, her bir sopy kämilligiň dört basgançagyny geçmeli eken. Onuň birinji basgançagy «şerigat» diýilip atlandyrylyp, islendik musulman adamsy ýaly, sopular hem şerigatyň ähli parzlaryny berjaý etmelidiler. Sopyçylygyň ikinji basgançagy «tarykat» diýlip atlandyrylyp, onuň türkmen dilinde «ýol», «ýörelge» ýaly manylary bardyr. Bu döwürde sopy, belli pirleriň birine gol ýapýar, ondan sapak alyp, ylahyýet ylmyny doly özleşdirýär. Sopuçylygyň üçünji döwri «maryfat» diýlip atlandyrylyp, bu döwürde sopynyň özi pirlige ýetişýär we töweregine sopy ýygnaýar. Sopyçylygyň soňky basgançagy «hakykat», onuň iň ahyrky hem-de ýokary derejesidir. Türkmen danasy Gorkut ata, Mäne baba, Hoja Ahmet Ýasawy, Bäheweddin Nagyşbendi, Nyýazguly halypa, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Ak işan, Gurbanmyrat işan, Molla Töre ahun, Gyzylaýak halypa ýaly tanymal akyldarlar we ulamalar sopuçylygyň ähli ýollaryny geçen pirlerdir. Emir

Hysrow Dehlewi hem Hindistandaky türkmen kowumlaryndan çykan, sopuçylyk taglymatynyň ähli derejelerine eýe bolan beýik musulman alymydyr.

XIII-XIV asyrlarda Hindistanda birnäçe belli sopuçylyk guramalary – mekdepleri bolupdyr. Şolardan «Çiştiýe» sopuçylyk guramasy öz töweregine köpsanly sopulary birleşdirýärdi. Bu guramanyň ady Mugyzeddin Çiştiniň (1242-1336) ady bilen baglanyşykly. Emir Hysrow Hindistandaky belli şyhlaryň biri, öz ildeşi, «Çiştiýe» sopuçylyk akymynyň ulamasy, ýigrimi üç ýaşynda pirlige ýetişen Nyzameddin Öwlüýäniň (1238-1325) sopusy bolupdyr. Piriň özi hem meşhur ulamanyň - özünden dört ýaş kiçi Mugyzeddin Çiştiniň sopusy eken. Çiştiniň hem asly Merkezi Azyýadan bolupdyr.

Babasy Ymadylmülk agtygy Hysrowy sekiz ýaşyndaka Nyzameddin Öwlüýäniň eline beripdir. Şonuň üçin hem şahyryň bütin ömri, özi ýaly türkmen soltanlarynyň köşgüniň bezegine hem guwanjyna öwrülen, piri Nyzameddin bilen aýrylmaz baglanşykly bolupdyr we ömrüniň ahyryna çenli öz piriniň ýörelgelerine wepaly bolup galypdyr.

Emir Hysrow piriniň edil yzy süre aradan çykypdyr we wesýet edişi ýaly, şyhyň edil gapdaljygynda jaýlanypdyr. Beýleki bir türkmen danasy Mürze Galyp ýaly, Hindistan ýurdunyň baş keramaty hasaplanylýan beýikleriň ikisiniň hem aramgähi häzirki güne çenli saklanyp galypdyr we olar ýerli halkyň geçmişde-de, biziň günlerimizde-de, esasy zyýarat edýän mukaddes ýerleriniň birine öwrülipdir. Indi, 700 ýyla golaý wagt bäri, Hindistanyň dürli milletleriniň we dinleriniň wekilleri, olaryň mazaryna zyýarata gelýärler.

Şahyryň Emir Hasan Dehlewi atly şahyr dosty hem bar eken. Ol Seýistanly (türkmenleriň asyrlar boýy ýurt tutunyp oturan ülkesi - Owganystan bilen Eýranyň arasyndaky düzlük ýurt) belli begzada Alaýeddin hanyň ogly bolupdyr. Ol hem dosty ýaly, ýaşlygyndan şyh Nyzameddiniň elinde terbiýelenipdir. Emir Hasan Delide Emir Hysrow bilen bir ýylda doglupdyr we 1327-nji ýylda-da aradan çykypdyr.

Emir Hysrow örän baý adam bolupdyr, sebäbi oňa beýik soltanlar howandarlyk edýärdiler. Taryhy çeşmelerde beýan edilişi ýaly, «Noh sipehr» («Dokuz asman gümmezi») atly dessany üçin soltan Kutubeddin şahyra «piliň ululygy ýaly altyny» sowgat beripdir. Emma türkmeniň sabyr-kanagatly dana şahyry ähli baýlygyny, dosty Emir Hasan ýaly şyh Nyzameddiniň sopyçylyk guramasynyň haýryna geçiripdir. Soňra bu iki dostuň baýlyklarynyň hasabyna, Hindistanda ençeme metjit-medreseler, aramgähler, kerwensaraýlar, bazarlar, hammamlar, keselhanalar we hanakalar gurlupdyr.

Belli şahyr Mir Taky Mir (1722-1810) Emir Hysrowyň urdu dilinde eser döreden ilkinji şahyr bolandygyna güwä geçýär. Onuň dürli ýyllarda ýazylan yşky eserleri bäş sany diwanda jemlenendir. Olar aşakdakylardyr: «Tohfat as-siýar» («Ýaşlyk sowgady»), «Wasat al-haýat» («Orta ýaşda»), «Gurrat al-kamal» («Kämillik döwri»), «Bakiýaýi-Nakiýa» («Saýlantgy»), «Nihaýat al-kamal» («Kämilligiň aňrybaşy»).

Emir Hysrow döredijiliginde beýik türkmen şahyry Nyzamydan ugur alypdyr we onuň yzyna eýeripdir. Nyzamy Genjewi dünýä edebiýatynda «Hamsa» («Bäş hazyna») eseri bilen meşhurdyr. Emir Hysrow beýik şahyryň döredijiligine jogap hökmünde öz «Hamsasyny» döredipdir. Adyndan belli bolşy ýaly, bu eserleriň her biri bäş sany poemadan ybaratdyr.

Dehlewiniň birinji poemasy «Parlak ýyldyzlar» («Matla-al-Enwer») 1298-nji ýylda ýazylyp, şahyr ony Nyzamynyň «Syrlar hazynasyna» jogap hökmünde döredipdir. Ýigrimi sany bapdan, 3310 sany bentden durýan eserde şahyr köp meseleleri gozgaýar. Poemanyň «Ylmyň peýdasy we nadanlygyň ejiri», «Söýgüniň beýikligi», «Ýoldaşlyk we dostlaryň ylalaşygy», «Dogan-garyndaşlyk edebi we rehimdarlyk», «Ynsanyň belent borçlary» ýaly baplarynda şahyryň ýnsan, ýnsanýet, ynsanperwerlik, edep-ekram, ýaşaýyş-durmuş hakdaky garaýyşlary beýan edilýär.

Emir Hysrowyň «Hamsasynyň» ikinji we üçünji poemalary hasap edilýän «Hysrow - Şirin» bilen «Leýli - Mejnun» eserleri 1298-1299-njy ýyllarda ýazylypdyr we soltan Alaýeddin Halaja

bagyşlanypdyr. Mälim bolşy ýaly, Nyzamyda hem edil şular ýaly adybir eserler bardyr. Şahyryň 4450 bentden durýan «Isgenderiň aýnasy» («Aýnaýy Isgenderi») poemasy, Nyzamynyň «Isgendernamasyna» ýazylan jogapdyr. Şahyr ony 1300-nji ýylda ýazypdyr. Onda şahyryň piri Nyzameddin Öwlüýä we dört ýaşlyja ogly Rukneddine bagyşlap ýazan baplary hem bar. Emir Hysrow Dehlewiniň 3344 bentden ybarat bolan iň soňky poemasy «Haşt behişt» («Sekiz behişt») 1301-nji ýylda ýazylypdyr. Hysrow ony Nyzamynyň «Haft peýker» («Ýedi peýker») poemasynyň jogaby hökmünde ýazypdyr. Bu poema Gündogarda uly şöhrata eýe bolupdyr. Häzirki döwürde dünýäniň dürli saklawhanalarynda onuň ýüzdenem gowrak nusgalary we terjimeleri saklanýar.

Emir Hysrow öz «Hamsasynda» Nyzamynyň beýan eden wakalaryny ulanypdyr. Ýöne, olar şahyr tarapyndan düýpli işlenilipdir. Şonuň üçin hem meşhur söz ussatlarynyň soňky asyrlarda döreden «Hamsalaryndaky» hem-de şahyryň poemalaryna öýkünilip ýazylan eserlerdäki wakalar, edil Emir Hysrowyň beýan edişi ýaly bolupdyr. Ýöne, Nowaýynyň belleýşi ýaly, ýazylan «Hamsalaryň» hiç biri hem Nyzama eýeren Hysrowyňkyça bolmandyr.

Emir Hysrow ajaýyp taryhçy hem hasap edilýär. Ol edebiýatyň «taryhy mesnewi» usulynda ençeme dessanlary döredipdir. Olaryň ilkinjisi şahyryň 1289-njy ýylda döreden «Bagtly ýyldyzlaryň birleşmegi» («Kyran as-sadeýin «) atly dessanydyr. Eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, dessanda iki soltanyň – ataly ogluň duşuşygy, şeýle hem türkmen soltanlarynyň mongol basybalyjylaryna garşy göreşleri beýan edilýär. Şahyryň eserini merkezi aziýaly syýahatçy hem-de alym Abdyrazzak Samarkandy (1413-1482) özüniň «Hindistana syýahat hakynda hekaýat we onuň gudratlarynyň we täsinlikleriniň beýany» atly işinde giňişleýin ulanypdyr.

Emir Hysrowyň şu ugurdan ýazan eserleriniň ýene-de biri, onuň Jelaleddin Firuz şa Halaja bagyşlap döreden «Ýeňiş açary»

(«Mehtaf al-futuh») dessanydyr. 1291-nji ýylda ýazylan bu eserde şahyr öz howandarynyň ýeňişli ýörüşlerini wasp edýär.

Emir Hysrowyň kyssa görnüşinde ýazylan «Ýeňişler hazynasy» («Hazaýyn al-futuh») atly eseri hem mazmuny boýunça taryhy mesnewi hasap edilýär. Onda Halaçlar nesilşalygyndan bolan türkmen soltanlarynyň mongollara garşy ýeňişli ýörişleri beýan edilýär, olaryň şanly ýeňişleri şöhratlandyrylýar. Poemada berilýän maglumatlar ygtybarlydyr, sebäbi Halaçlar nesilşalygyndan bolan soltanlaryň ähli ýörişlerine diýen ýaly şahyryň özi hem gatnaşypdyr.

Emir Hysrowyň bäş jiltden ybarat şygyrýet, dilewarlyk, golýazma we caz sungatlaryndan gymmatly maglumatlary berýän «Ijazi Hosrowi» («Hysrowyň wesýetleri») atly ajaýyp eseri hem bar. Onuň gazal görnüşinde ýazylan «Halyk bary» atly dessany mazmuny boýunça urdu we pars dilleri boýunça okuw kitaby hasap edilýär. Indi, 700 ýyl bäri Hindistanyň her bir sowatly adamsy ondaky gazallardan setirleri ýatdan aýtmagy we olary ýazýan işlerinde ulanmagy özlerine dereje bilýärler. «Halyk bara» öýkenip, soňra birnäçe eserler döredilipdir. Olardan Tajanlynyň «Alla-Hudaýy», Abdyl Wasygyň «Hamde-bary», Mürze Galybyň «Kadyr-nama» eserlerini görkezmek bolar.

Hysrowşynaslar şahyryň «Noh sipehr» («Dokuz asman gümmezi») dessanyny Hindistanyň şygyr bilen ýazylan özboluşly ensiklopediýasy (bilimnama kitaby) hasaplaýarlar. Çünki onda Hindistanyň halklary, olaryň dilleri, däp-dessurlary, edim-gylymlary, ýurduň gözel tebigaty, baý haýwanat dünýäsi we başgalar barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Emir Hysrowyň «Togolak nama» dessany onuň iň soňky eseridir. Dessan soltan Togalak hana bagyşlanyp, onda XIV asyryň 20-nji ýyllarynyň birinji ýarymynyň syýasy wakalary beýan edilýär. Şahyryň 1316-njy ýylda «taryhy mesnewi» usulynda ýazylan «Dewal-rani we Hydyr han» dessany iň kämil eserleriň biri hasap edilýär. Onda iki ýaş juwanyň, şazada Hydyr han bilen indus gyzy Dewal-raniniň hasratly söýgüsi beýan edilýär.

Hindi taryhçysy B. N. Luniýanyň aýdan bir sözi bar:»Eger-de Halaç we Togalak hökümdarlarynyň köşgünde ýaşan we olaryň howandarlygynda bolan ajaýyp ýazyjy hem-de şahyr Emir Hysrowyň ady agzalmasa, urdu edebiýatynyň ösüş gerimini doly görkezip bolmaz».

Hawa, Emir Hysrow Dehlewiniň genji-hazynasy Gündogar edebiýatynyň, şeýle hem dünýä edebiýatynyň çar künjüne tylla şuglasyny saçyp dur. Muňa akyldar türkmen şahyry Emir Hysrowyň dürdäne eserleriniň dürli dillerde neşir edilip, dünýä okyjylaryna ýetirilmegi-de güwä geçýär. Gadymy türkmen şygryýetiniň dünýä ýaýraýşynyň ajaýyp altyn köki bolan Emir Hysrow Dehlewiniň şygryýet dünýäsi adamzat kalbynyň ruhy dowamydyr.

## Türkiýäniň taryhy boýunça çeşmeler

Orta asyrlarda Ermenistan türkmenleriň höküm süren Kawkaz ülkesiniň möhüm ýerleriniň biri bolupdyr. Baryp Seljukly zamanasyndan başlap bu ýerler türkmen döwletiniň möhüm syýasy-ykdysady merkezleriniň biri hasaplanylýardy. Ermenistandan gelýän salgytlar döwlet hazynasynyň ep-esli bölegini düzýärdi. Seljukly zamanasynda ermeni halky türkmenleriň beýleki köp ýapja halklary ýaly asuda hem-de bereketli durmuşda ýaşaýardy.

Şindi türkmenler Ermenistany eýelemänkäler ermeniler häzirki döwürdäkisinden has giň ýerlerde ýaşapdyrlar. VII asyryň ortalaryndan IX asyryň başlaryna çenli Ermenistan arap halyflygynyň düzüminde boldy we Kartli, Arran, Şirwan we Derbent bilen bilelikde halyflygyň demirgazyk welaýaty bolan Arminiýýa (Ermenistan) dikmeligi emele getirýärdi. XI asyryň ortalarynda Ermenistany onyň güýçli goňşysy bolan Wizantiya döwleti eyeledi.

1071-nji ýylda ermeni topragynda bolup geçen Malazgirt söweşinde Wizantiya ýeňlenden soň soltan Alp Arslan ermeni ýerlerini öz serkerdeleriniň arasynda paýlap

berýär. Karinde (Erzurum), Karsda, Ýerznikde (Erzinjan) we beýleki ýerlerde Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň tabynlygynda birnäçe türkmen beglikleri döreýär. Şundan soň köp asyrlaryň dowamynda ermeni topragy türkmen hökümdarlary tarapyndan dolandyryldy we türkmenler Ermenistanyň taryhynda uly yz galdyrdylar.

Türkmenleriň Ermenistandaky hökümdarlygy barada ummasyz köp taryhy ýazgylar saklanyp galypdyr. Bulardan başga-da asyrlaryň dowamynda türkmen han-begleri tarapyndan galalar, köşkler, kerwensaraýlar, aramgähler, seýilgähler we beýleki binalar gurlup olar halkymyzyň ermeni topragy bilen baglanşykly geçmişini aýdyň beýan edýär.

Türkmenleriň Ermenistan bilen baglanşykly taryhyny öwrenmekde halkymyzyň uly mukaddeslikleriň biri bolan öwlüýäleriň hem uly ähmiýeti bardyr. Beýleki köp sanly ýurtlarda bolşy ýaly, ata-babalarymyzyň ýatan öwlüýäleri Ermenistanda-da az däl.

Ermenistanyň ýerinde ýerleşýän taryhy ýadygärliklerdäki ýazgylar XIX-XX asyrlarda dürli ýurtlaryň alymlary tarapyndan öwrenilipdir. Olardan A.Abihiň, M.Brosseniň, N.Ý. Marryň, N. Hanykowyň, H. Blohmanyň, A.A.Kalantaryň H.Linçiň, M. Berşemiň, H. Edhemiň, B. Bahmanyň, A. Kemalynyň, A. Şerifiň, A. Beýgunyň, A. Gabriýeliň, I.A.Orbeliniň, W.Grigoryanyň, A.T.Güzelýanyň, M.Neýmatowanyň, A.D.Papazýanyň, A.Ý.Simonýanyň, A. Haçatrýanyň we başgalaryň atlaryny görkezmek bolýar.

Ermenistan topragynda ilkinji dörän türkmen begliklериniň biri Ahdaby emirligidir. Bu emirlik Malazgirt söweşiniň yzysüre - XI asyryň 80-nji ýyllarynda döräpdir. Ýazuw çeşmelerinde bu beglik barada örän az maglumat berilýär we ýazgylar bu nesilşalygynyň gelip çykyşyny we onuň hökümdarlygyny jikme-jik beýan edip bilmeýar. Muňa garamazdan Ermenistanda türkmen emirleri tarapyndan gurlan dürli binalardaky we öwlüýälerdäki ýazgylaryň kömegi bilen bu begligiň käbir hökümdarlarynyň atlaryny anyklap bolýar. Kars şäheriniň XII

asyrda gurlan galasynyň ýüzündäki ýazgylarda Ahdaby neslinden bolan türkmen emirleri Seýfeddiniň, Abuseýit Arslanyň, Kerimeddiniň we başgalaryň atlary getirilýär.

Dürli ýyllarda Ermenistanyň ýerinde alymlar tarapyndan ýüze çykarlan bina ýazgylarynda Saltyklar, Ahlatşalar, Artyklylar, Meňgüýçliler, Çopanogullary, Eretnaogullary, Ildeňizler beglikleriniň taryhy hem belli bir derejede beýan edilýär.

Karsda we Karinde (Erzurum) gurlan binalardaky ýazgylardan mälim bolşy ýaly, Karsyň emiri Kerimeddiň, Kariniň emiri Izzeddin Saltygyň (1132-1168) ýapjasy bolandygy we bu türkmen hökümdarynyň öz gyzy Täç-en-Nisa Begim bilen ençeme binalary gurandygy görkezilýär. Muňa Kars galasynyň diwaryndaky «Bu bina Kerimeddiniň dolandyran ýyllarynda meşhur we adalatly hatyn, yslamyň we musulmanlaryň guramaçysy, Kerimeddiniň gyzy Täç-en-Nisa Begim tarapyndan guruldy. 548-nji ýyl [1153]» diýen ýazgy şaýatlyk edýar. Gala diwaryndaky başga bir ýazgy Karsy eýýäm Izzeddin Saltygyň weziri Firuz aganyň dolandyrýandygy görkezilýar. Firuz aga Täç-en-Nisa Begimiň adamsydyr. Ýüze çykarylan ýazgylaryň ýene birinde bu galanyň düýbüniň Seýfeddin Ahdaby tarapyndan tutulandygy we möhüm gurluşyga türkmen emirleriniň ençemesiniň gatnaşandygy beýan edilýär.

XII-XIII asyryň birinji ýarymynda Ermenistanda höküm süren türkmen nesillerniň biri-de Meňgüýçlilerdir. Nesişalygy esaslandyran Meňgüýçli Gazy 1071-nji ýylda Alp Arslan tarapyndan Ermenistanyň Ýerznik (Erzinjan) welaýatyna hökümdar edilip bellenýär. Karin welaýatynyň Miýadan obasynda Meňgüçliniň neslinden bolan Gazy Alynyň gubury saklanyp galypdyr. Bu ýerlerde saklanyp galan arap-pars dillerindäki bina ýüzündäki ýazgylar bu begligi esaslandyryjynyň Meňgüýçli Gazydygyny tassyk edýar. Taryhy eserleriň şaýatlyk etmegine görä, Meňgüýçli Gazy we onuň nesilleri şu ýerde jaýlanypdyr. Kamah etrabynda XI-XII asyrlarda gurlan bu nesle degişli meşhur aramgäh saklanyp galypdyr we onda bu merdana türkmen emiriniň nesillerinden Abul Fatyh Seljuk şa jaýlanypdyr. Halys

harabalyga öwrülen bu özboluşly bina nesilbaşysynyň hatyrasyna Mälik Gazy aramgähi, ýagny Meňgüýçli Gazy diýlip atlandyrylypdyr. Aramgähiň ýüzündäki ýazgylar hakykatdan hem bu ýerde Seljuk şanyň jaýlanandygyna şaýatlyk edýar. Onda şeýle setirler saklanyp galypdyr «Weli patyşa, adalatly, eňiji, yslamyň we musulmanlaryň ýarany, Seljugyň we Meňgüýçliniň nesilleriniň guwanjy Abul Fatyh Seljuk şa ibn Bähram şa ibn Dawut ibn Ishak - ol bolsa Meňgüýçliniň oglydy - goý Alla oňa rehim etsin». Aramgähiň içine girilýän küňräniň ýokarsynda ýerleşdirilen mermer daşyň ýüzünde bolsa: «Dünýä dursa, Meňgüýçli Gazynyň hökümdarlygy seniň üstüňe şugla saçar» diýlip ýazylypdyr.

Meňgüýçliler nesli Orta Gündogaryň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Olar taryhda medeniýetiň, ylym-biliminiň, edebiýatyň we sungatyň howandarlary hökmünde tanalýar. Döwründe Nyzamy Genjewä howandarlyk eden hökümdar hem şu nesilden bolan Erzinjanyň (Ýerznik) emiri Fahreddin Bähram şadyr. Baberd şäheriniň içki galasyndaky minaranyň diwarynda oturdylan daşyň ýüzündäki ýazgyda Fahreddin Bähram şanyň we onuň ajaýyp gyzynyň atlary getirilýär: «Bu minarany gurmaklygy buýran melike, alym, adalatly, diniň we dünýaniň päkizeligi, ähli hatynlaryň guwanjy, emir Fahreddin Bähram şanyň gyzy…». Emir Fahreddin Bähram şanyň gyzy Dünýä Hatyn («Halisat ad-Dünýä’’) soňra Kariniň Seljuk hökümdary Mugyseddin Togrul ibn Gylyç Arslana (1201-1225) durmuşa çykypdyr.

Ermeni topragynda Häzirbegjany we Ermenistanyň günorta-gündogaryny öz içine alan Ildeňizler atabegligi (1146-1225) bilen baglanşykly ýazgylar hem az däl. Ildeňizler döwründen galan meşhur ýadygärlikleriň biri Nahiçewanda ýerleşýän «Mömüne hatyn» aramgähidir. Aramgäh 1186-njy ýylda atabeg Muhammet Jahan Pälwan ibn Ildeňiz tarapyndan aýaly Mömüne hatynyň hatyrasyna gurlupdyr. Aramgähiň diwarynyň ýüzünde şeýle ýazgylar saklanyp galypdyr: « Bu aramgähi … Şemseddin Jahan Pälwan atabeg Abu Japar Muhammet ibn atabeg Ildeňiz bu dünýaniň we diniň beýikligi, yslamyň we musulmanlaryň

päkizeligi bolan Mömüne hatynyň hatyrasyna gurmaklygy buýurdy. Biz gaýydýarys, döwran bolsa galýar. Biz gidýäris, bu bolsa ýadygär galýar. Eý hudaý! Ýaman gözden sakla! 582 [1186] ýyl.»

Mömüne hatyn Ahladyň türkmen emiri Begtemir begiň gyzydyr. Aramgähde soňra atabeg Jahan Pälwanyň özi hem jaýlanypdyr. Bu döwletiň düýbüni tutan Ildeňiziň aýalynyň ady hem Mömüne hatyn bolupdyr. Atabeg Ildeňiz Hemedanda aramgäh gurdurypdyr we onda Atabegiň özi we aýaly jaýlanypdyr. Taryhçylar Rawendiniň we Döwlet şanyň ýazmagyna görä, Ildeňiz şindi diri wagty Hemedanda özi hem-de aýaly üçin aramgäh we metjit gurdurypdyr.

Nahiçewanda Ildeňizler döwründe gurlan gözel ymaratlaryň biri-de, 1162-nji ýylda bina edilen «Atababa kümmedidir». Bu aramgähde hakykat ýüzünde Ýusup Ibn Huseýin atly uly şyh jaýlanypdyr. Ýöne bu öwlüýäde türkmen begleriniň ençeme nesilleri hem jaýlanypdyr. Belki, şonuň üçindir, bu aramgäh «Atababa kümmedi» diýlip atlandyrylypdyr..

Gadymy Ermeni şäherleriniň biri bolan Wandaky «Uly Jamy» metjidi hem türkmenler tarapyndan gurlan özboluşly binadyr. Bu metjit XII asyryň ahyrlarynda Saltyk begiň nesilleri tarapyndan gurlupdyr. .

XIII asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap Ermenistanyň ýerlerine mongol basypalyjylary hüjüm edip ugraýar. 1236-1245-nji ýyllarda ermeni ýerleri mongollar tarapyndan doly diýen ýaly eýelenýär. Eýrandaky, Yrakdaky, Kiçi Aziýanyň gündogaryndaky, Kawkazdaky birnäçe türkmen beglikleri ýaşamagyny bes edýärler (Yrakdaky Seljuk döwleti, ahlatşalar, saltyklar, begteginler, zeňňiler, ildeňizler). Emma mongollaryň döwüründe täze türkmen beglikleri hem ýüze çykýar. Olar mongol hanlarynyň ýapjasy hasap edilse-de iş ýüzünde garaşsyzdylar.

Mongollar döwründe Ermenistanda höküm süren ilkinji türkmen emirleriniň biri Arslan Noýon hasap edilýär we ol «Beýik Ermenistan» welaýatynyň emiri bolupdyr. Onuň emirlik eden ýyllarynda bu emirligiň düzümine Günorta Ermenistanyň

Waspurakan, Rştunik, Sasun, Moks, Taron, Ahlat, Arçeş we Malazgirt ýerleri giripdir.

Kiçi Aziýanyň gündogarynda ýerleşýän ermeni ýerleriniň hökümdary bolsa Muýineddin Perwana bolupdyr. Perwana begiň dolandyran döwründe bu emirligiň düzümine Ýekelaýes, Daranaly, Sopk, Ýerznik-Kamah, Malatiýa, Kesareýa, Sebastiýa, ýerleri giripdir. Bu edenli türkmen begi 1277-nji ýylda mongol agalygyndan çykyp, özbaşdak Perwanaogullary türkmen begiligini (1277-1322) esaslandyrýar.

Ermenistanda mongollar döwründe türkmen taryhy bilen baglanşykly bina ýazgylary az däl. Olar esasan aramgähleriň, öwlüýälerdäki mazardaşlaryň we dürli binalaryň ýüzündäki ýazgylardyr. Bu döwrüň ýadygärliklerinden Ahlat şäherinde ýerleşýän «Hasan patyşa» («Uly Kümmet»), «Şirin Hatyn» («Iki Kümmet» ýa-da «Iki türbe»), «Arzen Hatyn» aramgählerini görkezmek bolar. Soňky iki zenanyň ikisi hem döwrüniň belli türkmen emirleriniň gyzy bolupdyr: Şirin Hatyn emir Abdyllanyň, Arzen Hatyn bolsa Ýaraly begiň gyzydyr. Hasan patyşa bolsa Ahladyň 1275-nji ýylda aradan çykan türkmen emiridir. Bu aramgähler XIII asyryň ahyrynda – XIV asyryň başlarynda bina edilipdir.

Ahlat şäheriniň «Meýdanlyk» diýlip atlandyrylýan gadymy öwlüýäsinde hem köp sanly ýazgylar saklanyp galypdyr. Şol öwlüýädäki bir mazaryň üstünde goýlan daşyň ýüzünde şeýle ýazgy bar: «Bu mazar bagtyýar şehit, ömri gysga, Beýik Allanyň rehimine mätäç Türkmen ogly Muhammediňki. Alwaý söweşinde wepat boldy. 674 [ 1275 ] ýyl.»

Kamahda gurlan «Tokaý Hatyn» aramgähi hem türkmenler tarapyndan Ermenistanda gurlan özboluşly binalaryň biridir. Tokaý Hatyn Günbatar Ermenistanda höküm süren Alaeddin Eretneoglunyň aýalydyr. Eretneogly 1328-1352-nji ýyllarda emirlik edipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Tokaý Hatyn aramgähini Ertneogly ölmeziniň öň ýanlary, ýagny XIV asyryň ortalarynda gurdurypdyr. 1333-nji ýylda Kamaha we Ýerznige gelen meşhur arap syýahatçysy Ibn Batuta

«Keýsaryda … ady agzalan emir Alaỳeddin Artanaň [Eretne] aýallarynyň biri - hatynlaryň iň myhmansöýeri we takwasy ýaşaýardy… onyň ady Tokaý Hatyn» diýip ýazypdyr.

Kamahda 1347-nji ýylda gurlan Gülaby beg metjidinde türkmen gelinleri Bagdat şa Hatyn bilen Dilşat soltan Hatynyň atlary getirilýär. Bagdat Hatyn emir Çopanyň gyzy bolup, ol Hasan Jelaýyryň aýalydyr. Jelaýyr ölenden soň ony zorluk bilen Ilhan Abu Seýide aýal edip beripdirler. Dilşat Hatyn bolsa Çopanogly Dymaşk Hojanyň gyzydyr. Ol Ilhanyň Bagdat Hatyndan soňky ikinji aýaly bolupdyr. Bu bina XIV asyryň birinji ýarymyna degişlidir.

Ermenistanyň gadymy Waspurakan welaýatynda, häzirki Nahiçewanyň Ordubad şäheriniň gündogarynda ýerleşýän Mälik Ybraýym öwlüýäsinde Togrul bege, Çagry bege ak pata beren Mäne Babanyň neslinden bolan Täjeddin Aly Abu Seýdiň gubury ýerleşýär. Guburyň üstünde dikilen daşyň ýüzünde: «… Bu gubur Abu Seýit Abul Haýr al-Horasanynyň [Mäne Babanyň] ogullarynyň ýedinji nesli, Abu Ceýit diýlip tanalan, dünýäniň we diniň täji, şeýh-ul-yslam, ynsanlaryň halypasy, haky gözleýän şyhlaryň serkerdesiniň gubury. Ýazgy edilen senesi 759-nji ýylyň Muharram aýy, penşenbe güni, günortan. [21. XII. 1357]… Bu dar dünýäden Abu Seýidiň ruhy atasynyň keramatly ruhy bilen tapyşmaga jennede tarap ugrady» - diýlip ýazylypdyr.

Ermenileriň Arske şäherinde Ahladyň 1384-nji ýýlda wepat bolan türkmen emiri Hydyr şa begiň gubury hem ýerleşýär. Guburyň üstünde dikilen daşyň ýüzünde «Bu gubur Goç Emir Jelaleddin Hydyr şa beg ibn Goçak Türkmeniňki» diýlip ýazylypdyr. Taryhçy Mirhondyň ýazmagyna görä Hydyr şa beg mongollaryň galyndysy Üweýis Soltanyň ýapjasy eken. Hatda Üweyis soltan Jelaýyr oňa üýtgeşik dereje bolan «Goç» unwanyny hem beripdir. Bu barada Mirhond şeýle ýazýar: «Soltan Hylatyň [Ahlat] hökümdary Hydyr şa örän seýrek dakylýan «Goç» unwanyny berdi.» Soňra Hydyr şa Uweýis soltanyň garşysyna gozgalaň turzup, mongollardan galan mirasy ýok etmek isläpdir. Emma gozgalaň şowsuz tamamlanyp, Hydyr

şa öldürilipdir. Aslyýetinde «Goç» unwany Garagoýunlylarda seýrek gabat gelýär, tersine Akgoýunlylarda bu dereje giň ýaýrapdyr.

Orta Gündogarda mongollaryň we çagataýlaryň agalygy synandan soň ermeni ýerleri türkmenleriň Garagoýunly we Akgoýunly döwletleriniň eline geçdi. Günorta we Merkezi Ermenistanyň köp ýerlerinde garagoýunlylar, demirgazyk, günbatar welaýatlarynda bolsa akgoýunlylar hökümdarlyk etdiler. Wan, Ahlat we Wostan taraplara türkmenler bilen goňşuçylykda ýaşaýan söweşjeň kürt taýpalary hem hüjüm edipdirler. Emma 1422-1427-nji ýyllarda Isgender Garagoýunly kürtlere garşy uly ýörüşleri geçiripdir we olary boýun egdiripdir.

Ermenistanda Garagoýunlylara degişli ençeme bina ýazgylary bardyr. Olardan Isgenderiň ogly Ýaraly beg Garagoýunlynyň hatyrasyna Arçeşde gurlan kümmetdäki ýazgylary görkezmek bolar. Kümmediň demirgazyk girelgesiniň ýokarsynda onuň «Emir Ýaraly şah» tarapyndan gurlandygy görkezilýär. Şeýle hem ýazgylaryň arasynda garagoýunly nesline degişli «Şah - Mustapanyň» we «Şah Alynyň» atlary tutulýar.Ýaraly şa 1425-nji ýylda kakasyndan Wany we onuň töwereklerini mülk höküminde alypdyr. Ýöne, 1434-nji ýylda kakasynyň garşysyna çykypdyr we Şirwana gaçypdyr. Bu gurlan kümmet Ýaraly şanyň ýene-de yzyna dolanyp gelendigini we kümmedi gurmak bilen bu ýerde öz neberesiniň öwlüýäsini esaslandyrmak isländigine şaýatlyk edýar. Ýaraly şa Garagoýunly 1449-nji ýylda aradan çykypdyr. Kümmetdäki ýazgylar onuň Ýaraly şanyň görkezmesi boýunça gurlup başlanandygyny we gurluşygyň 1458-nji ýylda tamamlanandygyny görkezýär.

XIII asyrda Çingiz hanyň, XIV asyrda bolsa Teýmirleňiň talaňçylykly ýörişlerinde Ermenistan ýurdy hem weýran boldy. Gözel şäherler, mes durmuşly obalar tozduryldy. Bu weýrançylyklarda mongollara we olaryň nesilleri bolan çagataýlara garşy urşlarda ýurt eýesi bolan türkmen tire-taýpalary hem ejir baryny çekdi. Ýöne, Ermenistan daglyk ýurt bolan soň, türkmen begleri Teýmirleňiň goşunlaryna degerli garşylyk

görkezip bilipdirler. Bu wakalar arap-pars dilli çeşmelerde, aýratyn hem ermeni ýazgylarynda özüniň mynasyp beýanyny tapypdyr.

Ermeni ýazgylarynyň bir artykmaç tarapy, olar esasan din wekilleri tarapyndan ýazylypdyr we olara ermenileriň özlerinden başga milletler düsünmeýärdiler. Şu ýagdaýdan peýdalanyp ermeniler taryh barada, aýry-aýry hökümdarlar barada islän zatlaryny ýazýardylar. Şonuň üçin hem ermeni ýazgylary bolup geçen wakalary has dogruçyl we ynandyryjy beýan edýärler. Üstesine-de, ermeni ybadathanalary Seljukly zamanasynda bolşy ýaly, türkmenleriň Garagoýunly, Akgoýunly, Sefewi we Osman döwletleriniň döwründe-de ep-esi artykmaçlyklardan peýdalanýardylar. Olar salgytdan boşadylyp, dini guramalaryň emlägi eldegrilmesiz diýlip yglan edilýärdi. Ýurt dolandyryjylary türkmenler musulman adamlary bolandyklary üçin isaýy din wekillerine uly hormat goýsalar-da, keseki dinliler bolan ermenileriň ybadathanalaryna barmaýardylar.

Biziň bilşimiz ýaly, adamzat taryhynyň ösüşiniň irki we giçki döwürlerinde dini edaralar ylym-bilimiň we magaryfyň merkezleridi. Bu ýerlerde ylmyň dürli ugurlarynda bolşy ýaly, taryh barada-da küt-küt kitaplar ýazylýardy. Ermeniler şindi ir döwürler özbaşdaklygyny ýitirendikleri üçin taryh kitaplary köşklerde däl-de, esasan din hadymlary tarapyndan ybadathanalarda ýazylýardy. Ermenistanyň milli golýazmalar mirashanasy bolan Matenedaranda bu ýurtda höküm süren türkmenler barada ummasyz köp maglumatlar saklanýar.

Garagoýunly türkmenleriň dolandyran döwründe (1378-1469) Ermenistanda höküm süren türkmen emirleri baradaky maglumatlar ermeni ýazary Towma Mesopesiniň «Leňk-Teýmiriň we onuň nesilleriniň taryhy» eserinde beýan edilýär. T. Mesopesi Teýmirleňiň 1387-nji ýyldaky ýörüşini beýan etmek bilen Ermenistanyň günorta-gündogaryndaky Sürmeli etrabynda Ararat daglarynyň bir ugry bolan Bardug dagynyň eteginde ýerli türkmen emiri Sähet begiň we onuň ermeni ýapjasy tanuter (häkim) Martiros bilen çagataýlara berk gaýtawul berendikleri

barada ýazýar. Agsak Teymiriň goşunlary bu ülkeden gidenden soň Martiros emir Sähediň elinden häkimýetini almak isläpdir. Emma Sähet beg Martirosdan öňürdipdir we onuň özüni agdaryp, türkmenleriň häkimiýetini berkidipdir. Bu barada T. Mesopesi: «Leňk-Teýmir gidenden soň, ýerli hökümdar, türkmen begi Sähet tanuter Martirosy Araz çaỳyna oklady we ol gark bolup öldi» diýip ýazypdyr.

Sähet begiň ata-babalary Ararat jülgesine XIV asyryň başlarynda göçüp gelipdirler we ençeme ýyllaryň dowamynda bu ýerlerdäki ownuk ermeni «paronlyklaryny» (hanlyklar) ýatyryp, bitewi türkmen emirligini döredipdirler. Ermeni çeşmeleriniň şaýatlyk etmegine görä, XIV asyryň bütin dowamynda Ararat welaýatynda şeýle paronlyklar bolup, olary: Aragoside Waçutýanyň nesilleri; Şapunikde, Waražnunikde we Kotaýkada Proşýanlar nesli; Kiçi Süýnikde we Ýokarky Haçende, Gegarkunigiň bir böleginde Dopýanyň nesilleri; Anide we onuň töwereklerinde Şehinşahlar nesli; Ýegbarda we Hawus-Tarda Azybegýanlar nesli, Waýos-Dzorda we Süýnikde Orbelýanlar nesli we beýlekiler dolandyrypdylar. Şu hanlyklaryň hemmesi Sähet begiň ata-babalary we ahyr soňunda onuň özi tarapyndan bir bitewi emirlige birikdirilipdir. Sähet begiň döreden bu emirligi Garagoýunly döwletiniň düzümine girýärdi. Şeýlelikde, ermeni taryhçysy A.D. Papazýanyň ýazyşy ýaly «Ararat jülgesinde, Ýerashadzorda we Sürmelide ermeni hanlyklary ýitipdir we ol ýerlerde esasan türkmen asylly taýpalaryň häkimiyeti esaslandyrylypdyr».

Köp ýyllaryň dowamynda Ararat ýurduna eýeçilik eden turkmen emirleri baradaky maglumatlar T. Mesopesiniň berýän maglumatlary bilen çäklenýärdi. 1955-nji ýýlda alym L. Haçikýan tarapyndan «XV asyryň ermeni golýazmalaryndaky taryhy ýazgylar» eseriniň 1-nji jildi neşir edilýär. Bu ýazgylardan emir Sähediň, onuň ogullarynyň we agtyklarynyň häkimiýetiniň Ermenistanda XV asyryň ortalaryna çenli dowam edenligini anyklap bolýar.

1411-nji ýylda Bagaran ülkesiniň bir künjegi bolan Akjagalada ýazylan isaýylaryň Ýewangeliýasyndaky ýadygärlik ýazgyda «Atyjylar taýpasyndan bolan [türkmenler] Ýusup hanyň [Gara Ýusup Garagoýunly] hokümdarlyk we Pir-Hüseýiniň [emir Sähediň ogly] paronlyk [emirlik] eden ýyllarynda» diýen ýazgy göze ilýär.

Ýewangeliýanyň 1412-nji ýylda Kars şäherinde göçürilen beýleki bir nusgasynda hem Teýmirleňiň ýörişlerinden soň Kars şäherinde «adalatly paron [emir] Pir-Hüseýin» tarapyndan dikeldiş işleriniň geçirilýändigi barada aýdylýar. Sähet beg we onuň ogly emir Pir-Hüseýin baradaky ýatlamalar 1414-nji ýylda Oşakanda ýazylan «Gulluk» kitabynda hem, şu golýazmanyň «Ýusup hanyň [Gara Ýusup] we Sähediň ogly Pir-Hüseýiniň patyşalyk eden döwründe» ýazgy edilendigi bellenilýär.

Agzalan taryhy çeşmeler 1411-nji ýyldan ir bolmasa, giç däl, Ararat welaýatyny Emir begiň ogly Pir-Hüseýiň dolandyrandygyny görkezýär. Şeýle hem Pir-Hüseýniň dolandyran ýyllarynda Sähet begiň esaslandyran emirligi, onuň oglunyň döwründe giňäp Ararat welaýatyndan başga-da Kars we onuň töwereklerini hem öz içine alandygyny anyklamak bolýar. Abdyrazzak Samarkandy özüniň 1470-nji ýylda tamamlan işinde Nahiçewan bilen Sürmeli welaýatlaryny hem «Sähediň ogullarynyň gadymy ýurdy» diýip belleýär. Taryhçynyň bu maglumatlary Nahiçewan welaýaty we ondan demirgazykda ýerleşýän ýerler, şeýle hem Akgoýunlylar bilen Sefewileriň arasyndaky söweşiň bolup geçen ýeri bolan Şurur welaýatynyň hem Sähet begiň nesilleriniň hökümdarlygyna degişli bolandygyny tassyk edýär.

Ermenistanyň taryhynda Sähet begiň we onuň nesilleriniň atlary uly yz galdyrypdyr. XV asyryň başlaryndan Ararat welaýaty «Çukur Sähet» diýip atlandyrylyp ugrapdyr. «Çukur Sähet» diýilmeginiň sebäbi Ararat jülgesi peslikde ýerleşendigi üçin bu ýerleri eýelän türkmenler öz Serdarlarynyň hatyrasynda täze ýurtlaryny «Çukur Sähet», ýagny has türkmençeläp aýtsak, «Sähediň çöketligi» diýip atlandyrypdyrlar. Dogry, arap-pars

ýazgylarynda ol «Çukur Sa'd» görnüşinde beýan edilýär. Emma biz ýene-de ermeni çeşmeleriniň kömegi bilen onuň türkmen dilinde nähili aýdylandygyny anyklap bilýäris. Ermeni ýazgylarynda «Çuhur-Sa'd» – «Sahata pos», ýagny «Sähediň çöketligi» diýlip atlandyrylýar. Bulardan başga-da, A.D. Papazýanyň bellemegine görä; «XIV asyryň bütin dowamynda Orta Aziýadan göçüp gelen we Sürmelide, Ýerashodzorda we Ararat jülgesinde, ýagny Araz çaýynyň iki tarapyndaky etraplarda mesgen tutan türkmen taýpalary XV asyrda» eýýäm «Sähetli» diýlip atlandyrylypdyr» diýip ýazýar. Şeýle hem alym şol döwürler Häzirbegjanda we Ermenistanda ýurt tutan türkmen taýpalarynyň aglabasynyň özlerini taýpa serdarlarynyň atlary bilen baglanyşdyryp atlandyrandyklaryny we şunuň esasynda ençeme täze-täze taýpalaryň ýüze çykandygyny belleýär.

XVI-XVII asyrlaryň arap-pars dilli çeşmelerinde berilýän «Çuhur-Sa'd» ady «bagtly çöketlik» ýa-da «bagtly jülge» diýlip terjime edilýär. Bu at baradaky maglumatlar fransuz alymy Şardeniň ýazgylarynda hem agzalýar. Sebäbi Şarden XVII asyrda Ararat daglarynyň ýerli ermeniler tarapyndan «Sahat-Topuz» diýip atlandyrýandyklaryny we onuň ýerli dilde «Bagtly geriş» manysynyň bardygyny belläpdir. Emma ermeni ýazarlary «Sahat-Topuz» adynyň başky «Sahata-pos» sözüniň wagtyň geçmegi bilen üýtgän, ýoýma görnüşidigini, ýagny «Saha[ta pos]» görnüşinden «Sahat-Topuz» görnüşe eýe bolandygyny belleýärler.

«Çukur Sähet» ady ilkinji gezek ýazuw çeşmelerinde 1428-nji ýylda görkezilýär. Ol at Eçmiadzin ybadathanasyna berlen Wagarşapat obasyna eýeçilik hakyndaky arap dilli ýarlykda getirilýär: «Çukur Sähet welaýatyna degişli Garby nahiýesiniň [etrap] obalarynyň biri Wagarşapat». Bu ýarlykda şaýatlar hökmünde görkezilýän köp adamlaryň familiýalary hem «Sähetli» diýlip atlandyrylýar.

Käbir ermeni ýazuw çeşmelerinde Sähet begiň agtyklary barada-da maglumatlar getirilýär. 1425-nji ýyla degişli ýazgylarda Sähet emiriň agtyklary Pir-Gaýybyň we Abdyllanyň

häkimlik edendigi bellenilýär. Dogry, olaryň Sähet emiriň ogly Pir-Hüseýiniň oglydygy ýa-da däldigi görkezilmeýärde, ýöne «Sähediň agtyklary Pir-Gaýybyň we Awdylyň [Abdyllanyň] paronlygynda» diýlip beýan edilýär.

Eýýäm bellenip geçilişi ýaly, emir Sähediň mülki bolan Günorta-Gündogar Ermenistan, Nahiçewan, Häzirbegjanyň bir bölegi Garagoýunly döwletiniň düzümine girýärdi. Soltan Gara Ýusup ölenden soň 1420-nji ýylda tagta onuň ogly Isgendir Garagoýunly (1420-1437) geçýär. Taryhy çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, Isgender örän edenli, ýöne şunuň bilen birlikde ýowuz hökümdar bolupdyr. Ol ýerlerdäki türkmen emirlerine, şol sanda Sähetli neslinden bolan emirlere hem ýowuz darapdyr we olaryň köpüsiniň häkimiýetini ellerinden alypdyr. Şonuň üçin hem XV asyryň 20-30-njy ýyllarynda Sähetli neslinden bolan emirler hakynda çeşmelerde aýdylmaýar. Ýöne, 1437-nji ýylda Isgender öldürilenden soň Töwrizdäki häkimiýet Gara Ýusubyň beýleki ogly Jahanşa Garagoýunlynyň (1437-1467) eline geçýär. Jahanşa adalatly hem-de edenli patyşa hökmünde dogany Isgenderiň yzarlan emirleriniň ählisine häkimiýetlerini we hukuklaryny gaýtaryp beripdir. Sähetli neslinden bolan emirleriň öz häkimiýetini gaýtaryp alandyklaryny 1441-nji ýylda ermenileriň baş ybadathanasynyň Kilikiýadan (Kiçi Aziýa) Eçmiadzine [Ýerewanyň töwereginde] göçüp gelmegi bilen baglanşykly ýazgylar tassyklaýar. Onda «Ararat ýurdunyň emiri Ýakup beg Sähetliniň» ady agzalýar.

Kürt ýazary Şeref han Bidlisiniň ýazgylarynda hem 1458-nji ýylda Hüseýin han Sähetliniň Jahanşanyň goşunlarynyň düzüminde öz goşunlary bilen şanyň Horasana guran ýörişine gatnaşandygyny we Astrabat Soltan Söýüniň elinden alnandan soň Jahanşa tarapyndan Gurgene emir bellenendigini ýazýar. Emma birneme wagt geçenden soň Hüseýin han Sähetli Soltan Söýüniň goşunyndan ýeňlipdir we wepat bolupdyr. Gürrüňi edilýän maglumatlar Garagoýunly döwletinde Sähetli nesliniň we taýpasynyň uly ähmiýete eýe bolandygyny we emirlige bolan hukuklaryny dikeldendiklerini görkezýär.

XV asyryň 50-nji ýyllarynda başlap «Çukur–Sähet» welaýaty bilen baglanyşykly maglumatlarda Sähetli taýpasy ýatlanylsa-da bu nesilden bolan emirler hakynda aýdylmaýar. Oňa derek ermeni ýazarlary «Jahanşanyň hanlyk süren», «patyşalyk eden», «Ermenistan ýurdunyň hökümdary Jahanşa Türkmen», «Uzyn Hasanyň hanlygynda», «Hasan begiň paronlygynda» we şuňa meňzeş zatlary köp agzaýarlar. Ýöne bu sähetli nesliniň emirlikden gidendigini aňlatman, döwletde merkezi häkimiýetiň berkändigini we şonuň üçin hem taryhy ýazgylarda köplenç emirlere däl-de, patyşalara uly ähmiýet berlendigini görkezýär.

Demirgazyk-Günbatar we Günorta-Günbatar Ermenistanyň dürli şaherlerinde we obalarynda Akgoýunly türkmenleriň hökümdarlygy barada-da köp sanly ýadygärlikler saklanyp galypdyr. Şol ýadygärliklerdäki ýazgylaryň biri, Ýerzenigiň golaýyndaky Rumsaraý obasynda Akgoýunly nesliniň gözbaşynda duran Turaly begiň jaýlanandygyny habar berýär. Baberdiň golaýyndaky Sinor obasynda (häzirki ady Çaýyrýoly) bolsa Turaly begiň ogly Fahreddin Gutlug begiň aramgähi ýerleşýär. Yöne, nebsimiz agyrsa-da, soňra ol ýumrulypdyr. Şonuň üçin hem apamgähdäki ýazgylar Gutlug begiň gurduran «Hajy Gutlug» metjidinde goýlupdyr. Yazgylarda «…merhum emir Turaly begiň ogly Fahreddin Gutlug beg…» diýen setirleri görmek bolýar. Akgoýunly nesliniň üçunji wekili Gutlug begiň ogly Piraly beg Kehi obasynda oturypdyr. Onuň ady şu obadaky metjidiň minarasyna ýazylypdyr. Şu metjidiň hoz agajyndan edilen münberiniň ýüzünde Piraly begiň ogly emir Pilten begiň ady görkezilýär. Şeýle hem şu obada Pilten begiň gyzy Howand Soltan Hatynyň gubury hem ýerleşýär. Onda şeýle ýazgylar göze ilýär: «Bu gubur Pilten begiň gyzy, merhum Howand Soltanyňky…» Ýazgydan mälim bolşy ýaly Howand Soltan Hatyn 1415/16-njy ýylda aradan çykypdyr. Pilten begiň ikinji gyzy Sara Hatyn emir Gara Ýülük Osmanyň ogly emir Ala durmuşa çykýar. Sara Hatyn Akgoýunlylaryň meşhur patyşalary Jahangiriň (1444-1457) we Uzyn Hasanyň (1457-1478) ejesidir.

Pilten begiň nesilleri Belent Ermenistanyň obalarydyr şäherlerini köp ýyllaryň dowamynda dolandyrypdyrlar. Ahlat şäherindäki metjidiň ýazgylarynda Pilten begiň ogly Bahlul begiň gyzy Şa-Selime Hatynyň ady tutulýar. Şa-Selime Hatyn Ahlatyň emiri, Akgoýunlylaryň şöhratly serkerdesi Mubarizeddin Goç Baýandyr beg ibn-Rüstemiň (1472-1481) aýaly bolupdyr. Şa-Selime Hatynyň Ahlatda gurduran jaýynyň ýüzünde: «Bu binany gurmaklygy buýran… merhum emir Bahlul begiň gyzy…tanymal hatyn, beýik hatynlaryň şöhrady Şa-Selime Hatyn. 897 [1492] ýyl» diýen ýazgy bar. Şa-Selime Hatynyň adamsy emir Goç Baýandyr beg hem tanymal adam bolupdyr. Baýandyr begiň ömrüniň irki döwürleri barada köp zat bilinmeýär. Hasan beg Rumly « Naýbaşy taryh'' eserinde Uzyn Hasanyň Baýandyr beg atly garyndaşynyň bolandygyny belleýär. Oňa derek ermeni ýazary Mowses 1472-nji ýylda emir Goç Baýandyryň Ahlady gabandygyny we soňra eýeländigini ýazýar.

Uzyn Hasanyň döwründe Akgoýunlylar döwleti halkara ähmiýete eýe bolýar. Döwletiň şeýle derejä ýetmeginde Uzyn Hasanyň serkerdeleri bolan Goç Baýandyr begiň, Süleýman beg Bijanoglunyň we Sopy Halylyň hyzmaty uly bolupdyr . Ermeni ýazary Akop Arskesi 1480-nji ýyla degişli ýadygärlik ýazgysynda şeyle maglumat getirýär: «Şol ýyl Urfada [Edessa ] uly uruş boldy, onuň hem sebäbi Müsürüň Pag atly soltany uly goşun bilen Urfa ugrady, ýurdy we şäheri talap …galanyň üstüne çykdy. Hasan patyşanyň [Uzyn Hasan] ogly Agup patyşa [Ýakup Akgoýunly] bolsa özünin batyr serkerdesi Goç Baýandyra uly goşun berip, ony Pagyň garşysyna ugratdy we ol Paga garşy uruş etdi. Söweşde ondan üstün çykyp, onuň goşunyny dargatdy we gacmaga mejbur etdi.»

Goç Baýandyr beg 1477-nji ýylda «Baýandyr» metjidini gurdurypdyr. Gynançly ýeri, bu meşhur türkmen serkerdesi Ahlady uzak dolandyryp bilmändir. 1481-nji ýylda garyndaşy Ýakup Akgoýunla garşy gozgalaň turzanlygy üçin egindeşleri Süleýman beg Bijanoglynyň we Sopy

Halylyň goşunlary tarapyndan öldürilýär. Baýandyr begiň guburynyň üstünde soňra ajaýyp aramgäh gurlupdyr.Bu ymarat «Baýandyryň aramgähi» diýlip atlandyrylýar. 1488-nji ýylda bu owadan aramgähde meşhur serkerdäniň ogly Muhammet aga Baýandyr hem jaýlanypdyr. Eýýäm bellenip geçilişi ýaly, aramgähiň golaýynda Muhammet aganyň ejesi, Goç Baýandyr begiň bosa aýaly, Şa-Selime Hatynyň guran jaýy hem ýerleşýär.

Gürrüňi edilen binalar we olardaky ýazgylardan başga-da Ermenistanda ençeme gadymy türkmen öwlüýäleri hem bardyr. Öwlüýälerdäki guburlaryň üstüne goýlan mazardaşlary bu toprakda ýatan merhumlaryň türkmendiklerine şaýatlyk edýär. Ermenistanyň Sisian etrabynyň Urut obasyndaky öwlüýädäki mazardaşlarynyň ýüzünde şeýle atlar häli-şindi gabat gelýär. «Emiriň ogly Muhammetguly (1482)», « Emiriň gelni Perihan (1504)» ,» Myradyň ogly Argun (1556)», «Gutlug ogly Hanmyhammet (1576) », « Kuly begiň gyzy Näzijan (1584)» , «Aýsoltan (1584)», «Nury ogly Şanazar (1599)», «Saparguly (1585 )» we başgalar.

Umuman alanyňda. döwründe dünýä ýaýran halkymyz taryhda uly yz galdyrypdyr. Muňa türkmenleriň ermeni topragynda galdyran öçmejek yzlary hem şaýatlyk edýär.

## Müsüriň taryhy boỳunça çeşmeler

Türkmenler tarapyndan Musürde döredilen tulunylar (868-905) we ihçidiler (935-969) beglikleri türkmen taryhynda uly yz galdyrypdyr. Bu iki döwletiň taryhy hem beýleki onlarça türkmen beglikleri ýaly, halkymyza düýbinden nätanyşdy. Arap halyflygynyň bütin taryhynda diýen ýaly türkmenler bu ägirt uly hem-de köpmilletli döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşynda örän uly orun eýeläpdirler. Türkmenleriň söweşjeňligine we batyrlygyna sarpa goýýan halyflar türkmenleri köşk nöker gullugyna göwünjeňlik bilen alýardylar. Olary gulamlar ýa-da memluklar diýip atlandyrypdyrlar. Türkmenlerden

düzülen köşk nökerleri halyflaryň häkimiýetini we olaryň şahsy howpsuzlygyny gözsüz batyrlyk bilen goraýardylar.

Tulunylaryň dolandyryşy barada öz döwründe ençeme taryhy eserler döredilip, olaryň türkmen we yslam taryhyny öwrenmekde örän uly ylmy ähmiýeti bardyr. Tulunylar barada taryhy eser döreden alymlaryň ilkinjisi Ýusup ibn ad-Daýa («Enekäniň ogly») hasap edilýär. Tulunylar hakyndaky maglumatlar onuň «Kitab ahbar al–atibba» («Tebipler hakynda hekaýatlar kitaby») eserinde jemlenipdir. Bu kitaby ýazmakda ol Ahmet Tulunyň şahsy tebibi Ywraýym ibn Alynyň gürüňlerinden peýdalanypdyr. Üstesine-de, ad-Daýa döwlet işgäri bolandygy üçin tulunylar barada döwlet diwanynyň maglumatlaryny hem ulanypdyr. Bu taryhçynyň eserindäki maglumatlary ibn Haukal, Ýakut ibn al-Kifti, Ibn Abu Usaýbiýe ýaly arap ýazarlary öz işlerinde peýdalanypdyrlar.

Tulunylar barada jikme-jik iş ýazan taryhçy ad-Daýanyň ogly Ahmet ibn Ýusup ad-Daýa (868/874-942/952) hasap edilýär. Onuň doly ady Abujapar Ahmet ibn Ýusup ibn Ywraýym al Mysrydyr. Ad-Daýa lakamyny ol kakasyndan miras alypdyr. Ahmet ibn Ýusup tulunylar köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir. Onuň «Katib al-Tulun» («Tulynylar nesişalygynyň kätibi») derejesi bar eken. Ýakudyň ýzmagyna görä, Ahmet ibn Ýusup tulynylar barada üç sany kitap ýazypdyr. Ol kitaplar «Sirat Ahmet ibn Tulun» («Tulun ogly Ahmediň ömürbeýany»), «Sirat Abul Jaýş Humarawaýh» («Abul Jayş Humarawaýhyň ömürbeýany»), we «Sirat Harun ibn Abul Jaýş wa ahbar gilman bani Tulun» («Abul Jaýşyň ogly Harunyň ömürbeýany we tulynylaryň nökerleri barada habarlar») diýlip atlandyrylýar.

Ýazaryň bu işlerini giçki döwrüň taryhçylary Ibn Seyit, al-Makrizi, Ýakut, şeýle hem memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy Ibn Taňryberdi giňişleýin peýdalanypdyrlar. Ahmet ibn Ýusubyň üç işi umumy görnüşde «Jami sirat ibn Tulun» we «Jami as sirat at-Tuluniýýa» atlary bilen hem agzalýar. Ibn Seýidiň işlerindäki tulunylar bilen baglanşykly maglumatlary 1954-nji ýylda müsürli alym Şöwki Daýf Kaýirde neşir edipdir.

Ahmet ibn Ýusup Ahmet Tuluna beýik şahsyýet, döwlet işgäri,serkerde we hökümdar hökmünde belent sarpa goýýar. Eserde Müsüriň ykdysady ýagdaýy, döwletiň dolandyryş we maliýe edarasynyň işi, hökümdaryň goşuny we ýerlerdäki dikmeleri bilen gatnaşyklary barada gymmatly maglumatlar berilýär. Ahmet Tulun baradaky maglumatlary taryhçy 26 sany adamyň gürrüňlerinden alypdyr. Olaryň arasynda Ahmet Tulunyň köşk adamlary, hyzmatkärleri, serkerdeleri, çaparlary bar eken. Bu adamlaryň köpüsi gelip çykyşy boýunça türkmen bolupdyr. Ahmet ibn Ýusubyň gürrüňdeş bolan adamlarynyň arasynda hökümdaryň doganoglan agalary hem bar eken. Bu gürrünleri ýazar Ahmet beg ölenden soň, onuň ogly Humarawaýhyň dolandyran ýyllarynda ýazyp alypdyr.

Tulunylar barada eser ýazanlaryň ýene biri al-Balawy hasap edilýär. Onuň işi «Kitab sirat al-Tulun» («Tulunylar nesilşalygynyň taryhy») diýlip atlandyrylýar. Bu eser ýeke-täk nusgada saklanyp galyp, ol 1935-nji ýylda Damaskyň «az-Zahariýe» kitaphanasynda ýüze çykarylypdyr. Bu nusga 1939-njy ýylda Muhammet Gurt Aly tarapyndan Siriýada neşir edilipdir. Eser tulunylar nesilşalygyna bagyşlanan bolsa-da, ondaky gürrüňler esasan Ahmet Tulunyň özi hakyndadyr. Al-Balawy eseriň girişinde bu işi Müsüriň tanymal adamlarynyň biriniň howandarlyk etmeginde ýazandygyny belleýär, ýöne «howandaryň» adyny görkezmändir. Al-Balawynyn ýazmagyna görä, şol adam Ahmet ibn Ýusubyň tulynylar baradaky eserini okandygyny, ýöne ondan göwnüniň suw içmändigini aýdypdyr.

Al-Balawynyň eseriniň X asyryň ikinji ýarymynda ýazylandygyny göz öňünde tutsak, ady näbelli «howandar» tulunylar neslinden ya-da ihçidler döwrüniň belli şahsyýetleriniň biri bolmaly. Sebäbi eser tulunylar begligi ýykylandan 50 ýyl geçenden soň ýazylypdyr. Bu işiň ähmiýetine alym K.A. Boýko uly baha berýär: «Al-Balawy tarapyndan döredilen Tulun oglunyň ömürbeýany bu ajaýyp hökümdaryň dolandyran ýyllarynyň taryhyna we Müsüriň taryhynyň IX asyrynyň ikinji ýarymyna degişli iň irki çeşmeleriň hataryna degişlidir».

Al-Balawynyň eserindäki gürrüňler hökümdaryň kakasy Tulunyň gelip çykyşy bilen baglanşykly hekaýatdan başlanýar. Şundan soň ýazaryň ähli ünsi eseriň baş gahrymany Ahmet Tulunyň şahsyýetinde jemlenýär. Ýazar Ahmet begiň Müsüriň syýasy durmuşynda peýda bolşundan başlap, tä ol aradan çykýança ömür ýoluny jikme-jik yzarlaýar. Al-Balawy nesilşalygy esaslandyran başarjaň we zehinli hökümdaryň çylşyrymly we gapma-garşylykly keşbini görkezip bilipdir. Onuň endiklerini, hüý-häsiýetlerini we dünýägaraýyşyny beýan etmek bilen Ahmet Tulunyň gowy häsiýetlerine uly üns beripdir, onuň ýowuzlyklaryny aklaýar. Eserde Ahmet Tulun edenli hökümdar, inçe diplomat, başarjaň serkerde, zehinli gurujy we tanymal deňizçi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ahmet Tulunyň şahsyýetiniň çöwre tarapy hökmünde taryhçy onuň ogullarynyň biri al-Abbasy mysal hökmünde görkezýär. Al-Balawynyň ýazmagyna görä, Al-Abbasyň şahsy keşbi nesiller üçin diýseň öwrenerliklidir. Ol döwlet işlerinden başy çykmaýan, emelsiz nalajedeýin, barypýatan tüpbozan bolupdyr. Ol kakasynyň garşysyna topalaň turuzýar, ýöne derbi-dagyn edilip, ryswa bolýar.

Işiň ähmiýetli taraplarynyň biri-de, tulunylaryň ömürbeýany bütin Ýakyn Gündogaryň taryhy bilen baglylykda beýan edilýär. Onda Müsüriň, Halyflygyň we Wizantiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlary görkezilýär. Eserdäki wakalar Ahmet Tulunyň syrkawlamagy we aradan çykmagy, onuň nesihatlary, baýlyklary we jaýlanyşy bilen tamamlanýar.

Al-Balawiniň işi tulunylar häkimiýet başyndan gideninden köp wagt geçip, Müsüriň ykdysadyýetinde we syýasatynda çöküşler başlandan we häli-şindi bolýan topalaňlar merkezi häkimiýeti gowşadandan soň ýazylypdyr. Şonuň üçin hem ýazaryň pikiriçe, Müsüre Ahmet Tulun ýaly ýurdy düzgüne salyp, topalaňlary ýatyryp biljek güýçli şahsyýet zerur bolupdyr. Şeýle şahsyýetiň üstünlikli döwlet işi, ýazaryň pikirine görä, ýerli hökümdarlar üçin nusgalyk tejribe mekdebi bolup biljekdi.

Al-Balawy bu işi ýazmak üçin Ahmet Tulun tarapyndan döredilen hökümet edarasyndan - «diwan al-inşadan» alnan resminamalary we hatlary giňişleýin ulanypdyr. Al-Balawiniň berýän maglumatlaryna görä, Ahmet Tulun şahsy kätibine özüniň dürli adamlar bilen gürrüňdeşligini, gürrüňdeşligiň nirede we kim bilen geçirilýändigine garamazdan, ähli gürrüňleri dolulygyna ýazdyrýar eken. Eger-de kätip şu düzgüni bozaýsa, ona haýal etmän çäre görlüpdir.

Tulynylar barada eser ýazan taryhçylaryň biri-de, Abu Omar Muhammet ibn Ýusup ibn Ýakup ibn Hafs at –Tujibi al-Kindi al-Mysrydyr (897-961). Onuň dürli hili atlandyrylýan «Kitab al-Umara» («Emirler hakynda kitap») eseri saklanyp galypdyr. Bu eserde Müsüriň VII-X asyrlardaky emirleri bilen bir hatarda Tuluny we Ihçidi emirleri barada-da gymmatly maglumatlar berilýär. Al-Kindi beýan edýän wakalaryny dürli şahyrlara degişli goşgy setirleri bilen hem bezäpdir. Şol goşgylar Ahmet Tuluna, onuň ogly Humarawaýha bagyşlanyp arap şahyrlary tarapyndan ýazylan öwgüli, şeýle hem tulunylar nesilşalygynyň ýykylmagyna gynanç bildirilip, göz ýaş edilip ýazylan şygyrlardyr. Ýazaryň işindäki maglumatlar VII asyryn ortalaryndan gaýdyp, Muhammet Ihçidiň ölümine çenli (946) ýetirilip goýulypdyr.

Al-Kindiniň eseriniň nusgalary Akkadaky (Palestina) Ahmet paşanyň (XI asyryň göçürmesi), Gylyç Aly paşanyň (XII a.), Mustapa ependiniň (XVI asyryň başlarynyň göçürmesi), Esat ependiniň (XVI asyryň ahyrlary) kitaphanalarynda, şeýle hem Angliýanyň Britan mirashanasynda saklanýar. Gynançly ýeri, bu eseriň dünýäniň köp ýurtlarynda häzirki bu güne çenli saklanyp gelýändigine garamazdan, ol biz üçin elýeterli däldir.

Tulunylar türkmen begligini ýyksalar-da bagdatly halyfyň dikmelerine Müsürde uzak höküm sürmek miýesser etmändir. 935-nji ýylda Müsür ýene-de keseki agalygyndan çykýar. Bu gezek Müsüre garaşsyzlygy beýleki bir türkmen begi Tuguç Ihçidiň ogly Muhammet beg alyp berýär

Tulunylardan tapawutlylykda, ihçidileriň ata-babalary we olaryň gelip çykyşy barada belli bir derejede maglumatlar

saklanyp galypdyr. Ihçit unwany Muhammet begiň ata-babalarynyň hökümdarlyk derejesi bolup, olar gadymy döwürlerden tä VIII asyryň ortalaryna çenli Merkezi Aziýanyň hökümdarlary bolupdyrlar. Ihçidileriň asly Amyderýanyň we Syrderýanyň aşak akymlarynda ýasan gadymy oguz taýpalaryndan bolupdyr.

Müsürde höküm süren ihçidileriň ata-babalary hakynda iňňän gymmatly maglumatlar saklanyp, olar bu nesilşalgynyň Türkmenistandaky we Merkezi Aziýadaky hökümdarlygynyň taryhyny yzarlamaga mümkinçilik berýär. Ihçidiler baradaky maglumatlar dürli taryhy çeşmelerde agzalýar. 1932-nji ýylda Täjigistanda Mug dagyndan tapylan sogdak resminamalarynda, Merkezi Aziýanyň ýerli zikgelerinde we hytaý çeşmelerinde ihçidiler barada gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. 1936-njy ýylda Özbegistandan tapylan teňňelerde-de ihçidiler barada maglumatlar berilýär. Bar bolan taryhy maglumatlar ihçidileri Syryderýanyň we Amyderýanyň boýlarynda ýaşan gasdymy oguz taýpasy bolan kaňlylardan (hytaý çeşmelerinde «kangýuý» – «arabaly») gelip çykypdyr diýip netije çykarmaga esas berýär. Hytaý çeşmelerinde Mawerennahr ýurdy Kangýuý (Kaňly), meşhur taryhçylar Narşahynyň we at-Tabarynyň işlerinde bolsa Sogdak (Sogdiana) diýlip atlandyrylýar.

Kaňly döwleti b.e.ö. IV asyrdan, tä b.e. III asyry aralygynda rowaç bolan döwletdir. Kaňlynyň taryhy belli türkmen arheolog alymy H.Ýusupow tarapyndan belli bir derejede öwrenildi. Bu döwletiň ýerleri günorta-gündogarda Fergana, demirgazyk-gündogarda Balhaş kölüne, günortada Amyderýanyň ýokary akymlaryna, demirgazyk-günbatarda Aral deňzine, günorta-günbatarda Uzboýyň orta akymlaryna çenli aralyklary öz içine alypdyr. Onuň merkezi Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Kät (Köneürgençden öňki paýtagt) şäheri bolupdyr. S.P. Tolstowyň ýazmagyna görä, Kaňly döwletiniň esasy merkezi Horezm bolupdyr. Kaňlylar giçki döwürlerde Sogdagy (Sogdiýana), Baktriýany öz döwletleriniň düzümine goşýarlar. Halkymyzyň gadymy döwletleriniň biri bolan bu döwlet 600 ýyldan gowrak

wagt ýaşapdyr. Kaňlylar Uzboýyň, Horezmiň, Baktriýanyň we Sogdiýananyň medeniýetinde, dilinde, sungatynda öçmez yz galdyrypdyrlar.

Kaňlylaryň döwletinde hökümdar «ihçit» diýlip atlandyrylypdyr. Araplar Mawerennahry eýelemänkäler bu ýeriň welaýatlaryny Kanly neslinden bolan ihçitler dolandyrýardylar.Taryhy çeşmelerde we ylmy edebiýatda «Ihçit» sözi «hökümdar» manysynda «Sogdagyň ihçidi» ýa-da hytaýça «Kaňly ihçidi» görnüşinde köp duş gelýär. Alymlar G. Gibb bilen K. Şiratory hytaý çeşmelerine esaslanyp, «Kaňlynyň hökümdarlary ihçit unwanyny göteren dolandyryjy Kaň nesline degişli bolupdyr» diýip belleýärler. Mawerennahryň hökümdarlarynyň hemmesi araplar gelmänkä we araplar gelenden soň hem şu nesle degişli bolupdyrlar.

Kaňlynyň VII-VIII asyrlardaky ihçidleriniň ady bize hytaý ýazgylarynda gelip ýetipdir.Olaryň ilkinjisiniň ady «Fo-hu-man» görnüşinde bellidir. 1903-nji ýylda E. Şawann onuň adynyň «Bähmen» görnüşini anyklady. Bähmen ihçit Kaňly ýurduny 650-696-njy ýyllarda dolandyrypdyr. Bähmenden soň Tukaspadak (Du-sa-bo-ti) ihçitlik edýär. Ondan soň Bähmeniň ogly Ni-ni-şy-şe (698-700) dolandyrýar. Bu at diňe hytaý çeşmelerinde agzalýar, beýleki arap-pars ýazgylarynda onuň hakyky türkmen ady görkezilmeýär. Bu hökümdardan soň 700-710-njy ýyllarda Kaňly ýurdyny onuň ogly Tarhan ihçit (Tu-hun) dolandyrypdyr. Tarhandan soň 710-721-nji ýyllarda Ugrak (U-le-ga) hökümdarlyk edýär.

Ugragyň ihçitlik eden ýyllarynda ýerli halk bilen gelmişek araplaryň arasynda dartgynly ýagdaý emele gelýär. Araplar ilatdan alynýan salgytlary ýyl-ýyldan artdyrýardylar. Şonuň üçin hem 721-nji ýylda Ugragyň inisi Diwaştiç ihçit (onuň ady budda ýazgylarynda şeýle tutulýar) araplara garşy gozgalaň turuzýar. 721-722-nji ýyllarda ol arap dikmelerini birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edýär. Ýeňlen dikmelere Bagdatdan goşun kömegi gelenden soň, Diwaştiç olara boýun egmek islemän Kaňlydan çykyp gidýär. Diwaştiç hem Ugrak ýaly ihçit unwanyny

göteripdir. Emma 722-nji ýylda gozglaň basylyp ýatyrylýar, Diwaştiç bolsa wepat bolýar.

Bu wakalardan soň araplar ihçitleriň häkimiýetini ykrar etmäge we salgytlary azaltmaga mejbur bolýarlar. Şonuň üçin hem 722-nji ýylda häkimiýet başyna ýene-de Ugrak beg gelýär. Şu döwrüň kaňly we hytaý teňňelerini öwrenen alym O.I. Smirnowa ihçitlerde arap-pars we budda atlarynyň dyşýandygyna garamazdan, olaryň gürrüňsiz türki aslynyň bolandygyny belleýär.

738-nji ýylda Ugrak aradan çykandan soň onuň ogly Tugra (Doge) ihçitlik edipdir. Onuň näçe ýyllap hökümdarlyk edeni belli däl. Şundan soň Türkmenistanda we Merkezi Aziýada ihçitler baradaky maglumatlar ýitýär.

Müsürli gürrüňe dolanyp gelsek, Muhammediň kakasy Tuguç beg Ferganany dolandyran ihcitleriň biriniň ogly bolup, X asyryň başlarynda Bagdatda halyfyň köşgünde gulluk edýär eken. Öz döwründe ol Damaskyň emiri wezipesini hem eýeläpdir. Emma halyfyň garşysyna gidenligi üçin, Tuguç beg tussag edilýär we zyndanda aradan çykypdyr. Muhammet beg kakasynyň şowsuzlyklaryny düzetmegi başarýar we 930-njy ýylda ilki Damaskyň emiri, 935-nji ýylda bolsa Müsüriň emiri bolmaklygy başarýar. Halyf ar-Rady (934-940) Muhammet bege ata-babalaryndan miras galan «ihçit» unwanyny beripdir.

938-nji ýylda Muhammet Tuguç özüni Müsüriň ihçidi diýip yglan edýär. Şeýlelikde, Müsürde ýene-de bir türkmen hanedany – ihçidiler nesilşalygy esaslandyrylýar. 941-nji ýylda Muhammet ihçit begligiň düzümine Siriýany, Palestinany, 942-nji ýylda bolsa Mekge-Medinäni hem birleşdirýär.

Müsür gadymy döwürlerden bäri köp milletli ülkedi. Onda musulman halklary bolan türkmenlerden, araplardan başga-da, isaýylar we ýahudy halklary hem ýaşaýardy. Tulynylaryň döwründe bolşy ýaly, ihçidiler hem olary müsürli musulman raýatlary bilen deň tutýardylar, olara dürli meselelerde ýardam edýärdiler. Türkmen hökümdarlarynyň adalatly dolandyryşynyň netijesinde Müsürde hic haçan dinara ýa-da milletara dawalary

bolmandyr. Tersine, taryhy çeşmelerde Muhammet Ihçidiň, haçanda, müsürli isaýylar özara dawa edenlerinde olary köşeşdirendigi we taraplaryň ikisi üçin hem bähbitli karara gelnendigi barada aýdylýar.

Muhammet Ihçit hem Ahmet Tulun ýaly ylym-bilime we medeniýete uly sarpa goýan hökümdar bolupdyr. Ol sungat ussatlarynyň, din adamlarynyň, şahyrlaryň we alymlaryň hakyky howandary bolupdyr. Onuň aladalary bilen Kataýda ençeme jemgyýetçilik binalary gurlupdyr, ajaýyp eserler döredilipdir.

946-njy ýylda Muhammet beg aradan çykandan soň ýurdy onuň uly ogly Abulkasym Oňar Ihçit (946-960), ondan soň bolsa ikinji ogly Abulhasan Aly Ihçit (960-966) dolandyrýar. Abulhasan Ihçit häkimiýetini köşk adamlarynyň birine aldyrýar, ýöne ol topalaňçy türkmen serkerdeleri tarapyndan ýok edilip, Müsüriň iň soňky ihçidi Abulfawaris Ahmet tagta çykarylýar.

Çylşyrymly wakalaryň gidýän döwründe gowşan begligiň üstüne goňşy döwletler hem hüjüm edip ugraýarlar. Şonuň üçin hem ihçidiler öz goňşulary bolan araplaryň hamdaniler, fatimiler, karmatlar döwletleri bilen üznüksiz uruşlary alyp barmaly bolupdyrlar. Sebäbi Ýakyn Gündogaryň iň baý ülkesi bolan Müsüri her kimiň eýeläsi gelýärdi. Müsüre Wizantiýa hem göz gyzdyrypdyr. Ahyrsoňy 969-njy ýylda fatimileriň serkerdesi Jöwher Müsüre uly ýöriş geçirýär we paýtagt şäher Kataý eýelenýär. Jöwher hem Kataýyň gapdalynda täze paýtagty – Kairiň düýbüni tutýar. Fatimiler Müsürde laýyk 200 ýyl hökümdarlyk edenlerinden soň, 1169-nji ýylda türkmen serkerdesi Ýusup Salaheddin Eýýubi Kaiirde häkimiýeti öz eline alýar.

Eýýam belläp geçişimiz ýaly, ihçidiler hem Müsüri dolandyran türkmen hanedanlary bolan tulunylar, eýýubiler, memluklar we osmanlar ýaly bu gadymy ülkäniň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar.

Müsürde ihçidiler nesilşalygy barada-da taryhy eserler döredilipdir. Şol eserleriň biriniň ýazary meşhur taryhçy Abu Muhammet al-Hasan ibn Ibrahim ibn al-Huseýin ibn al-Hasan ibn

Aly ibn Halab ibn Reşid ibn Abdallah ibn Süleýman ibn Zulak al-Leýsidir (919-997). Bu ýazar ylymda Hasan ibn Zulak ady bilen tanalyar. Ibn Zulak tulunylaryň taryhyny hem gowy öwrenipdir. Ol birnäçe eser döredipdir. Onuň ihçidiler barada ýazan eseri «Kitab sirat Muhammet ibn Tuguç al-Ihşit» («Tuguç Ihçidiň ogly Muhammediň ömürbeýany») diýlip atlandyrylýar.

Ibn Zulak bu işi ýazmak üçin Muhammet ibn Musa ibn al-Mamunyň «Sirat al-Ihşit « («Ihçidileriň ömürbeýany») eserini ulanypdyr. Bu eseri ol 946-njy ýylda al-Mamunyň özi bilen tanyşlykda içgin öwrenipdir. Emma esere ibn Zulagyň göwni ýetmändir. Sebäbi al-Mamun Muhammet Tugujyň göwnüni görmek, ondan mal-mülk hantama bolup, kitapda diňe hökümdaryň adyna aýdylýan öwgüli sözler bilen çäklenipdir. Ibn Zulagyň şaýatlyk etmegine görä, bu esere Muhammet Tugujyň hem göwni ýetmändir. Şonuň üçin hem aradan çykmazynyň öňisyrasy Müsürden Siriýa gelen Muhammet Tuguç bu kitaby köpeltmegi gadagan edipdir.

961-nji ýylda Muhammet Ihçidiň ogly Abul Hasan Aly (961-966) Ibn Zulaga kakasynyň ömürbeýanyny ýazyp bermegini sorap ýuz tutupdyr. Ýazaryň eseri Aly Ihçide-de, onuň ejesine-de ýarapdyr. Ibn Zulagyň ýazmagyna görä, kitap üçin merhum hökümdarýň ogly bilen aýaly ýazary sahylyk bilen sylaglapdyrlar we her ýyl oňa halat-serpaý berýär ekenler.

Bize elýeterli bolmadyk bu kitapda, ibn Zulak Muhammet Ihçidiň jikme-jik ömürbeýanyny döredip, onda bu türkmen hökümdarynyň ata-babalary, onuň 935-nji ýýla çenli ömür ýoly, dolandyryşy, geçiren ýörişleri we alyp baran usruşlary, garşydaşlary bilen gatnaşyklary, onuň gullary, söweş atlary, eýelik eden baýlygy we başgalar barada gymmatly maglumatlar berýär. Ibn Zulagyň bu işi ýazmak bilen baglanşykly maglumatlary ylym üçin has hem ähmiýetlidir. Bu barada onuň özi şeýle ýazýar: «Bu ömürbeýana men diňe özümiň şaýat bolan wakalarymy we mümkin boldugyça diňe özümiň ynamdar diýip hasap eden adamlarymyň aýdyp beren gürrüňlerini goşdum. Abu Omar Muhammet ibn Ýusup al-Kindi «Ahbar umara Mysr»

(«Müsüriň emirleri hakynda hekaýat») esrerini döretdi we ony al-Ihçidiň ölümi bilen tamamlady. Onda ol Muhammet Ihçit barada az maglumat berýär. Men Oňar, onuň inisi Aly, Ahmet ibn Aly al-Ihçit baradaky maglumatlar bilen bu ömürbeýanyň üstüni ýetirdim. Şeýle hem bu ömürbeýana Aly ibn al-Ihçitden soň hökümdarlyk edenler barada-da maglumat goşdum.»

Ibn Zulagyň eli bilen ýazylan bu iş Müsürde XV asyrda-da bar eken. Ony 1417-1437-nji ýyllarda arap ýazary al-Makrizi peýdalanypdyr we eserden ýazgylary alypdyr. Eýýäm bellenip geçilşi ýaly, ibn Zulak Muhammet Ihçidiň ömürbeýanyny döretmek üçin diňe özüniň we ony ýakyndan tanan, ýazaryň özi üçin ynamdar hasap edilen adamlaryň gürrüňlerini ulanypdyr. Hakykatdan hem «Ömürbeýanyň» biziň günlerimize çenli saklanyp gelen nusgasy dolylygyna Ihçidiler döwletini esaslandyryjyny ýakyndan tanan adamlaryň beren maglumatlaryna esaslanýar. Olar 40-a golaý adamlar bolup, olaryň arasynda Muhammet Ihçidiň maşgala agzalary, kazylar, wezirler, serkerdeler, onuň şahsy goragçylary, kätipleri, müneçjimleri, tebipleri we terjimeçileri bolupdyr. Umuman alanyňda, ibn Zulagyň işi hem Müsürde hökümdarlyk eden ihçidiler nesilşalygy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Gyzykly ýeri, tulunylar we ihçidiler baradaky maglumatlary Müsürde memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy ibn Taňryberdi (XIV a.) özüniň «An-Nujum az-Zahira» («Parlak ýyldyzlar») eserinde peýdalanypdyr.

Ibn Zulagyň eserleriniň nusgalary häzirki döwürde Kairiň, Berliniň, Parižiň atly golýazmalar mirashanalarynda, şeýle hem Türkiýedäki Welieddin ependiniň, Myrat Mollanyň kitaphanalarynda saklanýar. Ibn Zulagyň işi 1933-nji ýylda «Müsüriň taryhy» ady bilen Kairde neşir edilipdir.

Ihçidiler barada taryhy maglumataryň esasynda 1950-nji ýylda Müsürde Saýýida al-Kaşifiniň «Mysr fi-asr Ihşidiýin» («Müsür ihçidileriň döwründe») eseri em neşir edilipdir.

Müsürliler öz ýurtlaryna garaşsyzlyk alyp beren türkmen gerçeklerini unudanoklar. Bu gadymy ýurduň taryhy bilen

baglanyşykly neşir edilýän kitaplarda müsürli alymlar eýýubilere we memluklara bolşy ýaly, tulunylar bilen ihçidilere-de uly ähmiýet berýärler. Olar meşhur türkmen hökümdarlarynyň atlaryny guwanç bilen tutýarlar. Ahmet Tulunyň, Muhammet Tugujyň atlary Müsüriň taryhynda uly yz galdyran ýerli arap şahsyýetleri – Saad Zaglulyň, Ahmet Araby paşanyň, Gamel Abdel Naseriň we beýlekileriň atlary bilen bir hatarda hormat bilen tutulýar. Çünki olar Müsüre onlarça ýüzýyllyklardan soň, onuň iň soňky faraony – zenan patyşa Kleopatranyň döwründe ýitirilen garaşsyzlygyny alyp beripdirler.

Türkmen halkymyzda «Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol» diýen gadymdan gelýän pähimli bir söz bar. Oňa her kim bir hili düşünýär. Ýöne, kim näme diýse-de, bu parasatly söz Müsürde şa bolmagyň hakykatdan hem juda kyn bolandygy üçin dörän bolmaly. Aýdylanlara türkmeniň beýik hökümdarlarynyň bu gadymy ülkäniň taryhynda galdyrypdyran öçmejek yzlary we bitiren beýik işleri şaýatlyk edýär.

## Eỳranyň taryhy boỳunça ỳewropa çeşmeleri

Türkmen halkynyň XVI asyrda döreden Sefewi döwleti musulman dünýäsiniň Osmanly, Beýik Mogollaryň we Şeýbanylaryň döwletleri ýaly öz döwrüniň kuwwatly döwletleriň biridi. Bu ýurtlaryň dördisi hem musulman dünýäsinde agalyk ugrunda dalaş edýärdiler. Aýratyn hem türkmenleriň sefewi we osman döwletleriniň arasyndaky bäsleşikler ýiti häsiýetdedi.

XVI asyryň ahyrlarynda türkmenleriň Sefewi döwleti özara bäsleşikler we içki agzalalyklar netijesinde gowşady. Batyl hem-de keselbent şa Muhammet Hudaýbendäniň (1578-1587) dolandyran ýyllarynda ýurdun ep-esli ýerleri, döwletiň birinji paýtagty Töwriz bilen bilelikde, osman türkmenleri tarapyndan

eýelendi. Ýurduň şeýle çyrşyrymly ýagdaýynda Hudaýbendäniň ikinji ogly, başarjaň Abbas mürze tagta çykdy.

Şa Abbasyň (1587-1629) ýurdy dolandyryp başlan ilkinji ýyllarynda Sefewi döwleti agyr kynçylyklary başdan geçirýärdi. 1590-nji ýylda Osman türkmenleriniň döwleti bilen baglaşylan şertnama-da kemsidiji häsiýetde boldy. Çünki osman soltany Myrat III (1574-1595) şa Abbasyň elinden Erministanyň, Gürjüstanyň gündogaryny, bütin Kürdistany we Häzirbegjany alypdy. Ýöne şa Abbas öziniň elden gidiren ýerlerini gaýtaryp almak umydyndan el çekmeýärdi  we osmanlar bilen boljak täze söweşlere taýýarlanýardy.

Şa Abbas döwletiň harby-ykdysady kuwwatyny artdyrmaga girişmek bilen, ýurduň halkara ýagdaýyny pugtalandyrmak ugrunda-da alada edýärdi. Şu maksat bilen 1599-njy ýylda şa Abbas Pereňistana (Ýewropa) ilçiler toparyny iberdi. Türkmen ilçilerine sefewi döwletini esaslandyran türkmen taýpalarynyň biri bolan baýat taýpasynyn serdary Hüsöýünaly beg Baýat baştutan edilip bellenilýär. Hüsöýünaly begiň ýanynda ilçihananyň dört sany kätibi we on bäş sany hyzmatkäri bolupdyr. Ilçihananyň ikinji kätibi Hüsöýünaly begiň agasynyň ogly Alyguly beg, birinji kätibi bolsa Oraz beg Baýat bolupdyr.

Biziň gürrüňimiz, soňra Ýewropada Don Huan ady bilen tanalan ilçihananyň birinji kätibi Oraz beg Baýat barada. Oraz beg Baýat Sefewi türkmen döwletiniň taryhy barada ispan dilinde kitap ýazan alym hökmünde tanalýar. Ýöne ol, barybir, okujylar köpçüligine we ylmy jemgyýetçilige nätanyş şahsyýet bolup galypdyr. Belli rus alymlary W.W. Bartold we I.P.Petruşewskiý dagylar Oraz begiň eseri barada agzap geçýärler. Azerbaýjan taryhçysy O.A. Efendiýew Oraz beg - Don Huan barada birnäçe gymmatly maglumatlary getirýär we ol bu taryhy şahsyýetiň terjimehalyny dikeltmäge synanşyk edipdir.

O.A. Efendiýew Don Huanyň terjimehalyna degişli maglumatlaryn juda azlygyny belleýär. Sebäbi Don Huanyň hatda hakyky ady hem anyk däl. Onuň ady ispan dilinde «Uruch» – diýlip, ýoýlan görnüşde saklanyp galypdyr.  Onuň adynyň Don

Huandygy («Don Juan») hem doly anyk däl. Sebäbi belli gündogarşynas Le-Strenj onuň adynyň Don Juan bolmagynyň mümkindigini hem belleýär. Don Huanyň kitabyny ispan dilinden iňlisçä terjime ýeden Le-Strenj şol ady «Ulug» görnüşinde («Ulugh») okamaklygy teklip edýär. Alym öz pikirini şol döwürde Ulug adynyň giň ýaýrandygy (elbetde türkmenleriň arasynda) bilen düşündirýär. Bartold bilen Petruşewskiý Uruj diýip ýazýarlar. Ýöne Efendiýew bu adyň Oruj görnüşini öňe sürýär. Türkmen diplomatiýasynyň taryhy boýunça iş ýazan O.A. Gündogdyýew hem Oraz begiň adyny Oruj görnüşinde ulanypdyr. Ýöne ýewropa dillerinde Oraz adynyň «Uruz», «Araz» we «Aras» we başga görnüşlerde beýan edilýändigini, şu adyň şol döwürde we häzirki günlerde-de köp duş gelýändigini göz öňüne tutsak, onda Don Huanyň hakyky adynyň Oraz bolmagy-da gaty ähtimal. Üstesine-de, Osman türkmenlerinde Oraz adynyň Oruç ady bilen berilýändigini hem göz öňüne tutmak gerek. Aýdylanlardan ugur alyp, biz bu görnükli şahsyýeti Oraz beg diýip atlandyrmagy muwessa bildik.

Oraz beg baýat taýpasynyň serdary Soltanaly beg Baýatyň ogly bolupdyr. Ol şa Muhammet Hudaýbendäniň we onuň uly ogly şazada Hämze mürzäniň meşhur köşk adamlarynyň biri bolmak bilen hökümdarlaryň ençeme möhüm tabşyryklaryny ýerine ýetirmäge gatnaşypdyr. Haçanda, Günorta Häzirbegjanyň häkimi Emir han Türkmen şa garşy gozgalaň turuzanda, Hudaýbende Emir han bilen gepleşik geçirmek üçin Soltanaly begi Töwrüze iberipdir. Soltanaly bege türkmenleriň gozgalaňçy serdaryny yrmak başardypdyr. Ýöne soňra Emir han Türkmen aldaw ýoly bilen Kaka galasynyň zyndanyna taşlanylypdyr we jezalandyrlypdyr.

Oraz beg öz kakasy bilen Töwrüziň eteginde Osman türkmenleriniň bu ýere ýörüş eden serkerdesi Osman paşanyň goşunlary bilen söweşipdir. Şol söweşleriň birinde Soltanaly beg wepat bolupdyr. Oraz begiň ýazmagyna görä, onuň kakasy «öz hasabyna ýaraglandyrlan we şanyň huzyryna getiren» 300 atlysy bilen Töwrüze girmek barada şazada Hemze mürzäniň buýrugyny

alypdyr. Bu söweşe kakasy bilen bilelikde Oraz begiň özi hem gatnaşypdyr. Emma öňki hüjümlerde bolşy ýaly, Töwrüzi osman türkmenleriniň elinden almak üçin edilen bu synanşyk hem şowsuz tamamlanypdyr. Hüjümiň gidip duran mahaly oglunyň gözüniň alnynda Soltanaly beg wepat bolupdyr. Şundan soň baýatlaryň goşunyna serkerdelik Oraz begiň eline geçýär.

Le-Strenjiň hasaplamalaryna görä, kakasynyň wepat bolan mahaly Oraz beg 25 ýaşynda bolupdyr we ol takmynan 1560-njy ýyllar töweregi dünýä inipdir. 1586-njy ýylda Oraz beg baýatlardan düzülen goşunlar bilen şazada Hemze mürzäniň baştutanlygynda ýurdyň Töwrüzden soňky ikinji paýtagty Kazwini eýelän türkmen we tekeli taýpalarynyň gozgalaňçy emirlerine garşy ýörüşe gatnaşypdyr. Hemze mürze kakasy Muhammet Hudaýbendäniň körlügi we keselbentligi sebäpli ýurdy özi dolandyrýardy. Oraz beg ýaş Şazada wepadarlyk bilen gulluk edipdir we tä ol Genjede öldürülýänçä hemişe onuň ýanynda bolupdyr.

Hudaýbendäniň kiçi ogly Abbas mürze 1587-nji ýylda tagta çykandan soň, ol ýedi ýarym ýylyň dowamynda 50-den gowrak ýörüşleri geçiripdir we Oraz beg olaryň aglabasyna gatnaşypdyr. 1589-njy ýylda ol şa Abbasyň şeýbanylara garşy ýeňişli Hyrat ýörüşine-de gatnaşypdyr. Şonda Oraz beg öz dosty Alyguly beg Baýat bilen birlikde Şa tarapyndan uly harby wezipä bellenilipdir. Şundan soň Oraz beg Kazwiniň üsti bilen döwletiň täze – üçünji paýtagty bolan Yspyhana gelipdir.

Oraz beg Baýatyň Yspyhanda gulluga başlan döwürleri bu ýere iňlis raýatlary bolan doganlar Şerliniň gelen wagtlaryna gabat gelýär. Bu iki dogan, aýratyn hem Antoni Şerli, türkmenleriň osmanly we sefewi döwletleriniň agzynyň alarmagynda «hyzmat görkezen» adamlar hasap edilýär. Doganlar şa Abbasa Ýewropa döwletleri bilen harby-syýasy gatnaşyklary ýola goýmagy teklip edýärler. Şa Abbas Ýewropa ýurtlaryna ugratmak maksady bilen Hüsöýünaly beg Baýatyň ýolbaşçylygynda ilçiler toparyny döredýär. Ýewropa döwletleri bilen gatnaşyk açmaga özüni yrmagy başaran doganlara Sefewi

hökümdary öz ilçileriniň ýanynda bolmagy we ýewropaly patyşalar bilen gepleşik geçirmäge ýardam etmekligi tabşyrýar. Şeýlelikde, A.Şerli ýanynyň bäş sany terjimeçisi we on bäş sany iňlis raýatlary bilen Hüsöýünaly beg Baýatyň ilçiler toparyna goşulýar. Şa Abbas Hüsöýünaly begiň diplomatik toparyna Germaniýa, Rime, Ispaniýa, Fransiýa, Polşa, Wenesiýa, Angliýa we Şotlandiýa, jemi sekiz sany Ýewropa döwletine barmaklyga ygtyýar edýär.

1599-njy ýylyň 9-njy iýýulynda ilçiler Yspyhandan Hazar deňziniň günorta kenarýaka ýeri bolan Gilýana tarap Kaşan-Kum-Sawe-Kazwiň ugry boýunça ýola düşýärler. Hazaryň kenarynda ilçiler ýelkenli gämä münüp, Astrahana tarap ýüzüp ugraýarlar. Awgust we sentýabr aýlarynda ilçileriň gämisi Hazaryň gomlarynyň elindäki oýunjaga öwürlipdir. Gojaman Hazaryň tolkunlary olary edil sallançakda üwrelen ýaly edipdir. Gämi birnäçe gezek gark bolmagyň bäri ýanyndan gaýdypdyr. Hatda agyp-dönüp duran tolkunlar gämini Hazaryň türkmen kenaryna - Maňňyşlaga–da çykarypdyr. Oktýabr aýynyň başlarynda ilçiler uly kynçylyklardan soň Wolganyň Hazara guýýan ýerine gelipdirler. Bu ýerden ilçiler başga bir gämä münüp, Astrahana aşýarlar.

Astrahanda olara Pirguly begiň baştutanlygynda Sefewileriň Moskwa döwletine (Orsýet) ugradylan 300 adamdan durýan uly ilçiler topary garaşýardy. Pirguly bege Hüsöýünaly begiň toparyna garaşyp, olar bilen Moskwa çenli bile gitmeklik tabşyrlypdyr. Pirguly begiň topary Orsýediň tatar patyşasy Boris Godunowyň köşgünde şa Abbasyň ilçisi hökmünde galmalydy. Astrahandan ugran ilçiler Wolga bilen ýokarlygyna Sarisiniň (Wolgagrad) we Samaranyň üsti bilen iki aýdan soň Kazana gelýärler. Kazandan aňryk derýanyň doňanlygy zerarly ilçiler gar arabalaryna münüp Çeboksaryda, Aşaky Nowgorodda, Muromda we Wladimirde düşläp, noýabr aýynyň başlarynda Moskwa gelýärler. Rus paýtagtynda türkmen ilçilerini uly dabara bilen garşylapdyrlar.

1600-nji ýylyň ýazynda Hüsöýünaly begiň topary ýola düşýär. Pirguly beg bolsa Boris Godunowyň köşgünde – Kremlde öz wezipesine girişmek bilen bu ýerde galýar. Ýolagçylar gury ýer bilen Pereýaslawla, ondanam Ýaroslawla barýarlar we gämä münüp Rybinskä çenli gidýärler. Ilçileriň indiki barmaly ýeri Bogemiýanyň Praga şäheridi. Ýöne gury ýer bilen dogry günbatarlygyna gitmegiň ýerine, ruslar Hüsöýünaly bege Arhangelske gitmekligi, şol ýerdenem Ýewropa tarap deňizde ýüzmekligi maslahat berýärler. Holmogorynyň üsti bilen Hüsöýünaly begiň topary Ak deňiziň kenaryna gelýärler. Arhangelskide syýahatçylar gaýtadan gämä münýärler we iki aýlyk ýüzüşüň kynçylyklaryndan soň alty deňziň ( Ak, Barens, Norweg, Demirgazyk we Baltika deňizleri) içinden geçip, Skandinawiýa ýarym adasynyň daşyndan aýlanyp, Elba derýasynyň deňze guýýan ýerindäki Ştade şäherine ýetýärler we kürekli gämilere münüp, soňra Emden şäherinde kenara düşýärler. Ilçileri ýewropaly hökümdarlardan ilkinji bolup Oldenburgyň gersogy Jon XIII (1577-1609) myhmansöýerlik bilen garşylaýar. Ondan soň Kassele baran türkmen ilçileri ýerli landgraf Lýuis II (1596-1626) mähirli kabul edişligine mynasyp bolýarlar. Oraz begiň german atlaryny ýoýup görkezenligi sebäpli Kasselden Praga çenli geçilen ýoly beýan etmeklik belli bir kynçylyklary döredýär. Le-Strenjiň pikirine görä, syýahatçylar Kassel-Weýmar-Galle-Leýpsig we şweýsar Saksoniýasynyň üsti bilen Elbadan ýokarlygyna ugran bolmaly. 1600-nji ýylyň güýzünde ýolagçylar German imperiýasynyň çeklerine girýärler. Pragada ilçileri imperator Rudolf II (1576-1612) uly dabara bilen garşylaýar. Pragada ýolagçylar gyşlamaga galýarlar we 1601-nji ýylda Nýurnbergiň we Ausburgyň üsti bilen Bawariýa gelýärler. Münhende bawar gersogy Wilýam II Asylly diplomatlary mähirli garşylaýar.

Bawariýadan türkmen ilçileri Wenesiýa barmak üçin günorta Italiýa tarap ugraýarlar. Mantuýada olary Gonsagyň gersogy Winçenso I (1587-1612) uly hormat bilen kabul edýär. Ilçiler soňra Oraz begiň ýazmagyna görä, Wenesiýa respublikasynyň

Werona şäherine gelýärler. Şu ýerde Hüsöýünaly beg Wenesiýanyň baştutanyna kabul etmegini haýyş edip hat ugradýar. Emma Weneýiýanyň hökümdary özüniňkide osman türkmenleriniň ilçisiniň myhmançylykda bolýandygyny we özara bäsleşýän iki döwletiň ilçilerini bir wagtda kabul edip bilmejekdigini aýdyp, Soýunaly begiň toparyny kabul ýetmekden boýun gaçyrypdyr. Şundan soň ilçiler Mantuýanyn üsti bilen Florensiýa tarap gidýärler. Toskananyň beýik gersogy Ferdinand I de-Mediçi (1587-1609) aýaly bilen Pizada türkmen ilçilerini uly dabara bilen garşylaýarlar. Beýik gersog bu ýere Florensiýadan awa gelipdi.

Pizadan soň ýolagçylar Rim Papasy bilen duşuşmak uçin Siýena gelýärler. Hüsöýünaly begiň topary 1601-nji ýylyň aprel aýynda Papalygyň serhedinden geçenlerinde, Papa Kliment VIII (1592-1604) türkmenlere aýratyn kabul edilişik gurapdyr: Rime çenli olary ýörite atly bölüm ugradypdyr, Rim bolsa olary topdan atylýan solýutlar bilen garşy alypdyr. «Ýewropa entek Aziýadan şeýle köp ilçi gelenini görmändi, olar ýewropalylaryň ýüreginde öçmejek yz galdyrypdyrlar (diňe hökümdarlar üçin 32 düýe sowgat getirilipdi)»- diýip, zehinli taryhçy O.Gündogdyýew ýazýar. Ýöne, şu ýerde türkmen ilçileri bilen syýahatyň bütin dowamynda olaryň ýanynda bolan A. Şerli bilen Hüsöýünaly begiň arasy bozulýar. Hüsöýünaly beg Şerlini Papa üçin niýetlenip getirilýän ilçihana gymmatlyklarynyň ogurlanmagynda we ýok edilmeginde aýyplaýar.

1601-nji ýylyň 12-nji aprelinde Rim Papasy ilki Hüsöýunaly beg Baýaty, onuň yzyndan hem Antoni Şerlini aýratynlykda kabul edipdir. Şundan soň Oraz begiň bu syýahat baradaky ýazgylarynda Şerli we onuň iňlis ýoldaşlary barada agzalmaýar. Ilçiler Rimde iki aýlap galypdyrlar. Şu ýerde Hüsöýünaly begiň ilçiler toparyndan üç adam näbelli sebäplere görä, Watikanda galmaga isleg bildiripdirler we Rimde hemişelik galypdyrlar.

Rimden soň ilçiler Ispaniýa tarap ugraýarlar. Munuň üçin ilki gury ýer bilen Genuýa gelýýärler, soňam öz ýollaryndaky ýedinji deňiz bolan Tirren deňziniň üsti bilen Sawona barýarlar. Bu

ýerden atlara münüp, Fransiýanyň günortasy bilen Awinýona ýetýärler. Awinýonda Hüsöýünaly begiň toparyny Rim papasynyň gullukçysy garşy alýar we ol ilçilere Monpele – Narbonnanyň üsti bilen Perpinýana tarap gitmäge ýardam edýär. Fransuz esgerleriniň ugratmagynda syýahatçylar Pireneý daglarynyň darajyk ýodalaryny uly kynçylyklar bilen geçip, Ispaniýanyň Barselona şäherine gelýärler. Barselonadan günbatarlygyna ugran ilçiler Saragossanyň üsti bilen syýahatyň ahyrky nokadyna, şol döwürler ispan korollarynyň kabulhanasynyň ýerleşýän ýeri bolan Walýadolid şäherine ýetýärler. Türkmen ilçileri iki aýlap Ispan koroly Filipp III (1598-1621) hormatly myhmany bolupdyrlar. Hüsöýunaly beg ispan patyşasyna şa Abbasyn hatyny gowşyranyndan soň ýurduna gaýtmaga taýýarlanyp ugraýar. Öz öňünde goýan maksadyny diňe üç ýurtda – Germaniýada, Rimde we Ispaniýada ýerine ýetirip, Hüsöýunaly beg beýleki bäş döwlete syýahat etmekden el çekýär. Ýewropanyň we Russiýanyň içi bilen öňki geçilen ýoly gaýtalamagyn ýürege düşgünç we kynçylykly ejirinden sypmak maksady bilen Soýunaly beg deňiz ýoly bilen bütin Afrikanyň daşyndan aýlanyp Ormuz ýa-da Pars aýlaglarynda ýerleşýän sefewi portlarynyň birine barmagy karar edýär. Şol sebäpden hem türkmen ilçileri günbatara Atlantik ummanynyň kenaryna - Portugaliýa tarap ugraýarlar. Munuň üçin Ispaniýanyň Segowiýa, Madrid, Aranhues, Toledo, Truhilýo, Merida şäherlerinden Badahosa geçip, Portugaliýanyň içine aralaşýarlar we Lissabona barýarlar.

Bu döwürler Portugaliýa ispanlaryň golastyndady. Şu ýol geçilýän döwürde türkmen ilçileri bilen baglanyşykly bir pajygaly waka bolup geçýär. Ilçiler toparynyň agzalarynyň biri Ispaniýanyň Merida şäherinde näbelli ispan tarapyndan öldürilýär. Ýerli häkimetleriň uly aladalaryna garamazdan, ganhory tutmak başartmaýar. Bolan wakany derňemek we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy ispan korolyndan talap etmek üçin Hüsöýünaly begiň tabşyrygy boýunça Oraz beg yzyna - Walýadolide iberilýýär.

Hüsöýünaly begiň Lissabondan watanyna ugramazynyň öňüsyrasy ilçihana bilen baglanyşykly ýene-de bir ýakymsyz waka bolup geçýär: ilçiler toparynyň ýene-de üç agzasy Ispaniýada hemişelik galmaga isleg bildirýärler. Olaryň biri ilçiniň inisi Alyguly beg bolup, ony Ispan koroly ogullyga alypdyr we oňa öz adyny beripdir. Indi Alyguly begi Don Filipp diýip atlandyrýardylar. Ilçihananyň birinji kätibi Oraz begi bolsa korolyň aýaly Margarita Awstriýskaýa ogullyga alypdyr we oňa Don Huan adyny goýupdyr. Ispaniýada galmaga isleg bildiren Bunýat beg bolsa Don Diýego adyna eýe bolupdyr. Bularyn üçüsine-de korol we onuň aýaly howandarlyk edipdirler.

Bu wakalardan soň Hüsöýünaly beg 1602-nji ýylyň başlarynda ilçihananyň dördünji kätibi Hasanaly beg bilen watanyňa dolanypdyr. Gynançly ýeri, Watanyňa ugran ilçihananyň ýurduna dolanyp gelendigi barada maglumatlar saklanmandyr.

Ispaniýada galan türkmenler barada diňe Oraz begiň pajygaly ykbaly barada bolaýmasa, suwutly maglumat gelip ýetmändir. Don Huanyn ölümi bilen baglanyşykly maglumatlar, şol döwrüň meşhur ispan şahyry we dramaturgy Salas Barbadillonyň eserine giriş sözüni ýazan Emilio Kotarelonyň ýazgylarynda berilýär. Onuň ýazmagyna görä, 1605-nji ýylyň 15-nji maýynda Walýadolidede Don Huan bir ispan kazysynyň hyzmatkerleri bilen bolan uruşda öldirilipdir.

Oraz begiň – Don Huanyň ispan dilinde kitap ýazandygyny biz eýýäm belläp geçipdik. Bu kitap Don Huan heniz dirikä, 1604-nji ýylda neşir edilipdir. Belli ispan tankytçylarynyň pikirine görä, Oraz begiň eseri arassa kastil dilinde ýazylypdyr. Oraz beg bolsa Ispaniýa 1601-nji ýylyň ahyrlarynda gelipdi, şonuň üçin hem Emiliýa Katarelo «az wagtyň içinde onuň ispan dilinde kitap ýazmagy mümkin däl» diýip ýazypdyr. Şol sebäpden hem bu kitabyň ýazylyşy bilen baglanyşykly hakykaty başga bir ispan awtorynyň – Alfonso Remonyň ýazgylaryndan anyklap bilýäris. A. Remon özüniň Don Huan bilen dostlukly gatnaşyklarda bolandygyny belleýär. Ol ýewropalynyň gözi bilen

seredeniňde, özüniň täze tanşynyň örän sowatly adam bolandygyny, Orta Gündogaryň geografiýasy we taryhy barada gowy düşünjesiniň bardygy üçin Don Huanyň adyna öwgüli sözleri aýydýar. Alfonso Remon Don Huanyň pars dilinde ýazylan eserini onuň bilen iki bolup ispança terjime edendiklerini we şeýlelikde kitabyň kastil dilinde ýazylmagyna özüniň kömek edendigini belleýär.

Oraz begiň ispan dilinde neşir edilen kitaby üç sany jiltden - tomdan ybarat bolup, onuň birinji jildi 13 bapdan durýar. Birinji jildiň başynda Oraz beg özüniň Ýewropa eden syýahatyna buýsanýandygyny, geçen ýoluny diňe Ýewropadan Mongoliýa syýahat eden Marko Polonyň we Ýer togalagyny ilkinji gezek geçen Magellanyň syýahaty bilen deňeşdirip boljakdygyny belleýär. Şeýle hem Oraz beg italýan alymlary Boteronyň we Minadoiniň XVI asyryň ahyrlarynda türkmenleriň Osman we Sefewi döwletleriniň taryhy we geografiýasy barada ýazan kitaplaryna-da düzediş bermegi wada edýär. Kitabyň ikinji baby Sefewi döwletiniň dürli welaýatlarynyň beýanyna bagyşlanypdyr. Oraz begiň kitabynyň III-VI baplarynda berilýän maglumatlar has hem gyzykly. Onda döwletiň gurluşy we şa Abbasyň ýurdy dolandyryşy barada gürrüň edilýär. Şeýle hem Oraz beg Sefewi türkmen döwletini emele getirýän 32 sany türkmen tire-taýpalary, olaryň serdarlary barada gymmatly maglumatlary getirýär.

Jildiň V-VII baplarynda Orta Gündogaryň gadymy taryhy barada gysgaça gürrüň berilýär, VIII-IX baplarda sasany patyşalary, X-XIII baplarda bolsa musulman döwletleri, şol sanda Garagoýunly we Akgoýunly türkmen döwletleriniň taryhy beýan edilýär.

Eseriň 12 bapdan durýan ikinji jildi dolulygyna sefewi döwletiniň dörän wagtyndan XVI asyrynyň ahyryna, haçanda Oraz beg ýurdundan çykyp, uzak syýahata ugran döwrüne çenli (1599) taryhy beýan edilýär. Bu döwurler türkmenleriň Osmanly we Sefewi döwletleriniň özara besleşikleriniň iň ýitileşen döwrüdi. Bu wakalary beýan etmek üçin Oraz beg we onuň kömekçisi eýýäm ady agzalan Minadoiniň kitabyny, şeýle hem

Le-Strenjiň pikirine görä, fransuz alymy Buassardyn Osman turkmen soltanlary barada latyn dilinde ýazylan kitabyndaky maglumatlary giňişleýin peýdalanypdyr. Şeýle hem şu döwri beýan etmek üçin Oraz beg kakasy Soltanaly begiň beren köpsanly gürrüňlerini we öten asyrlaryň wakalary barada türkmenleriň dilden-dile geçip gelen hekaýatlaryny giňişleýin peýdalanypdyr. Ikinji kitabyň 1585-nji ýyldan soňky wakalarynyň beýany has hem gymmatly, sebäbi Oraz beg şundan soňky wakalaryn aglabasyny gözi bilen görüpdir we olara gatnaşypdyr.

Ikinji jildin başky dört babynda Sefewi döwletini esaslandyryjy şa Ysmailyn (1502-1524) we onuň ogly, döwleti elli iki ýyllap dolandyran şa Tahmaspyň (1524-1576) dolandyryşy barada gürrüň berilýär.

1585-nji ýylyň tomsunda osmanly goşunlary Osman patyşanyň serkerdeliginde Erzurumdan Töwrüze tarap ýörişe başlaýar. Şeýle howsalaly döwürde, Oraz begiň ýazmagyna görä, Sefewi döwletini özara oňşuksyzlyklar horlaýardy. Batyl şa Muhammet Hudaýbendäniň garşysyna toslama dildüwüşiklerde aýyplanyp, töwrüziň häkimi «uly esger» Emir han Türkmen jezalandyrylypdy. Şol sebäpden hem Töwrüzi goramagyň ýerine Türkmen we Tekeli taýpalary Osman paşanyň tarapyna geçdiler. Bu bolsa Osman paşa Nahiçewan-Hoý-Marand-Sufiýan ugurlary boýunça pesgelçiliksiz hereket edip, Töwrüzi eýelemäge mümkinçilik beripdir. Sefewi patyşasy Muhammet Hudaýbendäniň uly ogly, edenli Hemze mürze Osman paşanyň elinden Töwrüzi alyp bilmen yza çekilýär. Töwrüziň Emir han Türkmenden soňky häkimi Alyguly han hem şäheri taşlap gidýär.

Emir han Türkmen jezalandyrylandan soň Hemze mürzäniň hereketinden nägile bolan türkmenler we tekeliler Hudaýbendäniň ýetginjek ogly Tahmasp mürzäni Kazwinde şa diýlip yglan edýärler. 1586-njy ýylyň ýazynda Hämzä mürze patyşany Töwrüzde galdyryp, özi Kazwinde häkimiýeti ele alan türkmenlere we tekelilere garşy ugraýar we paýtagty eýeleýär. Paýtagty eýeläp Hemze mürze şa diýlip bikanun yglan edilen inisi Tahmaspy ele salýar we ýene-de Töwrüziň etegine dolanyp

gelýär. Bu ýerde ýerleşýän Osman paşa kömege Anadolydan Jygaly paşanyň serkerdeliginde türkmen goşunlarynyň ýetip gelýändigini eşidip, Hemze mürze Töwrüziň gabawuny aýyryp, yza çekilýär. Şundan soň Hudaýbände ogly Hemze mürze bilen Garabaga ugraýar. Ýöne Genjäniň golaýynda Hemze mürze özüniň satlyk sertaraşy tarapyndan öldürilýär. Bu wakalary Oraz beg öz gözleri bilen görüpdir. Şonuň üçin hem bu harasatly wakany has jikme-jik beýan edipdir. Oraz begiň ýazmagyna görä, şazada Hemze Şamly taýpasynyň serdarlarynyň dildüwüşiginiň pidasy bolupdyr. Sebäbi Şamlylar Hemze mürzäniň kiçi ýaşly ogly Ysmaýyly kör şanyň orunbasary goýmagy we onuň arkasyndan döwleti dolandyrmagy maksat edinýärdiler. Emma garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykyp, sefewileriň Kazwindäki şa tagtyna Hudaýbendäniň kiçi ogly Abbas mürze eýe bolýar.

Sefewi döwletiniň ýagdaýy gozgynydy: ýurduň günbataryndaky giden ýerleri osmanly türkmenler eýeläpdi, demirgazyk-günbataryndaky ýerlere bolsa şeýbanylaryň çözmak howpy abanýardy. Ýurduň köp ýerlerini gozgalanlar gurşap alypdy. Şa Abbas osmanly hökümdary soltan Myrat III Häzirbegjany Töwrüz bilen birlikde bermek bilen kemsidiji şertnama gol çekmäge mejbur bolýar. Ýöne emele gelen ýagdaý Abbasa Gilýandaky, Lurstandaky we Mazendarandaky topalanlary basyp ýatyrmaga mümkinçilik berýär. Soňra ol Hyradyň eteginde Horasany eýelän buharaly goşunlary hem derbi-dagyn edýär. Oraz begiň ikinji kitaby şa Abbasyň paýtagty Kazwinden Yspyhana göçürmegi bilen tamalanýar. Awtoryň üçinji kitabynyň mazmunyny bolsa, onuň Ýewropa eden syýahatynda beýan edipdik. Oraz begiň kitabyna Ýewropada uly gyzyklanma bildirilipdir. Şonuň üçin hem Le-Strenj 1929-njy ýylda onuň eserini Londonda iňlis dilinde neşir edipdir. Oraz beg Baýatyň kitabynyň ylmy ähmiýeti göz öňünde tutulyp, Le-Strenjiň iňlisçe neşiri 1959-njy ýylda Tähranda pars dilinde hem çap edilipdir.

Umuman aýdanynda, Oraz beg – Don Huan taryhçy, diplomat we görnükli şahsyýet hökmünde türkmen taryhynda uly yz galdyrypdyr.

## Kiçi Aziỳanyň taryhy boỳunça çeşmeler

Türkmenleriň gadymy şäherleriniň biri bolan Erzurumdan günorta-günbatara uzap gidýän uly şaýol bilen Malatýa tarap gitseň, ýol ady taryha öwrülen Otlukbili düzlügine eltýär. Otlukbili düzlügi türkmen taryhynda ençeme wakalaryň bolup geçen ýeridir. Bu düzlük XI asyryň ikinji ýarymynda türkmenleriň Gündogar Anadolyda ýurt tutunan, mal yzynda gezip, sahawatly döwran süren ülkeleriniň biri. Otlukbili düzlügi 1473-nji ýylda akgoýunly döwletiniň patyşasy Uzyn Hasan bilen osmanly soltany Muhammet II Fatyhyň söweşen ýeri. Ýöne bu wakalar biziň gürrüňini etjek bolýan wakalarymyzdan birnäçe asyr soň bolupdy.

Otlukbili düzlüginde ýerleşýän Türkiýäniň Terjan etrabynda «Mama Hatyn» atly köne türkmen obasy ýerleşýär. Şu oba gelen nätanyş adamlaryň öňi bilen obanyň edil gapdaljygynda ýerleşýän üýtgeşik bir ýadygärlige gözleri kaklyşýar. Ýerli ilat bu ajaýyp ýadygärligi «Mama Hatyn aramgähi» diýip atlandyrýar. Çünki bu aramgähiň içinde şol döwürlerde aýdylşy ýaly, «dünýäniň we diniň päkizeligi, beýik hatynlaryň buýsanjy» türkmeniň beg neslinden bolan hökümdar gyzy Mama Hatyn baky ukyda ýatyr. Şu gadymy obanyň ady hem aramgähiň ady bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Mama Hatyn türkmenleriň guran Saltyklar begligini 1191-1201-nji ýyllarda dolandyran meşhur emirdir.

Mama Hatynyň ata-babalary Daňdanakan söweşinden soň Togrul begiň we Çagry begiň baştutanlygynda Türkmenistandan Eýrana, ondanam Wizantiýa taraplara göç edipdirler. Alp Arslanyň döwründe seljuklaryň Meňgüýçli Gazy we Saltyk beg Gazy atly meşhur serkerdeleriniň bolandygy taryhy çeşmelerde aýdylýar. Bu iki serkerde Malazgirt söweşinde seljukly taryhyny altyn harplar bilen bezäp, uly şöhrata eýe bolupdyrlar.

«Türkmenlere Rumyň gapysyny açyp beren» bu söweşden soň, Alp Arslan Meňgüýçli Gazyny Erzinjana, Saltyk begi bolsa Erzuruma emir edip belleýär. Gündogar Anadolyda türkmenleriň Meňgüýçliler we Saltyklar beglikleri şeýdip döräpdir.

Erzurumda dörän bu begligi tä XIII asyryň 30-njy ýyllaryna çenli Saltyklar neslinden bolan emirler dolandyrypdyrlar. Saltyklar begligini esaslandyran meşhur serkerdäniň doly ady Abulkasym Saltyk beg Gazydyr. Mama Hatyn şol şöhratly serkerdäniň ýuwlugydyr.

Erzurum diňe bir türkmen taryhynda däl, eýsem dünýä taryhynda-da tanalýan şäherleriň biridir. Şaheri ermeniler Karin, araplar bolsa Arzen ar-Rum diýip atlandyrýardylar. Bu ülkede ýurt tutunan türkmenler bolsa şäheri Erzurum diýip atlandyrdylar.

Saltyk begiň haçan aradan çykandygy belli däl, ýöne XI asyryň ahyrlarynda - XII asyryň başlarynda emirligi onuň ogly Diýaeddin Aly dolandyrýar eken. Onuň ady taryhy çeşmelerde Diýaeddin Gazy, Gazy Aly görnüşinde hem getirilýär. Sebäbi «gazy» unwany - derejesi oňa Saltyk Gazydan miras galypdyr we yslamyň bu derejesini ol uly buýsanç bilen göteripdir.

Diýaeddin Aly 1092-nji ýylda Mälik şa aradan çykandan soň, seljukly şazadalaryň tagt üstündäki dawalaryny gözi bilen görüpdir. 1099-njy ýylda Berkýaruk bilen Muhammet Taparyň arasynda başlan tagt dawasynda Diýaeddin Gazy garşydaşlaryň ikinjisini goldapdyr. Bu barada meşhur taryhçy Ibn al-Asir: «… Muhammet [Tapar] öz tarapdarlarynyň topary bilen Ermenistan ýurdunyň Arçeş welaýatyna ugrady. … Arzen ar-Rumyň hökümdary emir [Gazy] Aly onuň bilen aragatnaşyk açdy» diýip ýazýar.

Diýaeddin Gazy baradaky maglumatlar Ibn al-Azrak al-Farikiniň işinde-de berilýär. Taryhçy Gazy Alynyň goňşylary bilen gatnaşyklary barada ýazmak bilen «Mardiniň we Maýýafarikiniň hökümdary Timurtaş arzen ar-rumly Gazynyň gyzyna öýlendi. Ondan iki ogul – 1126-njy ýylda Nejmeddin Alpy, 1127-nji ýylda bolsa Jemaleddin Sawty doguldy» diýip ýazýar.

Diýaeddin Gazynyň aradan çykan senesi baradaky maglumat al-Aziminiň işinde görkezilýär. Onuň ýazmagyna görä «Arzeniň hökümdary Gazy 1132-nji ýylda aradan çykypdyr». Bu merdana türkmen emirinden birnäçe binalar miras galypdyr. Ol Erzurumyň baş diňi bolan «Minara Depäni» gurdurypdyr. Erzurumyň Miýadan obasynda bolsa, onuň guburynyň üstünde galdyrylan gözel aramgähi ýerleşýär. Ýerli ilat tarapyndan «Gazy Aly» diýilip atlandyrylýan bu aramgähde Saltyklar nesline degişli birnäçe adam jaýlanypdyr.

Diýaeddin Gazydan soň emirligi onuň ogly, meşhur atasynyň ady dakylan Izzeddin Saltyk beg (1132-1168) dolandyrypdyr. Izzeddin beg Saltyklar nesliniň iň meşhur we edenli hökümdary hasap edilýär. Ermenileriň Arske şäheriniň gala diwaryndaky ýazgylarda Izzeddin begiň ady getirilýär. Onuň dolandyran ýyllarynda emirligiň ýerleri has hem giňäpdir. Indi onuň düzümine Erzurum welaýatyndan başga-da, Kars, Mižinkert, Babert, Arske ýerleri hem girýärdi.

Izzeddin Saltygyň ogly Mälik Muhammet beg (1168-1191) ata-babalarynyň döreden emirligini berkidipdir. Onuň dolandyran ýyllarynda ýurt eýesi türkmenlerem, döwletiň esasy salgyt töleýän ilaty bolan ermenilerem asuda we bolelin durmuşda ýaşapdyr. Ata-babalaryndan gurmak we döretmek kesbini miras alan Mälik Muhammet beg ençeme ymaratlary bina edipdir. Onuň gurduran ymaratlaryndan 1179-1180-nji ýyllarda bina edilen Erzurum metjidi we Wan şäherindäki «Uly Jamy» metjidini görkezmek bolar.

Mälik Muhammediň näçinji ýyla çenli emirlik edenligi belli däl. Arap ýazary Ymadeddin Yspyhanynyň berýän maglumatlaryna görä, 1191-nji ýylda begligi Mälik Muhammet Saltygyň gyzy Mama Hatyn (1191-1201) dolandyrýar eken. Mälik Muhammet XII asyryň 80-90-njy ýyllarynyň sepgitlerinde aradan çykan bolmaly. Sebäbi şol ýyllardan irki taryhy çeşmelerde Mama Hatynyň ady tutulmaýar. Bu bolsa Mama Hatynyň 1190-1191-nji ýyllar töweregi häkimiýet başyna gelendigini takyklamaga esas berýär.

Mama Hatyn takmynan 1169-1170-nji ýyllar töweregi dünýä inipdir. Kakasynyň söýgüli gyzy bolansoň, Mälik Muhammet aradan çykan badyna emirligi öz eline alypdyr. Onuň dolandyran ýyllarynda Saltyklar begligi türkmenleriň Yrakdaky seljuk döwleti, Rumdaky seljuk döwleti, Häzirbegjandaky Ildeňizler atabegligi, Erzinjandaky Meňgüýçliler begligi we ýene-de birnäçe türkmen döwletleri bilen araçäkleşýärdi. Muňa garamazdan, Mama Hatyn bu türkmen döwletleriniň hemmesi bilen hoşniýetli gatnaşyklary etmäge çalyşypdyr. Ol aýratyn hem türkmenleriň Müsürdäki Eýýubiler döwleti bilen gowy gatnaşyklary ýola goýupdyr. Meşhur Eýýuby hökümdary Soltan Salaheddin, ol aradan çykandan soň bolsa, onuň inisi Mälik Adyl bilen doganlyk gatnaşyklaryny saklapdyr. Öňler Saltyklar begligi türkmenleriň Yrakdaky seljuk döwletiniň ýapjasy hasap edilýärdi.

Mama Hatynyň begligi dolandyryp başlan ýyllary Seljuk döwletinde häkimiýet ugrunda göreşler dowam edýärdi. Soltanyň atabegleri bolan Ildeňizler iň soňky Yrakly seljuk soltany Togrulyň elinden häkimiýetini aljak bolýardylar. Içki oňşuksyzlyklaryň netijesinde Yrakdaky seljuk döwleti 1194-nji ýylda ýykyldy, Ildeňizler atabegligi bolsa gowşady. Bu oňşuksyzlykdan Merkezi Aziýanyň hökümdary, Köneürgenç türkmen döwletiniň patyşasy Tekeş peýdalandy. Tekeş birnäçe ýylyň dowamynda Eýrany, Yragy we Häzirbegjany özüne tabyn etdi. Emma köneürgençli soltanyň Kiçi Aziýa tarap gitmändigi üçin ol ýerlerdäki türkmen döwletleri öz garaşsyzlyklaryny saklap galdylar.

Saltyklar begligi sebitde ýerleşýän güýçli türkmen döwletleriniň biri bolupdyr. Mama Hatyn daşky çozuşlara sezewar edilýän goňşylaryna kömek hem edýär eken. Bu barada Ymadeddin Yspyhanyda şeýle maglumat saklanyp galypdyr: «Haçan-da şehinşahyň ogly Takyeddin Omar Malazgirdi gabanda… Saltygyň gyzy Mama Hatynyň baştutanlygynda Arzen ar-Rumyň goşunlary kömege geldi». 1191-nji ýylda bolup geçen bu wakada Mama Hatynyň hut özi malazgirtlilere kömege gelipdir we duşman derbi-dagyn edilipdir.

Mama Hatynyň elinden häkimiýetini alanlar hem emirligi uzak dolandyran däl bolara çemeli. Sebäbi XIII asyryň arap ýazary Ibn Bibiniň şaýatlyk etmegine görä, 1201-nji ýylyň ahyrlarynda Saltyklar begligi Rumyň seljuk soltany Rukneddin Süleýman ibn Gylyç Arslan tarapyndan eýelenilýär. Rumly türkmen soltany begligi öz inisi Mugyseddin Togrul şa mülk edip berýär. Bu wakalary Ibn Bibi gysgaça «Rukneddin Süleýman Arzen ar-Rumy eýeledi we onuň hökümdary Mälik şa ibn Muhammet ibn Saltygy tussag etdi» diýip beýan edýär.

Mälik şanyň tussag edilmegi we Erzurumyň Mugyseddin Togrula mülk edilip berilmegi bilen Saltyklar begligi ýitmändir. 1225-nji ýylda Mugyseddin Togrulyň aradan çykmagy bilen Saltyklar begligi ýene-de dikeldilipdir. Sebäbi biziň aýdanlarymyzy tassyklaýan taryhy ýazgylar saklanyp galypdyr. Saltyklar neslinden bolan emirler begligiň uly şäherleriniň biri bolan Mižinkert galasyny gurupdyrlar. Galanyň diwarynda ýadygärlik ýazgysy oturdylyp, onda şeýle maglumatlar saklanyp galypdyr: «Bu bagtyýar gala biziň jenabymyz, emir, göreşiji, topalaňçylary we bozgaklary ýeňiji, dinsizleri we köphudaýlylary ýogediji, ezilenleriň arkadagy, gazylaryň buýsanjy, diniň diregi, Rum, Ermenistan, Diýarbekir we Diýarrabiýa ýurtlarynyň hökümdary, Eýranyň we Turanyň Pälwany, Mekge - Medinäniň we Hajyň bezegi Abu Mansur Argun Basat şa ibn [Mälik] Muhammet ibn [Izzeddin]Saltyk ibn [Diýaeddin]Aly ibn Abulkasym [Saltyk] tarapyndan guruldy. 1233-nji ýyl».

Bu döwürler Mama Hatyn Erzurumdan 100 km daşlykdaky Terjanda öý tussaglygynda ýaşaýardy. Oňa uzak ömür sürmek miýesser edipdir. Türkmeniň hökümdar gyzy Mama Hatyn 1246-1247-nji ýyllar töweregi aradan çykypdyr. Sebäbi ölenden soň 1247-nji ýylda onuň guburynyň üstünde ajaýyp aramgäh gurlupdyr. Aramgähiň golaýynda soňra Mama Hatyn obasy emele gelipdir.

Mama Hatyn aramgähi 1917-nji ýýlda Gündogar Anadolynyň taryhy ýadygärliklerini öwrenip ýören alym I.Orbeli tarapyndan ýüze çykarylypdyr. I.Orbeli ýadygärligiň ýüzündäki ýazgylaryň

suratyny alypdyr, L.Işhanow bolsa elde aramgähiň suratyny çekipdir. Bu suratlar köp ýyllaryň dowamynda Russiýa YA-nyň Sankt-Peterburg bölüminiň arheologiýa institutynda saklanypdyr. Şol suratlardaky ýazgylar we ýadygärligiň özi soňra alymlar S.K. Ýetkin, A.A. Haçatrýan we P.Pabujýan ýaly alymlar tarapyndan öwrenilipdir. P. Pabujýan «Terjandaky «Mama Hatyn» aramgähi yslam binagärçiliginde başga bir nusgasy bolmadyk ýeke-täk ýadygärlikdir» diýip, onuň ähmiýetine we gurluş aýratynlygyna ýokary baha berýär. Türk taryhçysy S.K.Ýetkin bolsa «Mama Hatyn aramgähi ýaly başga bir ymarat Anadolyda-da, musulman ýurtlarynda-da gabat gelmeýär» diýip belleýär.

## Orta Gündogar ýurtlarynyň taryhynyň taryhnamasy

Türkmenlerde nesilbaşymyz Oguz han Türkmeniň jöwher paýhasyndan dörän, asyrlar boýy mynasyp nesiller tarapyndan ösdürilen we kämilleşdirilen, döwründe dünýä nusga bolan kämil döwlet dolandyryş ulgamy bolupdyr. Bu ulgam taryhymyzyň gadymy döwürlerinde ýüze çykyp, asyrlaryň talapkär tejribesinden geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Nesilbaşymyz Oguz han Türkmen adamlary döwletdäki we jemgyýetdäki eýeleýän orunlaryna ukyp-başarnyklaryna görä, biri-birinden tapawutlanýan durmuş toparlaryna bölüpdir. Taryhy maglumatlardan çen tutsaň, türkmen jemgyýetinde şindi gadym zamanlarda üç sany durmuş toparynyň – (1) emeldarlaryň (akyldarlar, bilimliler we hasapçylar), (2) harbylaryň (batyrlar we çakgan kişiler) we (3) döwlete salgyt töleýän hem-de zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän ilatyň (bilimsiz, sada kişiler) bolandygy görünýär. Eýsem-de bolsa, bir görseň täsin nusga, unudyp bolmajak dessur, bir görseň keramat bolup görünýän bu düzgüni Oguz han näme üçin, nähili maksatlaryň hatyrasyna girizdikä?

Döwletlilik taryhy müňýyllyklar bilen ölçelýän türkmenleriň döwleti edara etmek dessurynda, durmuş sazlaşygy meselesi hemişe hökümdarlaryň üns merkezinde bolupdyr. Oguz han

tarapyndan esaslandyrylan bu gurluş asyrlar boýy dowam edip, diňe bir türkmen döwletleri üçin däl, eýsem dünýäniň köp ýurtlary üçin hem nusga bolup hyzmat edipdir. Çünki jemgyýeti dolandyrmagyň şeýle usuly islendik döwletiň içinde saklamasy örän kyn bolan durmuş sazlaşygyny emele getiripdir. Durmuş sazlaşygy bolsa, döwletiň daşky howpsuzlygy bilen bir hatarda, onuň içki howpsuzlygyny hem-de rowaç ýaşaýsyny üpjin edýän baş şertleriň biridir.

Jemgyýetiň içki bitewiligini emele getirýän üç sany durmuş topary bilen bir hatarda, döwletiň ilatyny sany boýunça deň derejede iki golda ýerleşdirmek (çep we sag gollar ýa-da ganatlar) tejribesiniň hem uly ähmiýeti bolupdyr. Bu düzgün boýunça döwletiň ýerini, ýurdumyzyň häzirki döwürde welaýatlara bölünişi ýaly, tutýan meýdanyna we ilat sanyna görä deň ikä bölýärdiler. Türkmen jemgyýetiniň aýrylmaz bölegi bolup durýan dürmuş toparlarynyň – gatlaklarynyň sany hem gollaryň - ganatlaryň ikisiniň içinde hem birmeňzeş bolupdyr. Bu örän oňaýly dolandyryş usuly hasap edilýär. Göç edilende, ýörişlere gidilende ýa-da söweşlerde halka hem-de goşuna öwretmek gerek däldir: begler, töreler, aksakallar we serkerdeler buýruk berilmezden derrew öz durmaly, ýerleşmeli ýerlerini, gollaryny, ganatlaryny kynçylyksyz tapyp bilýärdiler. Çünki bu düzgünler müňýyllyklardan gelýän üýtgewsiz dessurlardy. Oguzlaryň gadymy dessur esasynda «iç oguzlary « we «daş oguzlary « bolup oturmak däbi hem hut şu dolandyryş ulgamyndan gelip çykýandyr.

Oguzlaryň 24 taýpasy Oguz han tarapyndan öz ata-baba ýurdunda ýerleşdirilişi, türkmen döwletiniň dolandyrylyşy we edara edilişi barada köp maglumatlar saklanyp galypdyr. Şol taýpalar ýerleşişlerine görä iki goldan – sag hem-de sol goldan durupdyrlar. Oguzlaryň gadymy däplerine görä, tagtyň mirasdary hemişe sag goluň häkimi wezipesini eýeläpdir, çep goluň häkimi bolsa baş serkerdäniň ornuny tutýardy.

Ýokarda şekillendirilen çyzgydan görnüşi ýaly, türkmenler ýurt tutunyp oturyşlaryna görä, iki goly ýa-da iki ganaty, her gol

bolsa öz içinde biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly üç sany durmuş toparyny emele getiripdir. Jemgyýetiň üç sany durmuş toparyndan ybarat bolmagy, döwletiň bolsa şeýle usul bilen iki ganatda ýerleşdirilmegi, onuň dolandyryşyny we edara edilişini ýeňilleşdiripdir, howsalaly döwürlerde döwletiň howpsuzlygyny üpjün edipdir hem-de ýurduň ähli raýatlaryny bir maksada gönükdirip, olary bir hökümdaryň daşyna jemläpdir.

Meşhur hytaýly taryhçy Syma Sýanyn ýazmagyna görä, Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti hem ýerleşişine we onuň goşunlarynyň düzülişine görä, iki goldan ybarat bolupdyr. Taryhçynyň aýdanlaryny onuň hun döwletindäki wezipeler hakynda berýän maglumatlary hem tassyk edýär. 1) Gündogar we Günbatar Toky begi, 2) Gündogar we Günbatar begi, 3) Gündogar we Günbatar beýik serkerdesi 4) Gündogar we Günbatar duýuýy, 5) Gündogar we Günbatar Danhu, 6) Gündogar we Günbatar Gutlugy. Wezipeleriň we derejeleriň öňünde «Gündogar we Günbatar» sözleriniň getirilmeginiň sebäbi, bu döwlet iki ganatdan – sag (Günbatar) we çep (Gündogar) ganatlardan durupdyr.

Geçmişde milletimiziň Oguz han tarapyndan esaslandyrylan bu özboluşly dessuryny ulanmaga synanyşan halklar az bolmandyr. Basybalyjy Çingiz han hem bu ulgamyň gürrüňsiz artykmaçlygyny görüpdir. Ol öz döreden wagşy döwletini şu düzgün boýunça edara etmäge çalşypdyr, nesillerine-de şony wesýet edipdir. Emma maksat-myradyň, niýetiň-päliň düzüw bolmasa, nähili kämil gurluşy kabul edeňde-de onuň peýdasy ýok! Üstesine-de, ýoýlan, ýasama zatlar uzak dowam etmeýär. Şonuň üçin hem ýykgynçy nesil tarapyndan Zeminiň dürli künjeklerinde döredilen «mongol döwletleri» diýilýänleri, döreýişleri ýaly hem dünýä taryhynda ýakymsyz yz galdyryp, tiz ýitip gitdiler.

Geçmişde türkmenleriň döwleti edara etmek, adamlary jemgyýetdäki eýeleýän orunlary boýunça ýerleşdirmek däpleri, dünýäniň köp ýurtlaryndakydan düýpli tapawut edýärdi. Elbetde, Gündogaryň gadymy döwletleri bolan Hytaýda,

Yaponiýada, Koreýada, Wizantiýada, Sasany döwletinde we başgalarda hem jemgyýeti gatlaklara bölýärdiler. Emma bu ýurtlardaky jemgyýetçilik bölünişigi, esasan adamy adamyň ezmegine we sütem etmegine daýanýardy.Yaman ýeri, jemgyýetçilik durmuşynyň iň kyn wezipeleri hem ilatyň köp bölegini öz içine alýan öndürijileriň (daýhanlar, maldarlar, senetçiler, hünärmentler) boýnuna düşýärdi. Ýurtda haryt bolçulygyny döretmek we salgyt tölemek wezipesi boýnuna ýüklenen öndürijileri hatda göşun gulluguna-da alýardylar. Dogrusy, goşun hem esasan şolaryň hasabyna düzülýärdi. Ady agzalan döwletlerde, asyrlaryň dowamynda bolup geçen köpsanly halk gozgalaňlarynyň sebäplerini hem adatça hut şeýle adalatsyz durmuş gurluşyndan gözleýärler.

Halkymyzyň taryhy tejribeleriniň hatarynda, onuň döwründe dünýä nusga bolan köpmilletli döwleti dolandyrmak tejribesiniň hem uly ähmiýeti bolupdyr. Oguz hanyň guran türkmen döwleti, soňra asyrlaryň geçmegi bilen Oguz türkmenleriniň Beýik Hun, Göktürkmenleriň, Gaznaly, Beýik türkmen Seljuk, Yrakdaky we Rumdaky Seljuk, Osmanly, Sefewi döwletleri, Delidäki türkmen soltanlygy ýaly başga-da ençeme köpmilletli döwletlere öwrülipdir. Aslyýetinde, türkmen döwletleri diýlende, Zeminiň çar künjeklerinde döredilen köpmilletli döwletler göz öňüne gelýär. Şu döwletleriň içki gurluşy içgin öwrenilende-de, Oguz hanyň jemgyýeti dolandyryş tejribesini aýdyň görmek bolýar. Ýöne, türkmen jemgyýetiniň içindäki şol üç durmuş toparyny syýasy-ykdysady taýdan pugta özara baglanyşdyrýan gural hem iňňän zerur bolupdyr. Şol gural bolsa, Oguz hanyň işläp düzen hem-de Oguz döwletini dolandyrmak üçin saýlap alan nusgalyk dolandyryş ulgamydyr.

Dürli müňýyllyklarda we asyrlarda ýaşap geçen türkmen döwletlerinde şol dolandyryş ulgamyny dürli hili atlandyrypdyrlar. Ýöne, nähili atlandyrylanda-da, neneşi usul bilen durmuşa ornaşdyrylanda-da , olaryň ählisi mazmun taýdan birdir – meňzeşdir. Oguz han Atamyzyň esaslandyran

dolandyryş ulgamy Beýik Seljuk döwletinde, Rumdaky Seljuk döwletinde «ikta», Osman türkmenleriniň imperiýasynda «sypaýy», «sypahyçylyk», Delidäki türkmen soltanlygynda bolsa «jagir» diýlip atlandyrylypdyr.

Oguz han Türkmeniň dölweti dolandyrmak dessurynyň iň kämil derejelere ýetirilen we ösdürilen türkmen döwletleriniň biri-de, Osman türkmenleriniň döwleti bolupdyr. Bu döwletde ähli gatlaklaryň bähbitleriniň sazlaşygyny döretmek we her toparyň durmuşdaky ornuny anyk kesgitlemek üçin osmanly jemgyýetinde üç sany durmuş toparyny döredipdirler. Bu durmuş gurluşy taryh ylmynda «sypaýy ulgamy» ýa-da «sypahyçylyk» ady bilen bellidir. Sypahyçylyk ulgamy türkmen halk döredijiliginde belli bir derejede yz galdyrypdyr. «Gül-Senuber» dessanynda şeýle setirler göze ilýär:»Imdi sypahyçylyk öwrengil diýdi». Bu barada Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» eserinde-de aýdylýar:»Eger maňa ýene bihet[1] sypahy».

Sypaýy ulgamy boýunça ilatyň içinde 1) «galam adamlary», 2) «gylyç adamlary», we 3) «raýatlar» diýlip atlandyrylýan durmuş toparlary döredilipdir. Mysaldan görnüşi ýaly, bu toparlaryň her biriniň jemgyýetdäki orny gadymy däpler esasynda Osmanly soltanlary tarapyndan kesgitlenilipdir. Kanun boýunça gylyç adamlary ýorişlere gatnaşmalydy, ýurdy goramalydy, galam adamlary soltanyň hökümetini dolandyrmalydy, ýurdy edara etmelidi. Raýatlar bolsa önüm öndürip, döwlete salgyt tölemelidi. Başky iki gatlakdan tapawutlylykda, raýatlar dolandyryş işlerine, goşun gullugyna alynmaýardy, ýörişlere gatnaşdyrylmaýardy. Ýagny, olar diňe önüm öndürmek we haryt bolçulugyny döretmek bilen meşgullanýardylar. Türkmenleriň döreden bu ulgamy döwletiň umumy işleriniň bähbitleri üçin soltanyň her bir raýatynyň bähbitlerini sazlaşykly bir ýere jemläpdir we birikdiripdir.

Türkmenler özleriniň ýurt edinen ýerlerinde däp bolup gelýän milli dolandyryş usullaryny berkarar etmek bilen, aýratyn hem

---

[1] köpsanly manysynda.

Wizantiýanyň we Balkanlaryň isaýy (hristian) ilatynyň durmuşynyň düýpgöter gowulaşmagyna ýardam etdiler. Türkmenler bu ýerlerde dowam edip gelen baş-başdaklygy we ynsany ynsanyň kemsitmegi ýaly ýowuz düzgünleri ýok etmek bilen çäklenmän, ençeme halklary Ýewropada kemala gelen we asyrlar boýy dowam eden zulumdan – sütemden hem azat etdiler.

Osman imperiýasynyň düzümine giren hristian halklarynyň ýaşaýyş durmuş şertlerini, Günbatar we Gündogar Ýewropanyň «krepostnoý» daýhanlarynyňky (gul ýaly ezilýän) bilen deňeşdireniňde, olaryň emläk we hukuk derejeleriniň arasynda uly tapawudyň bardygyny görmek bolýar. Zähmetkeş adamynyň durmuşynyň orta asyrlarda kyn bolandygyna garamazdan, osmanly raýatlaryň ýagdaýy, ýewropaly daýhanlaryňkydan düýpgöter tapawutlanyp, olar iş ýüzünde-de, hukuk taýdan-da hiç haçan özleriniň erkinligini ýitirmändiler.

Ýeri işläp bejerýän daýhanyň ýeri kanun boýunça gylyç adamlaryna ýa-da galam adamlaryna berilýärdi. Şunda daýhan salgydy döwlete däl-de, kanun boýunça ýaňky ady agzalan adamlara töleýärdi. Adalatly ýeri, bu iş iki tarapyň hem razylygy boýunça amala aşyrylýardy. Eger-de daýhan öz yerini taşlap, başga bir işiň başyny tutsa, onda ol sypaýylara «çift bozan» (ylalaşygy bozan manyda) salgydyny tölemelidi.Ýagny, daýhanyň sypaýa ýetiren zyýany tölenilmelidi. Eger-de, sypaýy hem daýhan babatynda öz wezipesinden hyýanatçylykly peýdalanyp, düzgüni bozsa, şeýle emeldarlara we serkerdelere haýal edilmän çäre görlüpdir. Şeýlelikde, sypaýy bilen raýatyň arasyndaky gatnaşyklar deňhukukly ýagdaýda bolupdyr. Sebäbi kanun olaryň ikisi üçin hem deňdi. Eger-de sypaýy özüne berlen wezipeden hyýanatçylykly peýdalansa ýa-da eden-etdiliklere ýol berse, raýat hem öz borçlaryna sowuk-sala garasa, olary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrsa, onda olaryň ikisine-de soltanlar tarapyndan temmi berlipdir.

Bu durmuş gurluşynyň ylymda «sypaýy ulgamy» («sipahi» – «harby») diýilip atlandyrylandygyny biz eýýäm belläpdik. Şu

ulgam Orta asyrlarda dünýäde ulanylan dolandyryş tejribesiniň iň ynsanperwer usuly hasap edilýär. Sebäbi köp ýurtlaryň alymlarynyň ýazmagyna görä, bu gurluş «synplaryň we gatlaklaryň bähbitleriniň özara sazlaşygyny» («synpy garmoniýa») emele getirýärdi. Sypaýy ulgamy Osman döwletiniň merkezleşmeginde we onuň döwründe dünýäniň iň kuwwatly döwletine öwrülmeginde uly hyzmat görkezdi. Käbir alymlaryň ýazmagyna görä, bu ulgam Osman imperiýasyny «bitewi bir uly soltan mülküne öwrüpdir». Türk taryhçysy H.Ynaljyk bolsa «osmanlaryň ekerançylyk ulgamy döwletiň harby isleglerini daýhanlar babatynda durmuş adatlylygyny üpjin etmek bilen bagtly baglanşdyrypdyr» diýip tassyklaýar. Goşa dyrnagyň içindäki jümleleriň manysy, sypaýy ulgamynyň imperiýany bitewi bir agzybir maşgala öwrendigini aňladýar.

Osmanly döwletinde asyrlar boýy dowam eden dolandyryş ulgamy we jemgyýetçilik gurluşy türk taryhçylary tarapyndan hem içgin öwrenilipdir. Belli taryhçylar O.L.Barkan, Y.H. Uzynçarşyly, H.Ynaljyk, T.Gökbilgin, M.Akdag bu meselelere aýratyn üns beripdirler. Sebäbi bu meseleleriň ylmy taraplary bilen bir hatarda, olary öwrenmekligiň syýasy sebäpleri hem bardy. XIX-XX asyrlaryň sepgitlerinde we XX asyryň başlarynda, Osman imperiýasynyň düzüminden çykyp, özbaşdak bolan käbir slawýan ýurtlarynda bu türkmen döwletiniň taryhyna kembaha garamak ýaly ýaramaz meýiller ýüze çakyp başlady. Bu ýurtlaryň käbir alymlary taryhçylaryň halkara maslahatlarynda Osmanly döwletiniň taryhy bilen baglanyşykly esassyz pikirleri orta atmaga synanyşýardylar, her hili ýollar bilen osmanly döwletiniň dünýä taryhyndaky ornuny peseltmäge çalyşýardylar. Bu ugurdan aýratyn hem rus, bolgar we serp taryhçylary «işjeňlik» görkezýärdiler. Şonuň üçin hem XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda türkiýeli hem-de günbatarly taryhçylar halkara ylmy maslahatlarynda türkmen taryhynyň bähbitlerini gorap çykyş etmek bilen şeýle meýilleriň esassyzdygyny subut etdiler. Taryhçylaryň XII Halkara kongresinde T.Gökbilgin öz garşydaşlarynyň osman döwletiniň

taryhy bilen baglanşykly tekrarlamalarynyň nädogrydygyny görkezdi. Ol «osmanlaryň ekerançylyk ulgamy öz döwrüniň ölçeglerine laýyklykda, durmuş adalatlylygyny gazanmaga gönükdirilipdi we hiç haçan hem şu ulgamda dolandyryjylar bilen dolandyrylýanlaryň arasynda oňşuksyzlgyň ýuze çykmagyna bahana döretmändi» diýip belläpdir.

Beýleki türkmen imperiýalary ýaly, Osman döwleti hem ägirt uly ýerleri öz içine alýan köpmilletli döwletdi. Ýöne, asly arassa, adyl türkmen soltanlary içeri syýasatda milletçilige, dinparazlyga ýol bermeýärdiler, raýatlara sütem etmeýärdiler. Adamlaryň diline, dinine, milletine garamazdan hemmeler döwletiň öňünde deňdiler. Şonuň üçin hem osmanly köşgünde, welaýatlary dolandyrýan «sanjak begleriniň» edarasynda türkmenlerden başga-da dürli halklaryň wekillerine-de köp duşmak bolýardy. Olar türkmen dilini öz ene dilleri ýaly bilip, osmanly döwletine wepadarlyk bilen gulluk edýärdiler. Şeýle adalatly dolandyryşyň netijesinde üç kontinentde - Aziýada, Afrikada we Ýewropada ýerleşen bu ägirt uly türkmen döwletiniň taryhynda milletara we dinara, aýratyn hem gatlaklar arasyndaky çaknyşyklar hiç haçan bolmandyr.

XIX-XX asyrlarda dünýä taryhy, şeýle hem türkmen taryhyda örän syýasatlaşdyryldy. Şunda köp zatlar düýpgöter ýoýuldy. Russiýanyň we Gündogar Ýewropanyň slawýan taryhçylary, hamana osmanly türkmenleriniň Gündogar Ýewropada ýaşaýan slawýanlary we slawýan däl halklaryny, hamana 500 ýyllap «ezendikleri» we «gulçylyga sezewar» edendikleri barada ýazmak bilen taryhy hakykatdan daş düşýärdiler.

Taryhda geň galaýmaly hadysalar bolýar. Osmanly türkmenler Gündogar Ýewropany eýelemänkäler, bu ýerlerde gulçylyk döwründen miras galan «krepostnoýçylyk» düzgüni dowam edýärdi. Bu düzgün boýunça döwletleriň ilaty özleriniň az sanly begzadalarynyň elindedi. Halk köpçüliginde ne emläk, nede hukuk bardy. Olara edil mal kimin eýeçilik edip, öldir ýaly işledýärdiler, eýeleri islän wagtlary olaryň hatda janyny hem alyp bilýärdiler. Slawýan we slawýan däl isaýy begzadalarynyň

«birinji nika gijesine bolan hukuklary» aýratyn ýigrenji dessur bolup, ol ynsanlaryň mertebesini we namysyny depeleýärdi. Osmanly türkmenler tarapyndan Gündogar Ýewropa eýelenenden soň bu ýaramaz düzgünler, ýek görülýän dessurlar ýatyryldy. Bu ýerleriň öňki ähli hukuksyz ilaty («krepostnoýlar») «raýat» diýlip yglan edildi. Mälim bolşy ýaly, raýat diýlip döwletiň doly hukukly adamlaryna aýdylýar. Raýatlyk düzgüni boýunça ýerli begzadalaryň krepostnoýlara bolan ähli hukuklary ýatyryldy. Deňeşdirip görüň, slawýanlara «hossar» çykan Russiýanyň özünde hem krepostnoýçylyk hukugy 1861-nji ýylda ýatyrylypdy! Slawýanlar bilen dinibir, ganybir garyndaş bolmasalar-da, türkmenler ynsany kemsidýän, onuň adamçylyk mertebesini depeleýän bu düzgüni Gündogar Ýewropada baryp XIV asyrda ýatyrypdylar ahyryn! Gündogar Ýewropanyň millionlarça ilaty öz milletlerinden bolan «bir jan – bir ten» ezijilerinden azat boldy. Olar indi başga dinlidiklerine garamazdan, türkmen soltanlarynyň musulman raýatlary bilen deň hukuklydylar. Asyrlaryň gulçulygyndan çykyp, jemgyýetiň doly hukukly agzasyna öwrülen täze raýatlar, ýylyň dowamynda diňe bir gezek soltana salgyt töleýärdiler. Şunuň bilen hem olaryň döwletiň we jemgyyetiň öňündäki ähli borçlary tamamlanýardy. Öňler uruşdan gözi açylmaýan adamlary, täze eýe bolan döwletlerinde, indi goşunçylyga-da almaýardylar, ýörişlere-de äkitmeýärdiler. Şonuň üçin hem diňe bir Türkiýäniň taryhçylary däl, eýsem Günbatar Ýewropanyň hem köpsanly alymlary Kiçi Aziýada we Balkan ýarym adasynda oturan isaýy halklaryň Osman imperiýasynyň düzümine girizilmegini, şol halklaryň gulçulyk – krepostnoýçylyk zulmundan azat edilmegi hökmünde häsiýetlendirýärler.

Oguz han, Gorkut ata we Görogly eýýamlarynda türkmenler dünýäde halkara gatnaşyklaryny kesgitleýän halklaryň esasylarynyň biridi. Bu döwürlerde aýry-aýry künjeklerde häkimiýet ugrunda çykyşlar bolaýmasa, halk çykyşlary düýbünden diýen ýaly bolmaýardy. Sebäbi döwletiň edara

edilşi, jemgyýetiň guralyşy türkmenleriň Oguz han tarapyndan kesgitlenilen gadymy däpleri esasynda alnyp barylýardy. Gynançly ýeri, XVIII-XIX asyrlardan başlap türkmenleriň ata-baba hökümdarlyk eden Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň içki işlerine Ýewropa döwletleriniň gatyşyp başlamagy bilen, halkara gatnaşyklaryny kesgitleýän syýasy merkezler üýtgäp başlady. Sebitiň kä o ýerinde, kä bu ýerinde milletara, dinara we döwletara dawalary, keseki halklary bakna etmek ýaly ýaramaz syýasat öňe sürülip başlandy. Çünki ýewropalylar türkmenler tarapyndan döredilen we asyrlar boýy ulanylan bu taryhy tejribäniň ähmiýetine we ornuna düşünmeýärdiler.Olar asyrlar boýy dünýäniň ägirt uly giňişliklerinde höküm sürüp gelen türkmen döwletleriniň içinde ýaşap oturan halklary merkezi häkimiýete garşy küşgürýärdiler, olarda milletçilik ýaly ýaramaz gylyklary öjükdirýärdiler. Netijede, osman imperiýasynyň ýykylmagy bilen emele gelen milli döwletleriň aglabasy soňra içki oňşuksyzlyklara we döwletara jenjellerine ulaşyp gitdiler. Bu ýagdaý tä XX asyryň ahyrlaryna çenli dowam etdi. Ýugoslawiýadaky we Yrakdaky howsalaly wakalaryň dowamynda, ýewropaly we amerikaly syýasatşynaslar türkmenleriň bu sebiti asyrlar boýy dawa-jenjelsiz, agzybirlikde nähili dolandyryp bilendiklerine haýran galýardylar. Bu ýerde geň galar ýaly zat ýok. Onuň bar syry türkmenleriň tertip-düzgünli we adalatly hökümdarlygynda. Sebäbi türkmen döwletleriniň düzümine giren beýleki halklar hem şu adalatly nusga boýunça dolandyrylýardy. Netijede, döwletleriň köpmilletlidigine garamazdan, hemmeler soltanyň öňünde, onuň milletine, dinine we diline garamazdan deňdiler. Türkmen soltanlarynyň köşklerinde türkmen begzadalary bilen bir hatarda, dürli milletleriň wekillerini hem görmek bolýardy. Olar türkmenler bilen birlikde, köşgüň islendik uly wezipelerini eýeläp bilýärdiler.

Oguz han Türkmeniň dolandyryş ulgamynyň kämillik derejesine ýetirilen ýerleriniň biri hem türkmenleriň Delidäki döwleti (1206-1526) boldy. Aýbeg Soltan (1206-1210)

tarapyndan esaslandyrylan bu türkmen döwletinde ýurdy dolandyrmak üçin gadymy ýörelgeleriň esasynda «jagir ulgamy» işlenip düzüldi we Hindistanda döwleti dolandyrmagyň esasy hökmünde kabul edildi. Jagir ulgamy boýunça Hindistanyň welaýatlaryna «jagirdarlar» iberilýärdi. Jagirdarlar tanymal serkerdeler ýa-da döwlet emeldarlary bolupdyrlar. Her bir jagirdar öz welaýatynda kesgitli mukdarda nöker saklamalydy, döwleti goramalydy hem-de döwlet hazynasyna raýatlardan salgyt ýygnamalydy.

Bu ulgam boýunça türkmen soltanlary hindi jemgyýetini üç topara bölýärdiler: 1) jagirdarlar (harbylar), 2) zemindarlar (ýerli begzadalar), 3) raýatlar (önüm öndürip, salgyt töleýänler).

Jagirdarlar Türkmenistanyň hem-de onuň bilen sebitdeş ýerlerden soltanyň özi bilen Hindistana gelen türkmen begzadalarydy, serkerdeleridi we ýönekeý nökerlerdi. Bu adalganyň ýüze çykmagy hem türkmenleriň Hindistana gelmekleri we ýurt tutunmaklary bilen baglanşyklydyr. Şol döwrüň türkmen dilinde «jagir», «jagir edinmek» - ýerleşmek, jaý tutmak, ornaşmak, ýurt tutunmak ýaly manylary aňladypdyr.

Zemindarlar şindi türkmenler Hindistana gelmänkäler, bu ýurdy edara eden ýerli begzadalar we gurply adamlar bolupdyrlar. Raýatlar hakynda gürrüň edilende bolsa, olary Hindistanyň salgyt töleýän ilaty bolan daýhanlar, senetçiler, hünärmentler, söwdagärler emele getirýärdiler.

Jagir ulgamy boýunça, Delidäki türkmen soltanlygynda ýaşaýan ilatyň jemgyýetdäki orny kesgitlenýärdi. Jagirdarlar döwleti dolandyrmaga we goramaga gatnaşýardylar. Has düşnükli edilip aýdylanda, olar serkerdeleriň, nökerleriň we emeldarlaryň wezipesini eýeleýärdiler. Soltan çagyran mahaly jagirdarlar özleriniň häkimlik edýän ýerlerinden soltan tarapyndan kesgitlenilen mukdardaky nökerleri bilen paýtagta gelýärdiler.

Jagirdarlar adatça 500-1000 sany nökeri getirmäge borçly edilýärdi. Şunça mukdardaky goşuny jagirdaryň ekläp-saklap bilmegi üçin, soltan olara «jagir ýerlerini» berýärdi. Giçkiräk

döwürde jagirdarlyk ýerli halk bolan hindi bezgadalaryna hem berlipdir. Olar hem edil türkmen jagirdarlary ýaly, soltan üçin kesgitli mukdardaky nökerleri saklamaga we getirmäge borçly edilýärdi. Kähalatlarda uzakdaky jagirdarlar öz çykdajylaryny azaltmak we girdejilerini artdyrmak maksady bilen soltan tarapyndan kesgitlenilen mukdardan az nöker saklaýardylar. Emma türkmen soltanlary jagirdarlaryň öz gulluk wezipelerini neneňsi ýerine ýetirýändiklerini barlamak üçin häli-şindi ýerlere barlagçylary iberýärdiler. Bu meselede aýratyn hem türkmen soltany Alaỳeddin Halaç (1296-1320) berk syýasat ýoredipdir. Alaỳeddin Halaç hindi jagirdarlarynyň hökümeti aldamazlyklary üçin olaryň nökerleriniň atlaryny tagmaladýar eken. Öňler atlar tagmalanmaýarka, barlagçy gelende 500 nökeriň ornuna 250 nöker saklaýan jagirdar, öz goňşy jagirdaryndan 250 atlyny çagyryp getirip hem-de olary öz nökerleri bilen goşup, soltanyň barlagçylaryna görkezýär eken. Soňra ol öz 250 nökerini, «kömege» gelen 250 nökeriň üstüne goşup, goňşy jagirdary «halas etmäge» ugradypdyr. Şeýdip, öňler ýerli açgöz jagirdarlar soltany aldaýar ekenler. Indi, atlar tagmalanandan soňra, jagirdarlarda beýle mümkinçilik bolmandyr. Sebäbi her jagirdaryň nökerleriniň atlaryna hökümdaryň buýrugy bilen aýratyn tagma basylypdyr.

Türkmen soltanlary jagirdarlardan köşk we wezipeli adamlary hem jemleýärdiler. Olar döwleti edara etmek we dolandyrmak işlerinde soltana ýakyndan ýardam edýärdiler. Zemindarlar, ýokarda bellenip geçilşi ýaly, ýerli hindi begzadalaryndan we gurply adamlardan düzülip, olar özlerine zemindarlyga (eýeçilige) berlen ýerlerden soltanyň haýryna salgyt ýygnaýardylar. Zemindarlar ýygnalan salgydyň soltan tarapyndan kesgitlenilen möçberini özlerinde alyp galyp, galanyny döwletiň hazynasyna tabşyrýardylar. Zemindarlaryň jagirdarlardan tapawudy, olar harby we köşk gullugyna alynmandyr, olaryň esasy wezipesi soltana raýatlardan salgyt ýygnap bermekden ybaratdy.

Raýatlar türkmenleriň hökümdarlyk eden Hindistan ýurdunyň iň köp sanly ilatydy. Olar edil Osmanly döwletindäki ýaly, goşun gullugyna alynmandyr, ýorişlere we uruşlara gatnaşdyrylmandyr. Olaryň baş wezipesi döwletde we jemgyýetde önüm öndürmek we haryt bolçylygyny döretmekden ybaratdy. Raýatlar daýhandygyna, senetçidigine, hünärmentdigine we söwdagärdigine garamazdan, şerigatda görkezilen we soltan tarapyndan kesgitlenilen mukdarda we ölçeglerde döwlete salgyt töleýärdiler. Mysallardan görnüş ýaly, jagir ulgamynda-da Oguz han Türkmeniň jemgyýeti adalatly dolandyrmak däbiniň yzlary mese-mälim görnüp dur. Bu ulgam Hindistanda asyrlar boýy dowam edipdir we özüni dolandyryşyň iň kämil hem-de netijeli usulydygyny görkezipdir. Bu ulgam Delidäki türkmen soltanlygynyň 300 ýyldan-da gowrak wagt dowam eden taryhynda çalşyp bolmaýan, oňyn usul hökmünde ýaşapdyr.

Hindistanda Delidäki türkmen döwletiniň ornuna gelen Beýik Mogollaryň döwletinde-de bu usul türkmenleriň ajaýyp mirasy hökmünde üýtgewsizligine kabul edilipdir we bu döwlet ýykylandan soň hem (1859) tä XIX asyryň ahyrlaryna – XX asyryň başlaryna çenli dowam edipdir. Hindistanyň taryhyny öwrenen dürli ýurtlaryň alymlary jagir ulgamynyň Ekber soltanyň (1556-1605) dolandyran döwründe has-da kämilleşdirilendigini biragyzdan belleýärler. Şu ýerde bir hakykaty boýun almaly: meşhur türkmen serkerdesi we döwlet işgäri Muhammet Baýram han Türkmen Ekberiň terbiýeçisidi. Ekber şindi kämillik ýaşyna ýetmänkä, mogollaryň döwletini Baýram han edara edipdi. Owganly serkerdeleriň Ekberiň kakasy Humaýynyň elinden häkimiýetini almaklary bilen ýurduň dolandyryş ulgamy bozulypdy. Şonuň üçin hem Sefewi türkmenleriniň kömegi bilen häkimiýetini gaýtaryp alan Humaýyn, dolandyryş işlerini ýola goýmaga ýetişmedi. Ol aradan çykandan soň, Hindistanda dolandyryş ulgamyny täze patyşanyň ýaşlygy üçin Baýram han ornaşdyrmaly bolupdy. Hut şunuň üçin hem Mogol döwleti Ekberiň döwründe rowaç aldy.

Türkmenleriň dolandyryş ulgamyny iňlisler hem belli bir derejede ulanypdyrlar. Hindistany Angliýa öz koloniýasyna öwreninden soň, bu usul iňlis dolandyryjylary tarapyndan belli bir derejede kämilleşdirilipdir we kabul edilipdir. Hindistanda XVIII asyryň ahyrlarynda iňlisleriň girizen «zemindary» we «raýatwari» ulgamlary hem türkmen soltanlary tarapyndan barypha XIII asyryň başlarynda girizilen jagir ulgamynyň esasynda kemala gelipdir.

Mysallardan görnüşi ýaly, Delidäki türkmen soltanlygynda girizilen bu oňaýly usul hindi jemgyyetinde durmuş sazlaşygyny emele getiripdir. Sebäbi bu düzgün boýunça jemgyýetde her bir adamynyň, her bir gatlagyň orny kesgitlenilipdir. Dogry, bu düzgün boýunça adamlar öz ukyp-başarnyklaryna görä, bir durmuş toparyndan beýleki bir durmuş toparyna geçip hem bilipdir. Meselem, başarjaň, zähmetsöýer we gurply raýatlar zemindarlara öwrülip bilipdirler ýa-da tanymal hem-de täsirli zemindarlar jagirdarlyk derejelerini alyp bilipdirler. Diýmek, tertip-düzgüniň nähili berk bolandygyna, durmuşda we işde her kimiň öz ornunyň kesgitlenendigine garamazdan, adamyň durmuş we hukuk derejeleri üýtgewsizliginde galmandyr. Ýagny, ol emele gelen ýagdaýa görä, kämilleşdirilip we üýtgedilip bilnipdir.

Türkmenleriň Hindistanda girizen we asyrlar boýy ulanan bu oňyn düzgüni hindi jemgyýeti tarapyndan oňlanylypdyr. XX asyrda Hindistanyň taryhy boýunça A.Ý. Aly, K.M. Aşraf, Ý.H. Han, P.N. Çopra, M.Ýasin ýaly ýerli musulman we indus taryhçylary küt-küt kitaplary ýazdylar. Ýöne, şol kitaplaryň hiç birinde-de bu oňyn düzgün hakynda ýaramaz zatlar aýdylmaýar. XX asyr hindi taryh ylmynyň gözbaşynda duran we onuň kerwenbaşysy hasaplanylýan Jatunath Sarkar ýaly «indusçyl» taryhçylar hem türkmenleriň döreden we Hindistanda asyrlar boýy ulanan bu dolandyryş ulgamyna uly baha berýärler. Galyberse-de, bu ulgam Hindistanyň merkezleşmegine we onuň häzirki zaman araçäginde örän uly döwletiň emele gelmegine-de oňyn täsir etdi. Sebäbi Delidäki türkmen soltanlygy

esaslandyrylmanka, Hindistanda biri-birinden üzňe, özara oňuşmaýan köp sanly ownujak döwletler bardy. Türkmenleriň Hindistanda döwlet esaslandyrmaklarynyň we bu ýurdy edara etmekleriniň netijesinde şol döwletleriň ählisi merkezleşdirilen bitewi bir döwlete birikdirildi.

Türkmeni dörediji millet hökmünde tanadýan gymmatlyklaryň, nusgawy dessurlaryň ählisi, gözbaşyny nesilbaşymyz Oguz han Türkmenden alyp gaýdýar. Oguz han atamyzyň döreden, soňra adamzat nesline nusga bolan gymmatlyklarymyzyň – dessurlarymyzyň biri-de türkmeniň öz mukaddes tagtyny nesillerine miras galdyrmak däbidir.

Türkmen halky Taňrynyň nazar salan milleti. Hökümdarlyk hem-de türkmeniň mukaddes tagty nesilbaşymyz Oguz hana Beýik Ýaradanyň özi tarapyndan berlen. Şonuň üçin hem türkmen halky Beýik Taňry tarapyndan şeýle gymmat, şeýle mukaddes peşgeşe eýe bolan dünýäniň iň gadymy milletleriniň biri hasap edilýär. Taňrynyň nazar salan milleti bolandygy, ony nurdan ýaradandygy üçin türkmen halky patyşalyk hukugyna – döwründe döwleltliligiň mukaddes alamatlarynyň biri hasap edilen tagta eýe bolup bilen, ony asyrlar boýy elinde saklap, dünýä dolan milletdir.

Tagta eýe bolmak hukugy, müňýyllyklaryň dowamynda adamzat jemgyýetiniň, şol sanda türkmen durmuşynyň hem özgermegi netijesinde nesiller tarapyndan kämilleşdirilipdir. Taryhyň öwrümli pursatlarynda ata-babalarymyz Oguz hanyň taryhy tejribesiniň esasynda tagty miras galdyrmagyň özboluşlu usullaryny girizipdirler – kabul edipdirler. Eýsem-de bolsa, türkmenlerde tagty miras almagyň nähili usullary bolduka? Ol usullar esasan dört sanydyr:

1.Atasyndan ogluna geçýän miras.

2.Agasyndan inisine ýa-da uly gardaşyndan kiçi gardaşyna geçýän miras.

3.Tagt saýlaw ýoly bilen hem miras alnypdyr.

4.Türkmenlerde tagt han neslinden bolan zenanlara-da miras galdyrylyp bilnipdir.

Halkymyzyň müňýyllyklaryň içinden geçip gelýän taryhy geçmişi tagty miras almakda esasan başky iki usulyň has giň ýayrandygyny görkezýär. Aýdylanlary Oguz hanyň Adam atadan gelýän nesil daragty, şeýle hem soňra Oguzyň kowmundan dörän türkmen döwletleriniň taryhy subut edýär.

Patyşanyň tagty, jygasy (täji), tugy, tugrasy, depregi (baraban) esasy hökümdarlyk alamatlary bolupdyr. Döwlet häkimiýetiniň esasy alamatlarynyň biri bolan tagt gymmatbaha zatlardan, esasan altyndan ýasalypdyr. Türkmenlerde asyrlar boýy aydylyp gelnen «tyllaýy-tagt» hakyndaky gürrüňler, megerem, şonuň üçin dörän bolsa gerek. Tagt kürsi şekilinde ýasalyp, ol adatça owadan halylar düşelen 2-3 basgançakly tagta sekiniň üstünde goýlupdyr. Tagt goýlan sekiniň ütüne ýupek we mahmal matalar bilen örtülen çadyr hem dikilipdir. Adat boýunça tagt mejlisler otagynyň töründe, patyşalaryň dynç alýan otagyna eltýän gapynyň sag tarapynda ýerleşdirilipdir. Tagtadan edilen aýakly sekiler türkmen dilinde «Şasupa», «Taht» ýa-da «Tahta» diýlip hem atlandyrylýar. Häzirki döwürde agaçdan alynýan esasy gurluşyk çig maly bolan «tagta» hem şol sözden gelip çykan bolmaly.

Döwlet maslahatlary, gurultaýlar, dabaralar geçirende, kese ýurtly ilçiler we myhmanlar kabul edilende patyşa tagtda oturypdyr. Tagt düşünjesiniň esasyny düzýän patyşalyk kürsüsi, hökümdar ýurda aýlanmaga çykanda ýa-da ýörişlere gidende goşunyň ýany bilen hem äkidilipdir. Şeýle kürsüni türkmenler «tagty-rowan» diýip atlandyrýar ekenler.

Türkmenlerde tagtyň altyndan edilendigine, özi hem ony ýörite galyplarda guýma görnüşde ýasandyklaryna taryhy çeşmeler şaýatlyk edýär. 568-nji ýylda Wizantiýaly ilçiler Günbatar Göktürkmenleriň döwletiniň paýtagty Akdaga gelenlerinde, ýunan (grek) ilçilerini hökümdar Istemi han (554-576) altyn tagtda oturyp resmi taýdan garşylapdyr. Ýunan taryhçysy Menandr öz ýurtlarynyň ilçileri garşylananda «Dizawul [Istemi] altyndan ýasalan tagtda otyrdy» diýip

ýazmak bilen türkmen hökümdarynyň altyn tagtynyň bolandygyny belleýär.

Tagty her hili gymmat bahaly daşlar bilen bezäpdirler. Taryhy çeşmelerde patyşalaryň tagtyna merjen däneleriniň düzülendigi, göwher gaşlar bilen bezelendigi barada aýdylýar. Tagtda patyşalaryň oturýan ýeri, kürsüniň iki gapdalynda gol goýulýan ýerleri gymmat baha matalar, esasan ýumşak ýüpek we mahmal mata bilen örtülipdir. Asly nurdan bolan türkmen halkynyň nesilbaşysy Oguz hanyň asly Pygamberler kowmundan bolupdyr. Bu barada dünýäniň men diýen taryhçylary ummasyz köp mukdardaky maglumatlary galdyrypdyrlar. Aýratyn hem Juweýniniň, Reşideddiniň, Abulgazy hanyň we beýlekileriň işlerinde has hem jikme-jik maglumatlar berilýär. Olaryň ýazmagyna görä, türkmenleriň ata-babalary bolan oguzlar öz gözbaşyny Adam atadan alyp gaýdýarlar. Bu babatda Reşideddiniň hem-de Abulgazy hanyň berýän maglumatlary gyzyklydyr.

Beýik Biribar tarapyndan ýaradylandan soň, Adam ata ýer ýüzünde 1000 ýyl ömür sürüpdir. Adam atanyň tahallusy «Sefiulla» («Hudaýa çyn ýürekden berlen») bolupdyr. Adam ata aradan çykandan soň onuň yzynda 40 müň zürýady galypdyr. Ölmeziniň öňisyrasy ol ogly Sifi öz ornuna goýup gidipdir. «Sif» ýa-da «Gibýatulla» - «Hudaý beren» diýen manyny aňladýar. Sif 900 ýaşandan soň ornuny ogly Enosa miras goýup gidipdir. Enosyň «Sadyk» manysy bolup, ol «dogruçyl» diýen many aňladýar.

Enos 912 ýyl ýaşap, ýerine Kaýnany goýup, oňa köp öwütlerdir nesihatlary berip, dünýäden ötüpdir. Kaýnan 840 ýyl ýaşap, ornunda ogly Meleleýili galdyryp bakyýete gidipdir. Meleleýil adamlara öý gurmagy öwredipdir. Oňa çenli adamlar dag gowaklarynda ýaşaýar ekenler. Meleleýil adamlara nirede ýaşamak amatly bolsa ýer ýüzüne ýaýramagy, ekin-tikin ekmegi wesýet edipdir. Meleleýil 920 ýyl ömür sürüp, ornuna ogly Iýaredi goýup, bu dünýäden göç edipdir. Iýaret 960 ýyl ýaşapdyr. Ol ornuna ogly Enohy – «Idrisi» («Bilge») goýup

gidipdir. Beýik Taňry Idrisi pygamber edip belläpdir. Ol 82 ýyllap pygamberlik edenden soň gaýyp ötüpdir.

Idrisiň ornuny ogly Mafusal tutupdyr. Abulgazynyň ýazmagyna görä, Mafusalyň näçe ýaşandygy anyklanylmandyr. Ol dünýäden ötenden soň, onuň yzyny ogly Lameh dowam etdiripdir. Lameh hem köp ýyl ömür sürenden soň ornuny ogly Nuh pygambere galdyryp dünýäden ötüpdir.

Nuh pygamberiň üç sany ogly bolupdyr. Ol ogullaryndan Hamy – Hindistana, Simi – Eýrana, Ýafesi bolsa Turana – Türkmenistana iberipdir. Nuhuň özi ýaly, Ýafes hem pygamber hasap edilýär. Onuň 8 sany ogly bolupdyr: Türk, Hazar, Saklab, Rus, Miň, Çin, Keýmary, Taryk. Ýafes öz ornuna iň uly ogly Türki goýup, «Türküň hökümdarlygyny ykrar ediň, oňa boýun egiň» diýip wesýet edipdir. Türküň 4 ogly bolup, olaryň iň ulusy Tutuk atasynyň ornuna galypdyr. Rowaýata görä, Tutuk örän pähimli hem-de baý hökümdar bolupdyr. Ol taryhda ynsanyýete duz ulanmagy öwreden hökümdar hökmünde tanalýar.

Tutugyň hökümdarlygy ogly Ilçe hana, ondan hem agtygy Düýpbakuý hana («Düýp il ýaşulusy») miras galypdyr. Düýpbakuý hanyň ogly Gök han, agtygy Alynja han, çowlugy bolsa Gara handyr. Gara han Oguz hanyň kakasydyr. Bu döwürler Gara han Ulydagda, Kiçidagda ýazlapdyr, sowuk düşende bolsa Garagumda we Syrderýanyň boýlarynda gyşlapdyr.

Eger-de aýdylanlary bir ulgama düzmeli bolsa, onda Oguz hanyň şeýle şejeresi emele gelerdi. 1.Adam ata (1000) –2. Sif (920) –3. Enos (912) –4. Kaýnan (840) –5. Meleleýil (920) – 6.Iýaret (960) – 7.Enoh (82) – 8.Mafusal (?) – 9.Lameh (?) – 10.Nuh (950) – 11.Ýafes (250) – 12.Türk (?) – 13.Tutuk (240) – 14.Ilçe han (?) – 15.Düýpbakuý han (?)-16.Gök han (?)-17.Alynja han (?)– 18.Gara han (?) – 19.Oguz han (116).

Taryhçylaryň rowaýata öwrülip giden maglumatlaryndan görnüşi ýaly, türkmen kowmy müňlerçe ýýllap goja Zeminiň goýnunda agayana ýaşap, ömür sürüpdir. Hywa hany Abulgazy

(1605-1664) «Türkmenleriň nesil daragty», «Türki halklaryň nesil daragty» atly eserleri bilen meşhurdyr. Abulgazy han hakykatdan hem taryh barada örän köp zatlary bilýän adam bolupdyr. Üstesine-de, Sefewi türkmenleriniň üçünji paýtagty Yspyhanda on ýýl ýaşap (1623-1633) köp taryhy eserler bilen tanyşypdyr. Şu ýerde hakykatyň hatyrasyna bir zady bellemelidir: Abulgazynyň okan, öwrenen taryhy eserleriniň aglabasy mongollaryň agalygy döwründe ýazylan eserlerdi. Aýratyn hem Atamälik Juweýniniň (1226-1283), Reşideddiniň (1247-1318), Kazwininiň eserleri mongolparazlyk ruhunda ýazylan işlerdi. Abulgazynyň özi hem aslynyň Çingiz handan alyp gaýdýandygy sebäpli, ady agzalan işleri ýazmak üçin gürrüňi edilen ýazarlaryň eserleriniň ruhundan ugur alypdyr.

Reşideddiniň döwründe mongollarda aslyňy ýitirmek, türkileşmek we musulmanlaşmak güýçli depginde dowam edýärdi. Bu ýagdaý mongol hökümdarlaryny çykgynsyz güne we uly howsala salypdyr. Şonuň üçin hem mongol hökümdary Gazan han (1295-1304) öz ata-babalarynyň taryhyny ýazdyrmak üçin weziri Reşideddine buýruk beripdir. Hatsowady ýetik hem-de alym adam hökmünde, Reşieddin geçmişi bilýän mongol begzadalaryndan köp maglumatlary ýazyp alypdyr we mongollaryň taryhyny ýazypdyr. Emma Reşideddin mongollaryň şejeresini Gündogarda asyrlar boýy ýaşap hem höküm sürüp gelen türkmen we türki halklarynyň nesil daragty bilen birleşdiripdir. Şol sebäpden hem mongollaryň nesil daragtynda Pygamberleriň, şeýle hem Oguz han, Aý han, Gün han, Deňiz han ýaly türkmen şahslarynyň atlarynyň duşmagy ýöne ýerden däldir. Netijede, türkmen we türki asly bolmasa-da, türkmen we türki halklarynyň nesil daragtynda mongollaryň yzlaryny görmek bolýar. Mysal üçin, Abulgazynyň ady agzalan işlerinde Alança hanyň Mongol bilen Tatar atly ekiz oglunyň bolandygy barada aýdylýar. Özi hem, Abulgazynyň ýazmagyna görä, hamana Mongol Oguz hanyň atasymyş!

Mongollaryň türki halk däldigi dünýä taryh ylmynda bireýýämden bäri bellidi. Emma şu ýoýulma, nebsimiz agyrsa-da, asyrlar boýy dowam edip geldi.

Dünýä taryhynda geçmişi ýoýmaklyk diňe mongollar üçin häsiýetli bolman, bu ýagdaý köp halklaryň taryhynda-da bolan hadysadyr. Sebäbi täze döwlet dörände, hökümdarlar birinji nobatda häkimiýeti kanunlaşdyrmagyň esasy serişdesi hökmünde taryha ýüzlenýärdiler. Sebäbi täze dörän döwleti kanunlaşdyrmak, ony goňşulara we beýleki sebitdeş döwletlere ykrar etdirmek meselesi ýüze çykýardy. Döwleti we häkimiýete gelen täze nesilşalygy ykrar etdirmek, onuň tagta bolan hukugyny kanunlaşdyrmak üçin şejere görkezmeklik talap edilipdir. Has düşnükli edilip aýdylanda, täze dörän döwletiň gadymyýetini, döwlet guran halkyň taryhyny görkezmeli bolupdyr. Döwlet döreden halkyň öz oturan we döwlet guran ýurduna bolan eýeçilik hukugyny gazanmak hem möhüm meseledi. Şeýdip, täze döwleti, häkimýete gelen nesilşalygyň tagta bolan hukugyny kanunlaşdyrmalydy. Täze dörän döwletiň we şol döwletiň raýatlary bolup durýan halkyň topragyna daşyndan ýüze çykyp biläýjek dawa-jenjelleriň öňüni almalydy we aradan aýyrmalydy.

Kökleri we asly uzaga gitmeýän, öň dolandyryjy nesilşalyklary bolmadyk halklar, adatça öz şejerelerini beýik halklaryň şejeresi bilen sepleşdirýärdiler. Netijede toslama we ýasama şejereler döreýärdi. Muny Ýewropada we Aziýada taryhyň dürli döwürlerinde ýüze çykan döwletleriň geçmişi bilen ýakyndan tanyş bolnanda göz ýetirmek bolýar. Reşideddin bilen Abulgazy tarapyndan ýazylan, türkmenleriň we türki halklaryň aslyna sepleşdirilen - goşulan mongollaryň «nesil daragty» hem şeýle ýasama we toslama şejereleriň biridir. Sebäbi mongollaryň taryhyny olar bilen asyrlar boýy goňşy oturan hytaýlylar hem ýazypdyrlar. Hytaýlylar mongollaryň taryhy barada ençeme taryhy eserleri döredipdirler. Emma şol eserleriň iň naýbaşylary hasap edilýän «Ýuan çao-bişi» («Mongollaryň gizlin taryhy»), «Ýuan-şi» («Mongol

[nesilşalygynyň] taryhy») eserlerinde Pygamberleriňem, Nuhyňam , Oguz hanyňam atlary ýok!

Oguz hanyň ýokarda beýan edilen nesil daragtyndan görnüşi ýaly, hökümdarlyk hemişe atadan ogla geçipdir. Oguz hanyň döwründe iňňän gadym zamanlardan gelýän bu däp kämilleşdirilipdir we ösdürilipdir. Oguz hanyň nesihaty boýunça häkimiýet ýa-da tagt atadan ogla geçip bilşi ýaly, indi agasyndan inisine-de geçip bilipdir

Oguzlaryň däbine görä, tagta bolan hukuk atasyndan ogluna, agasyndan bolsa inisine geçip bilipdir. Seýle häkimiýet diňe bir türkmenlerde däl, eýsem dünýäniň aglaba milletlerinde-de kanuny hasap edilýär. Häkimýete hukugy bolmazdan, tagt eýelense, şeýle häkimiýet bikanun hasap edilýär. Bikanun häkimiýeti bolsa, ony beren Alla-da, bendeleri-de ykrar etmeýärler.

Dünýä taryh ylmynda tagty miras almak bilen baglanyşykly «gerontokratiýa» – «neberäniň ýaşulysynyň häkimiýeti» diýlip atlandyrylýan düşünje saklanyp galypdyr. «Gerontokratiýa» adalgasyny türkmen dilinde «arka häkimiýeti» diýlip atlandyrylsa has hem düşnükli bolardy. Sebäbi türkmenlerde «ýedi arka» bilen baglanyşykly gadymy dessur bar. Halkymyzda diňe bir häkimiýet meselesinde däl, eýsem garyndaşlyk gatnaşyklary hem şu dessur esasynda amala aşyrylýardy. Arka häkimiýeti boýunça tagt mirasdara, ata-ogul gatnaşyklary esasynda däl-de, aga-ini ýa-da neberäniň, arkanyň ýaşulusynyň hukugy dessury esasynda geçip bilipdir. Şu dessur boýunça tagta patyşanyň ogly däl-de, patyşalyk edýän neberäniň ýaşulusy geçýärdi. Adatça, häkimýetden giden patyşanyň inisi neberäniň iň ýaşulusy hasaplanypdyr. Ustesine-de, ol dowam edýän arkanyň, nesliň hem wekili bolupdyr. Şeýlelikde, tagtda oturyp hökümdarlyk etmeklik şu arka degişli hanzadalar gezekli-gezegine patyşalyk edip gutarýança dowam edipdir. Şundan soň tagt mirasy täze arkanyň nesilleri bolan şazadalaryň ygtyýaryna geçipdir.

Mälim bolşy ýaly, tagta eýe bolmaklygyň gerontokratiýa usuly giň ýaýran dessurlaryň biri bolupdyr. Bu usul Oguz hanyň dilinden aýdylýan «Şu tertipde aga barka ini agalyk etmesin, uly gardaş barka kiçi gardaş beg bolmasyn» diýen nesihata doly laýyk gelýär. Aýdylanlary halkymyzyň, şeýle hem dünýä taryhynda uly yz galdyran türkmen döwletleriniň taryhy subut edýär.

Gadymy türkmen döwletleriniň biri bolan Oguz türkmenleriniň beýik Hun döwletini ägirt uly imperiýa derejesine ýetiren Mete hanyň bu ugurda amal eden işleri nusga alarlykdyr. Dessur boýunça Mete hanyň häkimiýeti ogly Gök hana miras galypdyr. Sebäbi Mete hanyň ornuny tutup biljek gardaşlary bolmandyr. Gök handan soň häkimiýet onuň ogly Gün hana miras galypdyr. Diýmek, tagta eýe bolmaklyk Oguz hanyň häkimiýeti miras galdyrmak dessurynyň birinji usuly (atadan ogla) boýunça dowam edipdir. Ýöne, Gün handan soň, häkimiýet onuň ogluna däl-de, hanyň kiçi inilerine miras galypdyr. Sebäbi Gün hanyň inileri öz döwründe dowam edýän arkanyň ýaşulular bolupdyr. Täze nesiller häkimiýeti indi Oguz hanyň wesýet eden ikinji usuly boýunça (agasyndan inisine, uly gardaşyndan kiçi gardaşyna) miras alyp başlapdyrlar.

Ýokardaky çyzgy gadymy hunlaryň – oguzlaryň giçki döwründe häkimýetiň nähili tertipde miras ˡalnandygyny görkezýär. Bu ýerde-de häkimýetiň ýaşulylyk esasynda, başgaça aýdylanda, agasyndan inisine geçýändigi anyk görünýär. Seljuklar döwründe tagt mirasy galmaýan şazadalara uly welaýatlary mülk edip berýärdiler. Mülkleri soňra nesiden-nesle miras galdyryp bolýardy. Seljukly şazadalaryna berlen şol mirasdüşer mülkleriň esasynda soňra türkmenleriň Kermandaky, Yrakdaky, Rumdaky we Şamdaky döwletleri döredi.

Türkmenleriň bu dessuryny dünýäniň köp döwletleri oňyn nusga hökmünde kabul edipdirler. Kiýew Rusyny we Moskwa döwletini dolandyran Rýurikleriň nesilşalygy hem amatly

dessur hökmünde Oguz hanyň tagty miras galdyrmak tejribesini tä nesişalyk ýykylýança ulanypdyrlar. Orslarda asyrlar boýy dowam eden bu düzgüni meşhur taryhçy L.N.Gumilew «удельно-лествичная система» – «mülkdarlyk-basgançak (arka) ulgamy» diýip atlandyrýar. Bu düzgüni Rýuriklerden soň Orsýetde häkimýet başyna gelen Romanowlar (1613-1913) nesilşalygy ulanmandyr. Sebäbi Romanowlar özleriniň içeri we daşary syýasatynda Günbatara ýykgyn edýärdiler.

Arka häkimiýeti çylşyrymly, ýöne örän oňyn dessur bolupdyr. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň kemala gelmeginde, onuň kuwwatly imperiýa öwrülmeginde we şol döwrüň türkmen jemgyýetine laýyk gelýän döwlet gurluşynyň kemala gelmeginde Mete hanyň ägirt uly hyzmaty bardyr. Mete han (b.e.ö. 209-174) tarapyndan döredilen we ösdürilen bu gurluş döwleti berkidipdir. Elbetde, tagta eýe bolmagyň ösen ulgamynda nesilşalykdaky şazadalaryň ýaşynyň ulylygy kän bir hasaba alynmandyr. Sebäbi dolandyryjy nesilşalykda ýaşulylygyň çylşyrymly hasabaty ýöredilipdir. Şonuň üçin hem kähalatlarda täze doglan hanzada oglanjyk nesilşalygyň iň garrysyndanam «ýaşuly» bolupdyr.

Munuň özboluşly sebäbi bardyr. Käbir ýagdaýlarda hökümdaryň körpe ogly, onuň uly oglundan bolan agtygyndan birnäçe ýaş kiçi bolýardy. Emma ýaş şazada agasynyň oglundan ýaşy boýunça kiçi bolsa-da, derejesi boýunça ondan bir mertebe ýokarda durýardy. Sebäbi ol önki arkanyň, öňki nesliň dowamydy. Şazadanyň diňe bir uly agasynyň däl, eýsem beýleki agalarynyň ogullary hem täze arkanyň wekilleri bolupdyr. Şeýle ýagdaý ýüze çykanda, hökümdaryň körpe ogly, ýaşy kiçi bolsa-da, gürrüňsiz tagta eýe bolupdyr. Çünki onuň ata-babalaryndan gelýän neberäniň, öz arkasynyň ýaşulusy diýen derejesi bardy. Bir arka öňdäki nesliň sarpasy türkmenlerde häzir hem dowam edýär. Häzirki döwürde-de käbir adamlaryň agtyklarynyň ýaşynyň onuň körpe oglundan uly bolýan ýagdaýlary bolýar. Emma agtyklar kakasynyň inisi

bolup durandygy we bir arka öňdäki nesle degişlidigi üçin, ýaşy kiçi bolsa-da, oňa «ýaşuly» hökmünde uly sarpa goýýarlar.

Ýaşululyk ýa-da arka usuly boýunça häkimiýetiň miras galdyrylmagy şazadalaryň isleglerini doly kanagatlandyrypdyr. Adatça, häkimiýet atadan ogla geçende, hökümdaryň miras düşmeýän beýleki ogullary nägile bolýardylar. Üstesine-de, nägile şazadalary ýurduň içindäki käbir matlaply syýasy toparlar hem goldaýardylar. Şunuň esasynda bolsa döwletiň içinde häkimiýet ugrunda özara uruşlar ýuze çykýardy. Tagt arka häkimiýeti esasynda miras galanda, beýle zatlar bolmaýardy. Sebäbi hökümdarlyk gezekli-gezegine, bir şazadadan beýleki bir şazada, dawa-jenjelsiz geçýärdi. Bu hakykatdan hem döwletiň ýaşaýşynyň belli-belli döwürlerinde adalatly düzgündi, döwletiň asudalygyny üpjin edýän, dolandyryjy nesilşalygyny biragza birikdirýän dessurdy.

Tagty ata-baba ýörelgeler esasynda miras almak dessury Göktürkmenleriň döwleti döwründe has hem kämilleşdirilipdir. Bu türkmen döwletiniň taryhynda häkimýet agasyndan inisine, uly gardaşyndan kiçi gardaşyna miras galypdyr. Aýdylanlary aşakdaky çyzgy hem tassyk edýän bolsa gerek.

Dykgat bilen üns berlende Seljuk türkmenleriniň şejere daragtynda-da «mülkdarlyk-arka ulgamynyň» ýa-da neberäniň ýaşulysynyň häkimýetiniň yzlaryny görmek bolýar. Tagty eýelemegiň bu usuly seljukly neslinden bolan soltanlara Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda asyrlar boýy hökümdarlyk etmäge mümkinçilik beripdir. Türkmenleriň Beýik seljuk, Kerman seljuk, Şam seljuk, Yrak seljuk we Rum seljuk döwletleriniň ýüze çykmagy we olaryň kuwwatly döwletlere öwrülmegi hut şu ulgamyň ulanylmagynyň esasynda boldy.

Osmanly türkmen döwletinde Oguz hanyň tagty miras galdyrmak dessurynyň iki usuly hem ulanylypdyr. Döwletiň güýçlenýän we giňeýän döwründe häkimiýet atadan ogla,

kuwwatly döwlete öwrülenden soň bolsa agasyndan inisine geçipdir. 1299-njy ýylda Osman Gazy tarapyndan döwlet esaslandyrylandan soň, osmanly tagty tä Muhammet III (1595-1603) döwrüne çenli diňe atadan ogla, soňra bolsa uly agasyndan inisine geçipdir. Muhammet III tagtdan gidenden soň, häkimiýet ilki onuň uly ogly Ahmet I (1603-1617), onuň yzyndan bolsa, kiçi ogly Mustapa I (1617-1628) miras galypdyr. Mustapa I soň häkimiýet ýene-de agasy Ahmet I ogullary Osman II, Myrat IV we Ybraýyma geçipdir. Ýöne, häkimiýet indi Ybraýymyň ogullary Muhammet IV, Süleýman II, Ahmet II miras galypdyr. Osmanly nesilşalygynyň on ýedinji arkasy bolan Mustapa II (1695-1703) häkimýeti, inisi Ahmet III (1703-1730), ondan soň bolsa, onuň uly agasy bolan Mustapa II ogullary Mahmyt I (1730-1754) we Osman III (1754-1757) geçýär. Osman III soň tagt ýene-de Ahmet III ogullaryna geçipdir.

Tagty miras galdyrmagyň Oguz han tarapyndan wesýet edilen dessurlarynyň yzlaryny beýleki köpsanly ownukly-irili türkmen döwletleriniň ählisinde diýen ýaly görmek bolýar.

Türkmenlerde başarjaň han-begleri saýlaw ýoly bilen hem tagta çykarypdyrlar. Emma saýlaw esasynda tagta, birä döwletiň gowşan mahaly, birem halkyň dagynyk döwründe eýe bolnup bilnipdir. Sebäbi ýurt üçin, halk üçin çylşyrymly pursatlarda döwletiň hökümdarlygyna başarjaň adamlary getirmek zerurlygy ýüze çykypdyr. Şunda häkimýete gelýaniň diňe bir ata-babalarynyň türkmen tagtyna eýe bolup bilmek hukuklary nazara alynman eýsem, tagta gelýäniň şahsy sypatlarynyň hem uly ähmiýeti bolupdyr.

Türkmeniň meşhur serkerdesi hem-de hökümdary Nedir şa (1736-1747) hem häkimiýete saýlaw ýoly bilen gelen hökümdardyr. Nedir şanyň häkimýete gelen döwri türkmen hökümdarlygynyň uly kynçylyklara sezewar bolan yyllarydy. Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy diýseň gowşapdy. Mundan bolsa owgan taýpalary peýdalandy we türkmen döwletiniň ýerleri kesekiler tarapyndan eýelendi. Ýurtda

türkmenleriň awşar taýpasyndan bolan Nedir hanyň baştutanlygynda owganlara garşy azadedijilik urşy başlady. Netijede, 1736-njy ýyla çenli Nedir han owganlary ýurtdan kowup çykardy we olaryň özlerini hem türkmen hökümdarlygyna tabyn etdi.

Nedir şa Türkmeniň hökümdar saýlanyşy örän gyzyklydyr. Bu barada taryhçylar Mürze Mäti han, Muhammet Kazym, şyh Muhammedaly Hazin we ermeni patriarhy, katolikos Abram Kretasi gymmatly ýazgylary galdyrypdyrlar. Türkmenleriň şasyny saýlamak üçin gurultaý geçirmek karar edilýär. Gurultaýy türkmenleriň ata-baba ýaýlagy bolan Mugan çölünde geçirilipdir. Gurultaýa uly din wekilleri, metjitleriň ymamlary we kazylar, ermenileriň din wekilleri, hanlar we täsipli begzadalar, çarwa taýpalaryň serdarlary, şäherleriň galandarlary hatda şaher mähelleleriniň we obalaryň kethydalary hem çagyrylypdyr. Heniz görülmedik bu uly ýygnanyşyga 20 müň adam çözüji ses bilen gatnaşypdyr. Netijede, Mugandaky gurultaýy guramaçylykly geçirmek, oňa gatnaşyjylara hyzmat etmek üçin getirilen adamlary hem hasap edeniňde, jemi 100 müň adam ýygnanypdyr. Şunça mukdardaky adamlary ýerleşdirmek üçin 12 müňe barabar wagtlaýyn öýler, şol sanda metjitler, hammamlar, we bazarlar gurlupdyr.

Mugandaky gurultaý 1736-njy ýylyň ýanwarynda açylypdyr. Şol ýlyň 21-nji martynda – Täze ýylyň bosagasynda, Nedir şa hökümdar saýlanypdyr. Şalyga göterilen Nediri türkmenleriň gadymy däbi boýunça, ak atkeçä mündüripdirler we soňra ýörite taýýarlanyp goýlan tagtda oturdupdyrlar Ýeri gelende aýtsak, 552-nji ýylda göktürkmenleriň hökümdary Bumyn han, sarahsly türkmenleriň serdary Gowşut han hem hanlyga göterilende ak atkeçä mündürilipdir. Mugandaky gurultaý Nedir şany hökümdar saýlamak, täze saýlanan şanyň adyndan gurultaýa gatnaşyjylaryň ählisine sowgat-serpaý gowşurmak bilen tamamlanypdyr.

Geň-enaýy wakalara baý, özboluşly türkmen taryhynda her hili dessurlar – düzgünler bolupdyr. Türkmeniň baý gemişinde

zenan patyşalar hem bolupdyr. Muňa mysal edip türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan massagetleriň hökümdary Tomiris – Tumarlynyň (b.e.ö. VI a.), saklaryň hökümdary Zarinanyň (b.e.ö.VI a.) atlaryny görkezmek bolar.Yslam dininiň oňlamaýandygyna garamazdan, tagt türkmenlerde musulmançylyk döwründe han neslinden bolan aýal-gyzlara-da miras galdyrylyp bilnipdir. Türkmen taryhynda tagta eýe bolan zenanlar bir ýa-da iki däl. Taryhy çeşmeler şindi oguzlaryň zamanynda Altyn Gözgi (Salyr Gazan alpyň aýaly), Barçyn Salyr, Şabaty hanym (Gaýa bayň gyzy, Çowdur alpyň aýaly), Günün Görkli, ýene-de bir Günün Görkli, Gerçebolady hanym (Alp Arslanyň gyzy), Kugatly hanym (Kynyk baýyň gyzy) ýaly zenan hökümdarlaryň bolandygyny habar berýärler. Türkmen taryhynda uly yz galdyran zenan hökümdarlaryň hatarynda Rumdaky Seljuk türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Gylyç Arslan II (1156-1188) gyzy, Kaýseriniň hökümdary Göwher Hatynyň, Saltyklar begliginiň hökümdary Mama Hatynyň (1191-1201), türkmenleriň Delidäki döwletiniň patyşasy Iltutmuş soltanyň gyzy Radiýa Hanymyň (1236-1240), Kermandaky Gutlug han türkmenleriniň hökümdary Gutlug Hatynyň (1257-1282), ady agzalan döwleti 1293-1295-nji ýyllarda dolandyran Patyşa Hatynyň, Parsdaky Salyr türkmenleriniň döwletiniň iň soňky hökümdary Abyş Hanymyň (1263-1287) atlaryny görkezmek bolar. Ýöne, bu däp tagty saýlaw ýoly bilen miras almak usuly bilen birlikde, halkymyzda hemişelik dessura öwrülmändir.

Türkmeniň Oguz handan miras galan tyllaýy tagty hakyndaky gürrüňlerden mälim bolşy ýaly, halkymyzyň beýleki nusgawy dessurlary bilen bir hatarda, mirasdüşerlik hukugy hem milletimiziň özboluşly däpleriniň biri bolupdyr. Asyrlaryň dagynyklygyndan we döwletsizliginden soň Garaşsyz hem baky Bitarap türkmen döwletiniň döredilmegi bilen, ýurdumyzyň dolandyryş ulgamynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän, many-mazmuny millilige ýugrulan bütinleý täze dolandyryş nusgalyklary kemala geldi.

## EDEBIÝAT

**Esasy:**


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
13. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.

15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
17. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
18. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
21. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
22. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
23. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýzgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. - Aşgabat, 2007.

**Goşmaça:**

1. Ближний и Средний Восток (История, культура, источниковедение). Сб.ст. М., 1968 г.
2. Игорьев А.П. Монгольская дипломатия XIII-XV вв. (Чингизидские жалование грамоты) М., 1978 г.
3. Историография и источниковедение истории стран Азии и Африки. Сб. ст. М., 1965 г.
4. Историография и источниковедение стран Зарубежного Востока, Дальнего Востока и Юго-Восточной Азии. М., 1967 г.
5. Источниковедение и текстология средневекого Ближного и Средного Востока М., 1981 г.
6. Китайские документы из Дунхуана (IV-XI вв). М. 1961 г.

7. Современное зарубежное источниковедение. М., 1983 г.
8. Мункуев Н.Ц. Китайский источник о первых монгольских ханах. М.1974.
9. Познер П.В. Древний Вьетнам. М. 1980 г.
10. Познер П.В. Древний Вьетнам Проблемы летоисания. М. 1980 г.
11. Мухаммед Казим. Намеи аламараи Надири (Мироукрашающая надирова история) М. 1966.
12. Тарихи Систан. М. 1964.
13. Эвлия Челебе Книга путешествии. М. 1972.
14. Ибн Джубайр. Путешествие М. 1961.
15. Ибн Хордадбех. Книга путей и стран. М. 1955.

**Ders boÿunça taryh ylymlarynyň kandidaty J. Annaorazowyň ýazan makalalary.**

1. Apatyň girdaby. // Esger. 2003, 27-nji noÿabr, 4-nji dekabr.
2. Synmaz galanyň syndyrylmagy. // Esger. 2003,1-8-15-nji maÿ.
3. Bilge han Türkmen.// Edebiýat we sungat. 2002, 8-nji noÿabr.
4. Bumyn han Türkmen.// Edebiýat we sungat. 2002, 27-nji sentÿabr.
5. Türkmeniň Çyn-Maçyndaky taryhy çeşmeleri.// Edebiýat we sungat. 2002, 6-njy dekabry.
6. Türkmeniň Erem bagy.// Edebiýat we sungat. 2004, 2-9-16-njy iÿul.
7. Ermeni topragynda türkmen yzlary.//Edebiýat we sungat. 2004, 24-ji sentÿabry.
8. Genji – hazynaly Genjewi.// Edebiýat we sungat. 2004, 4-11-nji iÿun.
9. Gadymy golýazma sungatymyz.// Edebiýat we sungat. 2004, 23-30-njy aprel
10. Türkmeniň daşa ýazylan taryhy.// Edebiýat we sungat. 2002, 27-nji dekabry.
11. Kätip kemalyýeti.// Edebiýat we sungat. 2003, 14-nji marty.
12. Ne matadyr harjy segsen…// Edebiýat we sungat, 2004, 10-njy dekabr.
13. Türkmeniň hökümdar gyzy Mama Hatyn hakda hekaýat.// Edebiýat we sungat. 2004, 5-nji noÿabry.
14. Mete han.// Edebiýat we sungat. 2002, 19-njy iÿuly.
15. Müsürde tagt guran türkmenler.// Edebiýat we sungat, 2005, 1-nji ÿanwary.
16. Sefewiler döwrüniň türkmen taryhçylary.// Edebiýat we sungat. 2004, 12-19-26-njy marty.
17. Türkmen serkerdesi Salaheddin.// Edebiýat we sungat. 2004, 23-nji ÿanwar.
18. Mähir siňen şekiller. // Edebiýat we sungat. 2003, 5-nji dekabry.

19. Mertler meýdan içinde.// Edebiýat we sungat, 2005, 10-njy ýanwar.
20. Ýedi derýaň aňyrsyna syýahat. (Türkmen taryhçysy we diplomaty … Don
21. Huan). //Edebiýat we sungat. 2004, 13-nji fewraly.
22. Ne tütjardyr borjy segsen. .// Edebiýat we sungat. 2005, 25-nji fewral.
23. Döwlet gursaň türkmeni çagyr. // Edebiýat we sungat. 2005, 29-njy apreli.
24. Unudylan serkerde. // Edebiýat we sungat. 2005, 29-njy iýuly.
25. Türkmeniň tylla tagty.// Edebiýat we sungat. 2005, 17-nji iýuny.
26. Bahyr wezirimdir, köňülde şadym...//Edebiýat we sungat. 2005, 27-nji maý.
27. Ruhuň gudraty.// Edebiýat we sungat. 2005, 28-nji oktýabry.
28. Zeberdest gollary zorly türkmensiň.//Edebiýat we sungat.2005,25-nji noýabr.
29. Mahmyt Gaznalynyň döreden dili.// Edebiýat we sungat. 2005, 23-nji dekabr.
30. Owazyň Çyn-Maçyn daglar aşasy.//Edebiýat we sungat.2005,16-njy sentýabr
31. Pereňde Gyratyň owazy geldi.//Edebiýat we sungat.2006, 6-njy ýanwary.
32. Yşkym şalyk sürüp...//Edebiýat we sungat.2006, 10-njy fewraly.
33. Söz bagynyň bilbili.// Edebiýat we sungat. 2006, 17-nji marty.
34. Geçirdiň halyfy Bagdat tagtyna. // Edebiýat we sungat. 2006, 21-nji aprel.
35. Şäher gurup, gala gurup, kent gurup// Edebiýat we sungat. 2006, 9-njy iýun.
36. Parlaryň parlak poemasy. // Edebiýat we sungat. 2006, 28-nji iýuly.
37. Çawly ady Şama, Şarka ýaň salan. // Edebiýat we sungat. 2006, 15-nji aprel.